# ÖWRENILÝÄN DILIŇ ÝURDUNYŇ TARYHY ( ANGLIÝANYŇ TARYHY )

**Aşgabat – 2010**

**J. Hatamow, G. Karly, J. Gurbangeldiýew, M. Akmyradow. Öwrenilýän diliň ýurdunyň taryhy (Angliýanyň taryhy).** Ýokary okuw mekdepleriniň iňlis dili we edebiýaty hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. - Aşgabat, 2010.

Dünýä taryhy kafedrasynyň uly mugallymy O.Aşyrowyň ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi.**

**© J.Hatamow, G.Karly, J.Gurbangeldiýew, M.Akmyradow**
**© Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**
**© S.Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty**
**© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty**

# Giriş

«Angliýanyň taryhy» okuw gollanmasy Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň daşary ýurtlar dilleri fakultetiniň iňlis dili we edebiýaty hünäriniň okuw maksatnamasy esasynda yerine ýetirildi. Ol Angliýanyň gadymy taryhyna, orta asyrlar, täze we iň täze taryhyna bagyşlanýar. «Angliýanyň taryhy» okuw gollanmasynda Günbatar Ýewropa döwletlerininiň taryhyna degişli käbir maglumatlary hem öz içine alýar.

Gollanmada Angliýanyň orta asyr taryhy beyän edilende, onuň syýasy wakalary serhetdeş ýurtlaryň wakalaryny hem öz içine alýar.

Angliýanyň taryhy kursy şu aşakdaky döwurleri öz içine alýar:

- *orta asyrlar taryhy* (V - XVII a. ikinji yarymyna çenli), ýagny bazar gatnaşyklaryň döräninden, feodal jemgiyetiň ösüşinden, onuň dargamagyna we has ösen buržuaz jemgyýetçiligiň, ykdysady we syýasy şertleriniň döreýşini öz içine alýar. Orta asyrlar taryhy – adamzadyň gadymy dünýä taryhyndan soň ikinji döwrüdir. Orta asyrlar döwri gadymy hem-de täze taryhyň aralygynda ýatan 1500 ýyldan gowrak döwri öz içine alýar. Ýewropada orta asyrlar döwüniň ýüze çykmasy V asyryň ahyrlaryndan Rim imperiýasynyň ýykylmagy hem-de Ýewropada düýbünden täze döwletleriň peýda bolup ugramagy bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem Gaýtadan döreýiş eýýamynyň öňdebaryjy adamlary XVI asyrdan başlap, adamzadyň taryhynda täze döwür başlanýar diýip belläpdirler. Sebäbi olar V asyryň ahyrlaryndan, XVI asyra çenli aralykdaky döwri yza galaklygyň, nädogry düşünjeleriň agalyk eden, çozuşlaryň we uruşlaryň döwri hasaplanylýar.

Gadymy döwürde gurlan ajaýyp ybadathanalaryň, köşkleriň ýumrulan, antiki döwrüň filosofiýasynyň ýatdan

çykarylan we latynça geplemegiň unudylan döwri diýip hasap edipdirler. Şonuň üçin hem Gaýtadan döreýiş döwrüniň alymlary şol döwri «Orta asyrlar» diýip atlandyrypdyrlar.

Orta asyrlar eýýamy gadymy dünýä eýýamyndan has gysgadyr. Antiki eýýamyň harabalyklarynda kem – kemden täze jemgyýetçilik gurluşy ýüze çykyp, täze has kämil jemgyýet kemala gelýär. Bu «irki orta asyrlar» döwri bolup, ol V asyryň ahyrlaryndan XI asyryň ahyrlaryna çenli dowam edipdir. Ondan soň, orta asyrlaryň iň ösen döwri başlaýar. Şonuň üçin hem ol «ösen orta asyrlar» diýlip atlandyrylýar. Bu döwür XIV asyryň ahyrlaryna çenli dowam edýär. Orta asyrlaryň soňky döwri «giçki orta asyrlar» diýlip atlandyrylyp, ol XV–XVII asyryň ortalaryna çenli döwri öz içine alýar. Bu döwürler Ýewropada orta asyrlar döwriniň tamamlanýan wagtydyr.

- *täze taryh* (XVII a. ikinji yarymy – XIX a.), ýagny bazar - ykdysady gatnaşyklarynyň döreýşini we berkitmegini öz içine alyar. Dünýä taryhynyň orta asyrlar döwründen soň başlanýan eýýamyna Täze taryh diýip at berýärler. Bu döwri Täze taryh diýip atlandyrsalar-da, onuň başlaryna çenli (takmynan XVII asyryň ortalary) dünýä ýurtlarynyň we yklymlarynyň ösüş derejesi dürli-dürlidir. XVII-XIX asyrlarda täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklar diňe Ýewropanyň we Demirgazyk Amerikanyň ösen ýurtlarynda berkarar bolupdyr. Bu döwürde ýewropalylar taryhy ösüşde dünýäniň beýleki yklymlaryndan öňe saýlanmagy başardylar. Olar öz serhetlerinden çykyp, dört ummanyň giňişliklerinde ýüzüp, öňki açylmadyk ýerleri özleşdirýärdiler.

Ýewropada ylmyň, tehnikanyň ösmegi netijesinde Täze taryhda önümçilik gatnaşyklary üzül-kesil üýtgedi, ykdysadyýetde täze pudaklar peýda boldy. Bu döwürde tehnikanyň gazananlarynyň köp ulanylyp başlanandygy üçin Täze taryh döwrüni «maşyn asyry» diýip hem atlandyrýarlar.

Alymlaryň arasynda «Täze taryhyň» haçan başlap, haçan gutarandygy barada dürli pikirler öňe sürülýär. Muňa garamazdan, Täze taryhyň başlanýan döwri hökmünde Iňlis buržuaz rewolýusiýasy esas edilip alyndy. Bu döwrüň gutarýan wagty hökmünde bolsa XX asyryň başy kabul edildi. Täze



taryhyň şeýle wagt çäginde seneleşdirilmeginiň öz sebäpleri boldy. Çünki iňlis buržuaz rewolýusiýasyndan soň diňe bir Angliýada däl, eýsem Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda hem täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklar kemala geldi. Bu bolsa adamzat taryhynyň ösüşinde täze döwrüň başlanýandygyny aňladýardy.

Taryhçy alymlar Täze taryhy öz içinde iki döwre bölýärler:

- birinjisi, XVII-XIX asyrlaryň ortalary,
- ikinji döwri bolsa XIX asyryň ikinji ýarymyndan XX asyryň başlaryna çenli döwürler.

Täze taryhyň esasy aýratynlyklarynyň biri-de, XVIII asyryň ahyrynda - XIX asyryň başynda Angliýada senagat öwrülüşigi bolup geçdi. Bir ýurduň çäginde bolup geçen bu jemgyýetçilik hadysasy soňra Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň ösüşine ägirt uly täsir etdi. Senagatyň ösüşi Ýewropa sebitinde oba hojalygynyň ösüşine hem öz täsirini ýetirdi. XIX asyryň ahyrynda Ýewropa ýurtlarynda we ABŞ-da industrial siwilizasiýa kemala geldi we onuň hereketlendiriji güýji tehniki ösüş bolup hyzmat etdi.

Täze taryh Ýewropanyň we Amerikanyň öňde barýan ýurtlarynda önümçilik gatnaşyklarynda iri maýa goýumlarynyň emele gelmegi hem-de berkleşmegi bilen häsiýetlendirilýär. Ýewropa döwletleriniň içinde Angliýa, Ispaniýa, Portugalýa, Gollandiýa, Fransiýa, soňra Germaniýa, Awstro–Wengriýa, Russiýa ýaly uly ýurtlar dünýäniň dürli sebitlerinde köp ýerleri basyp alyp, ägirt uly baknadar döwletlere öwrüldiler.

- *iň täze taryh* XX-XXI asyrlardaky esasy wakalary, dünýä taryhynda Angliýanyň eýeleýan ornuny kesgitleýär.

Okuw gollanmasynda Angliýanyň orta asyrlar we täze taryh döwri G. Karly we M. Akmyradow tarapyndan, iň täze

taryh döwri bolsa J. Hatamow, J. Gurbangeldiýew tarapyndan ýazyldy.

Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň birleşen korollygy Günbatar Ýewropada ýerleşen döwlet bolup, konstitusion monarhiýadyr. Ol Britan adalarynda ýerleşýär. Materik Ýewropasyndan Demirgazyk deňzi, Pa-de-Kale we La-Manş bogazlary arkaly bölünýär. Onuň düzümine Beýik Britaniýa[1] adasyndaky Angliýa, Şotlandiýa, Uels adalary hem-de ululygy boýunça ikinji uly ada bolan Irlandiýanyň demirgazyk bölegi degişlidir. Ýurduň umumy meýdany 244 müň inedördül kilometrdir (ululygy boýunça dünýäde 77-nji ýerde). Ilaty 2009-njy ýylyň hasaby boýunça 61 mln adamdan gowrakdyr. Döwlet baştutany korolewa Ýelizaweta II-dir.



## I. Angliýa IX–XI asyrlarda

**1.** Arheologik maglumatlar bize Britan adalarynyň iň gadymy ilatynyň, biziň eramyzdan ozal III müňýyllykda mesgen tutan iberileriň bolanlygyny aýytmaga mümkinçilik

[1] «Britt» etnoniminden

berýär. Olar esasan Kornuolyň, Irlandiýanyň raýonlarynda we Uelsi hem Şotlandiýanyň, boýunda ýerleşipdirler. Şeýlelikde, elbetde, iberiler Britan adalarynyň häzirki zaman ilatynyň esasyny goýanlaryň biri boldular. Iberiler galapyn Solsberi düzlüginden başlanýan baýyrlyklaryň eňňitlerinde ýerleşipdirler. Şu çaka çenli olaryň ýollary, Angliýanyň taryhynda iň gadymy bolup, has meşhurlary bolan Piligrimm we Iknild ýaly ýollary saklanyp we ýollaryň boýunda tegelek daş gurluşyklary ýerleşipdir. Şolaryň göwrümi we ajaýyplylygy bolsa, iberileriň köp sanly hem-de oňat guramaçylykly halk bolanlygyna şaýatlyk edýär. Ilat esasan oba hojalygy bilen meşgul bolupdyr. Olaryň esasy guraly bolsa kätmen bilen pil bolupdyr. Iberileriň sosial gurluşy barada uzynlygy 60 metre ýetýän mazar depeleri şaýatlyk edýär. Eýýäm şular synpy gatlaklara bölünişigiň başlanandygy barada şaýatlyk edýär. Çünki gazyp agtaryşlar bezegli mazarlaryň barlygyny subut etdiler. Megerem, şol mazarlarda serdarlar we tanymal adamlar jaýlanandyr diýlip çaklanylýar. Şonuň üçin adamlaryň uly toparynyň zähmetiniň ýokary gatlagyň peýdasyna ulanylmagyna mümkinçilik dörändigi barada netije çykarmak bolýar. Arheologik gazuwlaryň netijesinde ýüze çykarylan gurallar we öý gap-çanaklary iberileriň materik bilen, hususan hem, Ispaniýa, şeýle-de Ortaýer deňziniň kenarýaka ýurtlary bilen deňiz we kerwen söwdasynyň alnyp barlandygyna şaýatlyk edýär.

Biziň eramyzdan ozalky II müňýyllykda, Günorta-Gündogardan hem Gündogardan Britaniýa – gündogar Angliýa boýunça hem-de Temzanyň jülgesi boýunça ýokarlygyna, alp toparyna girýän täze halk güýç bilen çozup girýärler. Özüniň medeniýeti boýunça alplylar we tiz wagtda olar bilen gatyşypdyrlar. Din hyzmatçylary bu meselede ep-esli orun oýnapdyrlar. Oba hojalygynyň, söwdanyň, şäherleriň ösmegi

bilen aýry-aýry urug-taýpa serdarlary welaýatlaryň üstünden ýokary häkimlige göz gyzdyrýardylar.

Angliýany rimlileriň basyp almaklygy-da şu döwre degişlidir. Rim serkerdesi Gaý Ýuliý Sezar biziň eramyzdan ozal 55-nji ýylda Galliýany gutarnykly basyp alypdyr we öz legionlary bilen Britaniýa güýç bilen girýär. Bu ýurda çozup giren Ýuliý Sezar hem ykdysady, hem strategiki maksatlary yzarlapdyr:

1. Britaniýa, ylaýta-da onuň günorta bölegi talaňçy rim täjirlerini we süýthorlaryny baý ýerleri we galaýysy bilen özüne çekipdir.

2. Britaniýa gallary ykdysady hem harby kömegi berip, Rime garşy hereketiň merkezi bolup hyzmat edipdir.

Şeýlelikde, biziň eramyzdan öň 55-nji ýylyň tomsunda we 54-nji ýylda iki sany rim goşuny Britaniýa güýç bilen giripdir we Angiýanyň esasan günortasyndaky territoriýany eýeläpdirler. Şu ýerde gallaryň hem şäherleriň gurluşygy başlanypdyr. Günorta-Gündogar Britaniýa ykdysady taýdan ösýär we, hat-da käbir şäherleri raýat öz-özüňi dolandyryşy bilen rim raýat hukuklary bilen munisipiýa öwrülýärler.

Rimlileriň Beýik Britaniýadaky agalygy 460 ýyla golaý dowam edipdir. Ýerli ilat olara gazaply garşylyk görkezipdir we rim garnizonlaryny ençeme gezek derbi-dagyn edipdirler. Mysal üçin, biziň eramyzyň 60-njy ýylynda Günorta Angliýanyň isenleriniň Boadiseýiň ýolbaşçylygynda üç sany uly şäheri, şol sanda London şäherini alanlygy hem-de weýran edendigi bellidir. Munuň üstesine-de bu döwürde ýeke bir Irlandiýa däl, eýsem Şotlandiýa, Uells we Kornuoll hem öz garaşsyzlygyny doly sakladylar. Ýerli taýpalar we gündogardan gysylyp çykarylan brittler taýpa birleşmelerini döredipdirler we ýene uzak wagt öz garaşsyzlygyny gorapdyrlar.

Emma ýurduň ägirt uly, soňra aslyýetinde Angliýanyň özi bolup galan çäklerini *anglosakslar* basyp alypdyrlar hem şol

ýerlere göçüp barypdyrlar. Basylyp alnan etraplarda *kelt* ilaty az galypdyr: bir bölegi ýok edilipdir, beýlekisi bolsa günbatara gysylyp çykarylypdyr, üçünjisi kontinente Bretani /Armorika/ etrabyna – Fransiýanyň günbatar çetine barypdyrlar. Nähili bolanlygynda hem, ähli anglosakson basyp alyş zolagynda kem-kemden assimilleşen kelt ilaty galypdyr.

**2.** VII asyryň başlaryna çenli german korollyklarynyň birikdirilip ulaltmalary bolup geçýär. Aslyýetinde, Angliýanyň öz çäginde ýedi sany döwlet emele gelýär:

1. Uesseks — günbatar sakslarynyň korollygy /Angliýanyň Günorta-Günbatary/.
2. Sesseks — günorta sakslarynyň korollygy /Angliýanyň Günortasy/.
3. Esseks — gündogar sakslarynyň korollygy /Angliýanyň Günorta-Gündogary/.
4. Kent— ýuttlaryň korollygy /Esseks bilen Sesseksiň aralygynda/.
5. Gündogar Angliýa /angllar/.
6. Nortumbriýa — angllaryň korollygy /Angliýanyň demirgazygy/.
7. Mersiýa — gatyşyk ilatly merkezi Angliýa.

Bu ähli korollyklar Ýewropa kontinentinde franklaryň, burgundlaryň, westgotlaryň we başgalaryň edil şular ýaly döreden irki döwür feodal döwletleri bolupdyr.

Korollyklar emele gelenden soň, birek-biregiň arasynda agalyk etmek ugrunda gazaply göreş bolupdyr. VII–VIII asyrlarda ol gezekme–gezek Nortumbiýa we Mersiýa geçýär. VII asyryň ortasyndan birinjilik günorta korollyklarynyň birine – Uessekse /paýtagty Winçester/ geçýär. Günortany /Sesseks, Esseks, Kent/ tabyn edip, Uesseks korollary IX asyryň başlarynda Mersiýanyň we Nortumbriýanyň görkezen garşylygyny syndyrýarlar we 829-njy ýylda tutuş Angliýany birleşdirýärler.

VI asyrdan başlap anglo-sakslaryň arasynda hristiançylyk dini aralaşýar. Bu ýerde iki sany bäsdeşlik edýän ugur — akym emele gelýär.

1. Grek, prawoslaw buthanasy bilen bagly bolan irland ugry;

2. Katoliki Rimden bolan missionerleriň esaslandyran rim ugry. Bularyň soňkusy ýeňiş gazanmagy başarypdyr. Sebäbi ol has merkezleşdirilen we aristokratik häsiýetde, şeýle hem täsirli syýasy güýç hökmünde ulanylypdyr.

**3.** IX asyryň başlarynda anglo-sakslar Britaniýanyň territoriýasyna birsyhly güýç bilen aralaşýan daniýalylar we normanlar bilen uzaga çeken we agyr göreşler başladylar. Bu göreş 300 ýyl dowam edýär. Daniýalylaryň we normanlylaryň ep-esli bölegi ýurduň demirgazyk-gündogar böleginde mesgen tutupdyr. Olar günorta-gündogar Angliýa hem çozuşlary gurapdyrlar. Daniýalylaryň üstünlikleri Anglosakson feodallarynyň arasyndaky özara oňşuksyzlar, daniýalylaryň we normanlaryň harby artyklygy bilen düşündirilýär.

Skandinawiýada köp demir magdan çykarylýan ýerleri bolupdyr. Bu bolsa basybalyjylaryň ýeterlikli derejede söweş paltalary, uzyn gylyçlary, demirden ýasalan jullary we demir galkanlary bolupdyr. Köp kürekli gämiler 100-e çenli urşujyny ýerleşdirilipdir. Belli bir ýerleri eýeläp, olar dessine daşyna agaç haýat aýlanan berkitmeleri gurupdyrlar. Anglosakslaryň esasy ýaragy drotikler (kelte naýzalar), gysga gylyçlar, sowutlary bolup, olar köpüsi gaýyşdan bolupdyr. IX asyryň 60-njy ýyllarynyň aýaklarynda Angliýanyň ep-esli bölegi daniýalylaryň elinde bolupdyr. Bu çozuşlardan anglosakslara daniýalylar bilen göreşde baştutanlyk eden günbatar sakslaryň korollygy – Uesseks hemmesinden az zyýan çekipdir.

Özara uruşlaryň iň dartgynly döwri korol Alfred Beýigiň /871–900/ dolandyran döwrüne gabat gelýär. Ondan öňki korol daniýalylar bilen göreşde wepat bolupdyr. Eýýäm ilkinji edara

eden ýyllarynda Alfred duşman bilen gazaply göreş alyp barmaly bolupdyr. Şonuň netijesinde hem ol derbi-dagyn bolup, günorta tarap gitmeli bolupdyr.

Emma X asyryň birinji ýarymynda daniýa hüjümi gaýtalanypdyr. Bu gezek gös-göni Daniýadan amala asyrylyp, şol ýerde Beýik Kanutyň /1014-1035 ý.ý./ kuwwatly döwleti emele gelipdir.

Eýýäm X asyryň 90-njy ýyllarynda Daniýa Angliýanyň ýerlerini basyp almagy meýilleşdirýär. Bu göreşler uzak möhletleýin häsiýete geçip, iri ýer eýeleriniň garaşsyzlyga ymtylmaklary bilen çylşyrymlaşypdyr. Olar biri-birleri bilen duşmançylyk edipdirler. Bu göreş we iňlis daýhanlarynyň rehimsiz ezilmegi iňlis döwletini ep-esli gowşadýar. Şeýle ýagdaýda 1013-nji ýylda Daniýanyň koroly Sweýn Angliýanyň üstüne çozýar. Gazaply we gandöküşikli uruşlaryň netijesinde Angliýa tabyn edilipdir. Köp sanda daýhan ölüpdir; buthanalar we şäherler talanypdyr, obalar tozdurylypdyr we ýakylypdyr. Angliýanyň gutarnykly tabyn edilmegi 1017-nji ýylda Kanut döwründe bolupdyr. Onuň döwletiniň düzümine Daniýa, Norwegiýa we Angliýa girýär.

Daniýa agalygy Angliýa düýpli özgerişleri getirmändir. Kanut basyp alnan Angliýada polisiýa-administrasiw düzgüni saklaýan daniýalylaryň goşunyny dargadýar. Kanut daniýalylar bilen iňlisleriň arasynda tapawut goýmandyr. Monastyrlara hemaýat edip, ol buthanasynyň dostlugyny gazanmaga ymtylypdyr. «Kanutyň kanunlary» — bu öň hereket eden anglosakson kanunlaryny Daniýanyňky bilen birleşdirmekdir. Olar Angliýada feodalizmiň belli ösüş derejesine dogry gelýärdi we prinsipial täze hiç zat bilmeýärdi.

Kanut ölenden soň, 1035-nji ýylda Daniýa hökümdarlygynda azatlyk ugrunda göreş başlanypdyr. Ol bolsa 1042-nji ýylda Eduard Ispowednigi, ozalky iňlis koroly Etelrodyň ogly Angliýanyň koroly edilip saýlanmagy bilen

tamamlanypdyr. Feodallaşýan begzadalaryň güýçlenmegi Daniýada hökümdarlygyň hökmürowanlygynyň güýçlenmegi netijesinde bolýar. Şol döwürde Angliýanyň Demirgazygynda we Günortasynda garaşsyzlyga ymtylýan toparlaryň içinde Normandiýanyň gersoglary hem bolupdyrlar. Olar Etelrodyň ýurtdan çykarylyp kowlan ogullaryny öz ýanlaryna ýakynlaşdyrypdyrlar. Normandiýalylar Angliýa bilen Emmanyň üsti bilen ýola çykypdyrlar. Eduard Normandiýanyň yzyna eýermegiň tarapdary bolupdyr. Tagta çykmazdan öň ol Normandiýada ýaşapdyr. Angliýa koroldan ýokary döwlet we önümçilik wezipelerini alan köp sanly Normand begzadalary hem geňeşdarlary gelipdir. Anglosakson aristokratiýasy korola her hili täsir etmek ukybyny ýitiripdir. Olar normandlar bilen gazaply göreşe başlapdyrlar. Bu göreş anglosakson partiýasynyň doly derbi-dagyn edilmegi bilen tamamlanypdyr. Normandiýa bilen has ysnyşykly syýasy aragatnaşyklar ýola goýlupdyr.

Angliýada arzylanan myhman hökmünde normand gersogy Wilgelm peýda bolýar. Normand aristokratiýasy hemme ýerde ony jenap hem hökümdar hökmünde garşy alypdyr. Emma anglosakson aristokratiýasy özüniň ýeňlendigi bilen ylalaşmandyr. Olar görnükli feodal Godwiniň ýolbaşçylygy astynda birleşipdirler. Olara ownuk we orta ýer eýeleri, şäherliler we erkin daýhanlar goşulypdyrlar. Eduard boýun egmäge mejbur bolupdyr. 1052-nji ýylda normandiýalylar ýurtdan çykarylyp kowlupdyr. Godwiniň ogly Garold anglosakson emeldarlarynyň iň güýçlüsi bolupdyr. Ol beýik Kiýew knýazy Ýaroslaw Mudrynyň gyzlarynyň birine öýlenipdir. Aslynda ol ýurdunyň häkimi bolupdyr. Ol merkezi häkimiýeti güýçlendirmegi karar edipdir. Emma iri feodallar tarapyndan garşylykly herekete duçar bolýar. Soňkular korola garşy umumy göreş üçin korolyň dogany – oppozisiýaçy Tosti bilen birleşýärler. Haçan-da 1066-njy ýylyň ýanwarynda

Eduard ölende, Garold gozgalaň eden demirgazyk welaýatlaryna garşy çykyş etmäge mejbur bolupdyr. Soňkulara Tosti we Daniýa koroly hemaýat edýärler. Normandiýanyň gersogy Wilgelm hem Garold üçin ejiz bäsdeş bolmandyr. Kanuny mirasdüşer bahanasy bilen ol 1066-njy ýylyň sentýabrynda Angliýanyň kenaryna gelip düşýär. Angliýada Demirgazygyň feodallary bilen göreşde tapdan düşen Garold Wilgelm Normandiýalynyň garşysyna durup bilmeýär. 1066-njy ýylyň 14-nji oktýabrynda Angliýanyň Günortasyndaky Gostingsiň ýanyndaky söweşde ol derbi-dagyn edilipdir we öldürilipdir.

**4.** Garold Wilgelm 1066-njy ýylyň 25-nji dekabrynda Angliýada täze hökmürowan emeldarlaryň emele gelmegine ýardam edipdir. Olar ozalky korol družinaçylarynyň – *gezitleriň* ornuny tutupdyrlar. Tenler anglosakson jemgyýetindäki güýçli korol häkimiýeti ugrunda aýgytly göreş alyp baran gatlaklaryň wekilleri bolupdyrlar.

Anglosakson jemgyýetinde azat edilen gullary ýadyňa salýan ýarym erkinler – *letler* ýa –da *uileýler* /keltler – uellsliler/ bolupdyrlar. Olaryň hususy ýeri bolmandyr, ýöne ýer eýeleriniň ýerini belli bir borçlar üçin işläp bejeripdirler.

Anglo-sakson jemgyýeti üçin köp sanly obşina we beýleki öz-özüňi edara etmegiň ýerli organlarynyň bolmagy häsiýetlidir. Anglo-sakson jemgyýetiniň syýasy birligi iňlis obasy bolupdyr. Obanyň adamlary oba ýygnanyşygyna üýşüpdirler. Şol ýerde ýaşulyny saýlapdyrlar. Birnäçe obanyň birleşmegi netijesinde oba ilatynyň ýüzlügini (sotnýa) düzüpdirler. Obşinaçylar sotnýanyň ýygnagyna aýda bir gezek ýygnanypdyrlar we şol ilatyň ýüzbaşysyny — ýaşulusyny saýlapdyrlar. Angliýada korol häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen oba jemagatynyň ýaşulysy (sotnýanyň başlygy) korolyň iň ýakyn ynamdar wekilleriniň biri bolupdyr. Birnäçe gür ilatly obalaryň birleşmegi *graflygy* düzüpdir. Ony korol tarapyndan

bellenilýän *şerif* dolandyrypdyr. Şerif öz işinde graflygyň Geňeşi bilen razylaşmaly bolupdyr. Ol ýerde bolsa esasy söz ýerli aristokratiýanyňky bolupdyr. Graflyklarda halk ýygnaklary hem ýygnanyşypdyr. Korol häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen, ol özüniň ilkibaşdaky ornuny ýitiripdir. Döwlet emele gelenden soň, halk ýygnagy emeldarlaryň ýokary Geňeşi bilen çalşyrylýar /Uitenogemot – Pähimlileriň Soweti/. Oňa iňlis korollygynyň ähli uly feodal mülk eýeleri gatnaşypdyrlar. Ol hem korol häkimiýetini çäklendiripdir. Emeldarlaryň ýokary Geňeşi kanunlary tassyklapdyr we ýurduň ýokary kazyýet häkimiýetiniň organy bolupdyr. Olara korollary saýlamak hukugy berlipdir. Olaryň ykrarnamasy bolmasa, korolyň häkimiýeti güýçsüz bolupdyr.

Korol mülklerinden gelýän girdejiler korol häkimiýetiniň esasy girdejisi bolupdyr. Mundan başga ol ilatdan goşun salgydyny – *firmany* talap etmäge hukugy bolupdyr.

VIII–X asyrlaryň dowamynda anglo–saksonlaryň obşina patriarhal düzgünleriniň dargamagy dowam edipdir. Güýçli oba obşinasy (*folklend*) bilen bir hatarda, iri aristokratik ýer eýeçiligi hem ösüpdir. Şolaryň eýelerine korolyň ýer eýeçiligini (*bokländ*) berkidilipdir. Şundan başga-da korolyň hatlary ýer eýesine ençeme ýeňillikleri we *immunitetleri*[1] beripdir. Daýhan ýer paýlary bolsa kem-kemden azalypdyr we eýýäm X asyryň başlarynda *wirgata* /12,5 ga/ - / indiwidual maşgalasy adyny göteripdir.

X asyryň başlarynda Angliýada ykdysady taýdan gowşan daýhan obşinalary aristokratiýanyň hemaýat etmegine düşýärler. Daýhanlaryň goňşy uly ýer eýesine – *lendlorda* baglylygy döwlet häkimiýeti tarapyndan immunitet /lorduň içki işlerine döwlet häkimiýetiniň gatyşmazlygyna hukuk berýän

---

[1] Immunitet – merkezi häkimiýetiň gatyşmazlygy bilen feodalyň öz mülklerinde käbir döwlet funksiýalary /kazyýet, salgytlar ýygnamak we başgalar/ amala aşyrmaga bolan hukuklarynyň jemi.

korol haty/ görnüşinde taýýarlanypdyr. Immunitet hukugyny alan iri ýer eýesiniň hüküm astyna düşen daýhan *sokmen* diýip atlandyrypdyr. Ol hut özi entek erkin hasaplanypdyr, öz ýerine eýelik etmegini dowam etdiripdir, hat-da ol mülkden hem gidip bilýärdi. Emma kazyýet jähetden şeýle daýhan iri ýer eýesine baglylykda bolupdyr. Bu bolsa legendalarda kem-kemden daýhany ýer eýesine ol ýa-da beýleki tölegler ýa-da borçlar bilen bagly adama öwürmäge mümkinçilik beripdir. Korol häkimiýeti, öz nobatynda, daýhanlary *krepostnoý*[2] etmäge işjeň hemaýat etmegi dowam etdiripdir. Emma feodal garaşly ýer eýeleri şol wagt, entek krepostnoý daýhançylygyň ýalňyz gatyna goşulyşmandylar.

Şeýlelikde, anglo-sakson jemgyýetinde daýhanlaryň aşakdaky gatlaklary bolupdyr:

1. *Geburlar* – ýeri we iş gurallaryny iri ýer eýelerinden alýan hem olara işläp bermeklik we obrok bilen borçly bolan ýersiz erkin adamlar. Ýerde oturdylan gullar we kommendirleşen /hemaýat etmeklige boýun bolan/ garyplar hem şolara ýakyndyr, olaryň ýer paýlary bolsa lorduň eýeçiligi bolupdyr.

2. *Kotterler* /kossetliler/ — örän ujypsyz ýer paýy bolan daýhanlar. Aslyýyeti boýunça bular we geburlar krepostnoýlar bolupdyr.

3. *Genitler* – boklendiň şikaýat etmeginiň netijesinde feodal garaşlylygynda galan daýhan. Olar natural obrok töläpdirler we uly bolmadyk barşina borçlaryny ýerine ýetiripdirler. Olaryň garaşlylygy ep-esli bolupdyr: a) berkitmeleri abatlamaga gatnaşmaly bolupdyrlar; b) harby gullugy ýerine ýetirmeli; ç) emeldarlary azyk bilen üpjün etmek hem olaryň borjuna giripdir. Genitleriň obroklary ozal korolyň peýdasyna alynýan salgytdan emele gelipdir. Obşinanyň olaryň

[2] Daýhanlary ýere «berkidip», ony hojaýynyna bagly edip goýmak.

bähbitlerini gorap bilýäni sebäpli, genitleriň eziliş ediliş derejeşi aram ýagdaýda bolupdyr.

Emma X–XI asyrlarda anglo-sakson jemgyýetinde feodallaşdyryş prosesiniň dowam etmegine garamazdan, ol tamamlanmandyr we daýhanlaryň 50%-ine golaýy, ylaýta-da Angliýanyň demirgazyk-gündogar etraplarynda we daniýa obalarynyň zolagynda erkin bolupdyr. Şeýlelik bilen,

1) şol wagt entek erkin daýhanlar bilen ownuk ýer eýeleriniň arasynda düýpli tapawutlar bolmandyr. Hat-da feodallar hem erkin daýhançylygynyň ýokary gatlagyndan doly saýlanmandyr. Şeýle ýagdaý bilen korol häkimiýeti ylalaşmaly bolupdyr.

2) Daşky howp koroly ownuk we orta ýer eýeleri hem erkin daýhanlar bilen bilelikde hereket etmäge mejbur edipdir.

Bularyň barysy jemgyýetçilik guramasyny saklaýardy we daýhanlaryň feodallaryň krepostnoýy bolmagyna garşy göreşde güýjüni berkidýärdi.

Bu ähli sebäpler Angliýada feodallaşdyryş prosesiniň haýallygyny we feodal gatnaşyklarynyň kemala gelmeginiň tamamlanmandygyny şertlendiripdir.

## II. Angliýa XI-XVaa.

**1.** Wilgelm Basybalyjy ýerli feodallaryň köpüsiniň mülklerini zor bilen ellerinden alyp, ol ýerleri öz ryssarlaryna paýlap beripdir. Basylyp alnan ýurdy tabynlykda saklamakdan ötri, täze hojaýynlara güýçli korol häkimiýeti gerek bolupdyr. Diňe bir iri feodallar däl, eýsem olaryň wassallary hem Wilgelme wepaly bolmak üçin kasam edipdirler. Angliýanyň ähli feodallary korolyň çagyrmagy boýunça ýörişlere gatnaşmak üçin gelipdirler we oňa bellenen paçlary töläpdirler.

Wilgelm basybalyjylyk hukugyndan peýdalanyp, Angliýanyň ýeriniň 1/7 bölegini hut öz mülküne birikdiripdir we ýurtda iň uly ýer eýesi bolupdyr. Korol özüne iň amatly ýerleriň 70-75%-ni alypdyr. Korol özüniň Angliýadaky hem-de Fransiýadaky mülklerinden köp girdeji alypdyr.

Wilgelem Basybalyjynyň agtyklarynyň dolandyran wagtynda iri feodallar ýurdy uzaga çeken özara uruşlara sezewar edipdirler. Olar fransuz gersoglarynyň hem-de graflarynyň şol wagtlarda peýdalanan garaşsyzlygy ýaly garaşsyzlygy gazanjak bolupdyrlar.

Emma Fransiýadaka garanda, Angliýada korol häkimiýetiniň güýçlenmegi üçin has amatly şerter bolupdyr. Içerki we daşary söwda çalt depginde ösüpdir. London söwda merkezine öwrülipdir. Iňlis şäherleriniň köpüsi korolyň ýerlerinde ýerleşipdir.

Normandlaryň basyp alyşlary Angliýada güýçli korol häkimiýetiniň başlangyjyny goýupdyr, şol bir wagtyň özünde-de XI asyrda Fransiýada korolyň häkimiýeti entek juda gowşak bolupdyr.

Korolyň buýrugy boýunça 1086-njy ýylda hemme welaýatlarda ilaty täzeden ýazylmaga işgärler iberilipdir. Netijede mülkleri, ýerleri, emläkleri ýazyp alyp, olar «Kyýamat gününiň kitaby» diýlip at dakylan golýazma nusgasyny düzüpdirler. «Kyýamat gününiň kitaby» boýunça iňlis erkin daýhanlarynyň 50%-i erkinligini saklapdyrlar.

Normand basybalyşlary Angliýada feodal gatnaşyklaryň ösüşi üçin möhüm döwür bolupdyr. Korolyň häkimiýetini berkitmek üçin Wilgelm hemme anglosaks iri ýer eýeleriniň çykyşlaryny ýatyrypdyr. Her welaýatyň başynda ol öz adamlaryny belläpdir we olaryň eline kazyýet, administratiw, harby häkimiýetini beripdir. Özi bilen bilelikde gelen franko-normandlara dürli ýerlerde Wilgelm mülkleri paýlapdyr.

Feodallar harby gulluk etmäge we salgyt tölemäge borçly bolupdyrlar.

«Kyýamat gününiň kitaby» yglan edilenden soň, hemme gatlaklary (barly feodallar, ruhanylar) ýygnap, Wilgelm olary özüne kasam etmäge mejbur edipdir (*«Solsberi kasamy»*). Barly gatlaklaryna boýun egýän ownuk feodallar (wassallar) korola-da kasam etmeli bolupdyrlar. Korolyň möhüm daýanjynyň biri bolan buthana ýolbaşçylaryny ol düýbünden çalşypdyr. Ruhanylara uly ýeňillik berse-de, ol papanyň täsirini güýçlendirmek islemändir. Şonuň üçin papanyň görkezmelerini diňe korolyň rugsady boýunça amala asyrmak mümkindi; diňe korol ruhanylary bellemäge hukukly bolupdyr. Feodal gatnaşyklaryň ösüşi netijesinde, iri ýer eýeleriniň ykdysady täsiri güýçlenýär. Şonuň üçin olar korola garşy birnäçe gezek ýaragly gozgalaň geçiripdirler. Iňlis korollary bu göreşde orta we ownuk feodallara we ruhanylara daýanypdyrlar. Iňlis söwdagärleri içerki bazary dikeltmäge höweslenip, koroly goldapdyrlar, çünki korol olara bütin Ýewropada söwda bilen meşgullanmaga mümkinçilik beripdir. Ýewropa kontinentinde iňlis söwdagärleri esasan Flandriýa ýüň satyp, uly girdeji gazanýarlar. Netijede, şäherleriň ähmiýeti ýokary galýar. Angliýanyň söwda merkezi London bolupdyr. Taryhy çeşmelere görä, XI asyryň ahyrynda Angliýada 80-e golaý şäher bolupdyr. Ilatyň köpüsi oba hojalygy bilen meşgullanypdyrlar.

Korol Wilgelm I (1087-1100 ý.ý.) aradan çykandan soň iňlis tagtyna zehinli we bilimli korol Genrih I (1100-1135 ý.ý.) geçýär. Ol birnäçe möhüm özgertmeleri geçirýär. Kazyýet ulgamyny doly döwletiň eline geçirip, hususy şahsyýetlerden aýyrýar. Kazyýet palatasyny döredip, korol diňe ökde we tejribeli hukukçylary belläpdir. Olar korolyň adyndan welaýatlarda kazyýetiy ýola salmaly bolupdyrlar. Ýerli ilatdan jerime alyp, korol hazynasyny doldurypdyr we barly gatlaklary

ykdysady taýdan gowşadypdyr. Genrih I ýörite «hazyna saklanyş» diýen maliýe edarasyny döredip, oňa salgyt ýygnamaga hukuk berýär. Onuň işgärleri korola ak ýürek bilen zähmet çekmäge kasam edýärler. Korola şahsy mülkler, döwlet salgytlary we dürli rentalar uly girdeji getirýärler. Olary ýygnamak üçin korol her welaýatyň ýolbaşçysyny — şerifi belleýär. Korolyň ýanynda iri ýer eýelerinden we uly ruhanylardan ybarat bolan ýörite Geňeş durupdyr. Iň möhüm döwlet meseleleri Geňeşiň maslahatlarynda çözülipdir. «Küşt agajyň palatasy» diýen ýokary maliýe palatasy döredilipdir. Genrih I hökümdarlyk döwründe iňlis şäherlerinde hünärmentçilik we söwda ösýär. Şäherler korola pul töläp, erkinligini satyn alýarlar.

Genrih I ölenden soň (1135-nji ýyl) Angliýanyň tagtyny eýelemek üçin 24 ýylyň dowamynda raýatara uruşlary bolup geçipdir. Diňe 1159-njy ýylda iňlis tagtyna Genrih II Anžuý (1154-1189 ý.ý.) geçýär. Angliýada korol häkimiýetiniň güýçlenmegi Wilgelm Basybalyjynyň çowlugy Genrih II Plantagenetiň döwründe bolup geçipdir. Genrih II başarjaň hökümadar bolupdyr. Ol alty sany dil bilýär eken. Öz häkimiýetini berkitmek üçin ol möhüm özgertmeleri geçiripdir.

Genrihiň harby özgertmeleri feodallary harby gullukdan boşatmagy göz öňünde tutupdyr. Harby gulluga derek feodallar «galkan puluny» tölemeli bolupdyrlar. Genrih şol pullara hakynatutma goşun jemläpdir.

Angliýada kazyýet özgertmesi hem geçirilipdir. Indi Angliýada diňe korolyň kazylygy kanuny hasap edilipdir. Kaza Angliýanyň her bir erkin adamy ýüz tutup bilipdir. Kazyýetde işleri mynasyp adamlardan düzülen we «oturdaşlar» diýlip atlandyrylýan 12 sany adam alyp barypdyr. Soňra olar sülçülerden höküm çykarýan oturdaşlara öwrülipdirler.

Genrih II öz emeladarlaryndan şerifleri belläpdir. Şerifler döwlet emeldarlarynyň wezipesini ýerine ýetiripdirler. Şerifler

diňe bir salgyt ýygnamak bilen çaklenmän, kazynyň wezipesini ýerine ýetiripdirler we uruş döwründe goşun hem ýygnap bilipdirler.

Genrih Fransiýada köp ýerlere eýeçilik edipdir, şonuň üçin hem fransuz koroly ony esasy bäsdeşi hasap edipdir. Genrih öleninden soň onuň nesilleri bilen fransuz korollarynyň arasynda Fransiýanyň ýerleri ugrunda uruşlar başlapdyr.

Genrih II häkimiýeti berkidýär. Ol bütin ömrüne buthana we iri ýer eýeleri bilen göreşipdir. Şu göreşde Genrih II esasan orta-ownuk feodallara we şäherlere daýanypdyr. Barly feodallaryň täsirini gowşatmak üçin ol öz-özüňi dolandyryş edaralaryna uly üns beripdir. Ähli welaýat şerifleri çalşyrylypdyr. Administratiw edaralaryna ryssarlar we erkin daýhanlar bellenilipdir. Angliýanyň ähli çäklerinde «Iňlis kanunlary» diýen hukuk ýygyndysy peýdalanypdyr. Fransiýada ýerleşýän tutan ýerlerini goramak üçin Genrih II feodal goşunyny dargadyp, hakynatutma goşun döredipdir we goşuny eklemek üçin barly gatlaklardan salgyt alypdyr. Netijede, korol häkimiýeti berkidilýär we korol goşunynyň söweş ukyplylygyny berkidýär. Korol häkimiýetiň berkidilenligini Rim papasy halap barmandyr. Şonuň üçin iňlis buthana ýolbaşçysy korola garşy çykýar. Korol bolsa iňlis buthanasynyň ýolbaşçysyny öldürýär. Muňa jogap edip iri ýer eýeleri we ruhanylar ählumumy gozgalaňa başlaýarlar. Olary Rim papasy goldaýar. Genrih II yzyna çekilmäge mejbur bolupdyr we öz ýalňyşlygyny açyk boýun alypdyr. 1189-njy ýylda Genrih II-ä garşy iri feodallar tarapyndan dildüwşik taýýarlanypdyr, emma onuň üsti açylýar. Bu habara döz gelip bilmän Genrih II tapra-taýyn aradan çykýar.

**2.** Genrih II-niň ogly *Riçard Şir Ýuregiň* (1189-1199 ý.ý.) döwründe Angliýanyň ykdysady we syýasy ýagdaýy gowulaşýar. Haçly ýörişe gatnaşmak üçin Riçard şäherlere erkinlik hartiýalaryny satýar. Netijede, şäherler, ykdysady

garaşsyzlygyny satyn alyp, Angliýanyň ykdysady durmuşynda aýgytly rol oýnap başlapdyrlar.

1199-njy ýylda Angliýanyň tagtyna Ioann korol çykýar. Angliýa bilen Fransiýanyň arasynda başlanan uruşlar Plantagenetler üçin şowsuz bolupdyr. Genrih II-niň kiçi ogly Ioannyň (1199-1216) işleri şowsuzlyga uçrapdyr. Ol özüniň Fransiýadaky köp mülklerini ýitiripdir, şonuň üçin hem «Ýersiz» lakamyny alypdyr. Uruş meýdanyndaky ýeňlişler we sagytlaryň üznüksiz artmagy Angliýada gozgalaňlaryň turmagyna sebäp bolupdyr. Iňlis ilaty Ioanny ýigrenipdirler, çünki ol ähli gatlaklary gysyp başlapdyr. Fransuz koroly Filipp II Awgust Ioannyň fransuz territoriýasynda ýerleşýän mülklerini basyp alypdyr. Şol wagtda-da korol katolik buthanasy bilen dawa-jenjele başlaýar. Rim papasy Ioanny we iňlis halkyny buthanadan daşlaşdyrypdyr. Korol bolsa iňlis katolik buthanasynyň ýerlerini we mülklerini elinden alýar. 1215-nji ýylda iri ýer eýeleri Ioanna garşy harby herekete başladylar. Olara ryssarlar we Londonyň ilaty goşulýar. Korol ýeňilýär we ýesir düşýär. Ioann Ýersiz iri ýer eýeleriniň talaby boýunça garaşsyzlyk hatyna gol çekmäge mejbur bolýar. Oňa «Erkinligiň Beýik Hartiýasy» diýlip at dakypdyrlar. Korol iňlis katolik buthanasynyň we iri ýer eýeleriniň hukugyny berjaý etmäge, iri ýer eýeleriniň töleýän salgytlaryny azaltmaga, diňe ählumumy Geňeşiniň rugsady boýunça ruhanylar, baronlar (iri ýer eýeler) we ryssarlar «galkan puly» tölemegi barada dabaraly söz beripdir. «Erkinligiň Beýik Hartiýasy» boýunça daşary ýurt söwdagärlerine Angliýa gelip haryt satmaga rugsat berilýär. Agzalan Hartiýa görä Angliýadan daşary ýurtlaryň hakynatutma goşunlary çykarylmalydy. Angliýada bitewi terezi we ölçeg birligi bolmalydy. Korol düzümine baronlar girýän umumy geňeşiň ygtyýary bolmasa, täze salgytlary girizmezlige borçlanypdyr. Ol kazynyň rugsady bolmasa, erkin adamyny tussag etmezlige we emlägini almazlyga wada

edipdir. Ol içerki we daşarky söwdada erkinligi, ölçegleriň we agramlaryň deňligini girizipdir, käbir iňlis şäherleriniň içki dolandyryşyny tassyk edipdir. «Erkinligiň beýik hartiýasynyň» bozulan ýagdaýynda 25 sany baronlardan ybarat bolan Geňeş korolyň garşysyna uruş yglan edip bilipdir. Emma bu hartiýa gol çekse-de, Ioann ony ýerine ýetirmäge howlukmandyr we baronlara garşy urşa başlapdyr, ýöne tiz wagtdan aradan çykypdyr. Ioann Ýersiziň ogly kakasynyň ýalňyşlyklaryndan netije çykarmandyr we baronlara garşy uruşmagy dowam etdiripdir.

Emma, «Erkinligiň Beýik Hartiýasy» diňe elli ýyldan soň — 1265-nji ýylda ýerine ýetirilip başlady.

Baronlar bilen uruşda korolyň goşunlary derbi-dagyn edilipdir, özi bolsa ýesir düşüpdir. Ýeňijiler öz ýagdaýlaryny berkitmek üçin 1265-nji ýylda *parlamenti*[3] çagyrypdyrlar.

Normandlaryn basyp alyşlary Angliýanyň daýhanlaryna feodalçylyk sitemin guýçlenmegine getiripdir.

Iňlis daýhanlary feodallaryň garşysyna göreşi togtatmandyrlar. Olaryň birentegi özleriniň hojaýynlaryndan gaçypdyrlar we korolyň tokaýlaryndaky aw guşlaryny gorkman atypdyrlar. Olara «erkin atyjylar» diýip at beripdirler. Gaçgaklar otrýadlara birleşip, feodallaryň, ýepiskoplaryň, korol emeldarlarynyň we kazylarynyň üstüne çozupdyrlar. Daýhanlar «erkin atyjylary» söýüpdirler we mydama goldap gelipdirler. Halk «erkin atyjylaryň» edermenlikleri hem-de başdan geçiren wakalary hakynda aýdym — balladalar düzüpdir. Ezilýänleriň edermen we wepaly dosty hem-de baýlaryň duşmany saýylan Robin Gud iňlis balladalarynyň söýgüli gahrymany bolupdyr.

XIII asyryň başynda iňlis senagaty we oba hojalygy ösýär. Iňlisler dowardarçylyga uly üns berýärler we ýüňi daşary

[3] «parle» – fransuzça «geplemek» sözünden.

ýurtlara satýarlar hem özleri mazut senagatyny ösdürýärlar. Netijede, Angliýada giň içeri bazar döredilipdir. Erkin daýhanlar we ryssarlar şäher ilaty bilen ykdysady gatnaşyklaryny açýarlar. Taryh çeşmeleriniň habarlaryna görä, Angliýada 80-ne golaý öz-özüni dolandyran şäherler bardy we häkimiýet olara uly üns berýärdi. XIII asyryň ikinji ýarymynda iňlis mülkdarlary korola garşy çykýarlar, çünki korol Genrih III, fransuz aýalyna öýlenenden soň, fransuz feodallaryny esasan iňlis döwlet wezipelerine belläpdir. Bu bolsa fransuz feodallarynyň kowulmagyna getiripdir. Indi hakyky iňlis feodallary häkimiýeti eýeläp, özleri hökümdarlyk edip başlapdyrlar. Emma olaryň arasynda agzybirlik bolmandyr. Baronlaryň bir bölegi korolyň tarapyna geçip, ikinji bölege garşy göreşýär. Baronlaryň ikinji bölegi ryssarlary we şäherleri öz tarapyna çekip, 1264-nji ýylyň maý aýynda Lýuis şäheriniň ýanynda korol goşunlaryny derbi-dagyn edip, Angliýanyň paýtagtyny – Londony eýeleýär. Olaryň ýolbaşçysy Simon de Monfor 1265-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda öz tarapdarlaryny maslahata çagyrýar. Oňa her graflykdan we uly şäherden iki deputat giripdir, şol wagtdan başlap iňlis parlamenti ýüze çykýar. Şol wakanyň döwletiň ösüşi üçin uly taryhy ähmiýeti bolupdyr. Parlamentiň döremegi bilen Angliýada feodal döwletiniň täze syýasy görnüşi emele gelýär. Ahyrynda, korol Genrih III gatlak-wekilçilik maslahatyny saklamaga mejbur bolýar. Indi parlamentiň hukugy giňelýär we korol oňa ýüzlenýär. Parlamentiň häkimiýeti korol Eduard I (1272-1307 ý.ý.) döwründe güýçlenipdir. Ilkinji kanuny korol buthana garşy çykarýar. Oňa «Ölen adamyň eli barada kanun» at dakypdyrlar. XII-XIII asyrlarda iňlis ruhanylarynyň mülkleri we baýlyklary köpelýär. Basyp alan ýerlerini buthana yzyna gaýtarmandyr. Oňa «öli el» diýipdirler. Indi kanun boýunça buthana mülklerini giňeltmek gadagan edilipdir. Eduardyň ikinji möhüm kanuny «Söwda hartiýasy». Daşary ýurt

söwdagärlerine Angliýada açyk söwda etmäge mümkinçilik berlipdir.

Eduard Uelsi basyp alýar. Şotlandlar iňlis goşunlaryny derbi-dagyn edipdirler. Uruşlary alyp barmak üçin korola köp pul gerekdi. Şonuň üçin korol Parlamente ýuz tutýar, emma maliýe ýetmezçiligi sebäpli, korol özbaşdak salgyt ýygnap başlapdyr. Ruhanylar we mülkdarlar närazy bolup, korol bilen dawa edipdirler. Netijede, Parlament barly gatlaklaryň tarapyny tutup, ýörite karar çykarýar: diňe parlamentiň rugsady boýunça korolyň salgyt ýygnamaga haky bolupdyr. Indi, 1297-nji ýyldan başlap, ykdysady häkimiýet parlamentiň eline geçipdir. XIV asyryň ortasynda Parlament gaýtadan döredilipdir: ol iki palata bölünýär. Ýokary palatada barly gatlaklar (baronlar we ruhanylar) mejlis geçirýärler, aşaky palatada – ryssarlar we şäherlileriň wekilleri maslahatlaşýarlar. Aşaky palatada dürli gatlaklaryň bile işlemeginiň sebäbi: iňlis obalarynda pul-haryt gatnaşyklary tiz ösüpdir. Şonuň üçin parlamentiň täsiri artýar. Salgytlary tassyklamaga we harçlanan girdejini barlamaga parlamentiň hukugy bolupdyr. XV asyrda diňe iki palatada kanun tassyklansa, ony durmuşa geçirmäge mümkinçilik bolupdyr. XIV asyrda parlament iki sany ýygnaga: *lordlar palatasyna*, ýagny «hökümdarlaryň palatasyna» we *jemagat palatasyna* bölünipdir. Lordlar palatasynda korol tarapyndan ýörite çagyrylyp getirilen ýepiskoplar, abbatlar we iň iri begzada feodallar mejlis geçiripdirler. Jemagat palatasyna bolsa her welaýatdan iki sany ryssar we her uly şäherden iki sany baý şäherli saýlanypdyr. Parlamentde iňlis jemgyýetiniň dürli gatlaklarynyň wekilleri möhüm meseleleri çözmek bilen korol häkimiýetiniň diregine öwrülipdirler. Şeýdip, XIII asyrda Angliýada gatlaklaryň wekilçilikli monarhiýasy ýüze çykypdyr.

Fransiýadaky Baş ştatlara garanda, Angliýanyň parlamentiniň döwlet işlerine täsiri uly bolupdyr. Ol diňe bir

salgytlar baradaky meseläni çözmek bilen çäklenmän, eýsem tiz wagtda kanunlar çykarmaga-da gatnaşyp başlapdyr.

**3.**XIII asyryň ahyrynda we XIV asyryň başynda Angliýanyň ykdysady durmuşynda uly üýtgeşikler bolup geçipdir. Angliýa Fransiýa, Italiýa we başga ýurtlar bilen ýokary derejeli söwda alyp barýar. Esasy girdeji ýüň söwdasyndan gelipdir. Şol döwürde Angliýada öz ýüň senagaty ösýär. Iňlis obalarynda pul-haryt gatnaşyklary hem ösýär. Barşinanyň pul salgydy bilen çalyşmagy *kommutasiýa* atlandyrylýar. Indi lord öz mülkünde hakynatutma işçileri peýdalanýar. XIV asyryň I ýarymynda kommutasiýa Angliýanyň ähli ýerlerine ýaýraýar (esasan, goýundarçylyk welaýatlary bolan Demirgazyk-Günbatar we Merkezi Angliýada). Ekerançylyk bilen meşgullanýan welaýatlarda kommutasiýa haýal geçýärdi, çünki şu ýerlerde buthananyň hojalyklary ýerleşipdir. Emma hakynatutma zähmet şol ýerlerde-de möhüm rol oýnapdyr. Kommutasiýa barly daýhanlara hem peýdaly bolupdyr.

XIV asyryň ortalarynda obalarda we şäherlerde mergi keseli ýaýrapdyr. Angliýada «gara ölüm» ummasyz köp adamlaryň başyna ýetipdir. Ýurtdaky ilatyň üçden bir bölegi gyrlypdyr. Harytlaryň bahasy artypdyr. Şonuň üçin, garyplar iş hakynyň artdyrylmagyny talap edipdirler. Parlament feodallaryň we şäher baýlarynyň bähbitlerini gorap, kanunlar çykarypdyr. Şol kanunlar az hak alyp işlemekden boýun gaçyrýan garyplara jeza howpuny salypdyr. Jynsyna garamazdan, 12 ýaşdan 60 ýaşa çenli ähli adamlar işlemeli hem-de olara hak tölenilişi öňki ýaly tölenilmeli edilipdir. Munuň üstesine-de, salgytlar goşulypdyr. Şol salgytlary iňlis daýhanlary Fransiýa garşy uruş alyp barmak üçin tölemeli bolupdyr. Eduardyň hökümdarlyk eden döwründe Fransiýa bilen uzaga çeken uruş başlandy. Ol uruş arakesmeler bilen

100 ýyldan-da köpe çekipdir we şonuň üçin-de oňa Ýüz ýylyk uruş (1337-1453-nji ýyllar) diýlip at berlipdir.

Eýsem, bu uruş nämäniň üstünde turdy? Iňlis korollary Fransiýadaky ozalky mülklerini gaýtaryp almak isläpdirler. Fransuz korollary bilen iňlis korollarynyň arasyndaky köneden gelýän duşmançylygyň üstüne Flandriýa graflygy we onuň baý şäherleri üstünde turýan bäsdeşlik goşulypdyr. Fransiýanyň korollary Flandriýany öz mülklerine birikdirmäge telim gezek synanypdyrlar, emma bu olara başartmandyr. Flandriýanyň şäherlilerini Angliýa goldapdyr, olar Angliýa bilen ysnyşykly söwda gatnaşyklaryny glyp barypdyr.

Angliýanyň koroly fransuz korolynyň garyndaşy eken. Fransiýanyň feodallarynyň arasyndaky dawa-jenjellerden peýdalanyp, ol fransuz tagtyna özüniň hukugynyň barlygy barada aýdypdyr. Munuň özi urşuň başlanmagyna bahana bolupdyr.

Iňlis goşuny fransuz goşunyndan oňat guralypdyr. Iňlislerde feodallaryň atly goşunyndan başga-da, düzgün-nyzamly köp sanly pyýada goşun hem bolupdyr. Pyýada goşun Angliýada şol wagtlar kem-käsleýin saklanyp galan erkin daýhanlardan ybarat bolupdyr. Pyýada goşundaky urşujynyň ýaragy uly ýaý bolupdyr. Ýaýçylaryň atan peýkamy 600 ädime ýetipdir, 200 ädimden bolsa çenelen ryssara degip, onuň sowudyny böwsüpdir.

Fransuz goşunynda ryssarlaryň atly goşuny agdyklyk edipdir. Ryssarlar düzgün-nyzamy äsgermändirler, söweşde olaryň hersi öz şahsy edermenligini görkezjek bolup çalşypdyr. Az sanly pyýada goşun kese ýurtlulardan hakyna tutulanlar bolupdyr. Ryssarlar pyýada goşuny ýigrenipdirler.

Uruş Fransiýanyň ýerinde alnyp barlypdyr. Uruş başlanan gününden fransuz feodallary ýeňlip ugrapdyr. 1356-njy ýylda Luara derýasynyň günorta tarapyndaky Puatýe şäheriniň ýanynda uly söweş bolupdyr. Fransuzlar san taýdan agdyk

bolupdyrlar, emma olar dagynyk hereket edipdirler. Ryssarlar öňe zomap, düzgün-nyzamy bozupdyrlar we söweşde biri-birine päsgel beripdirler. Fransuz atly goşunynyň hatarlary iňlis ýaýçylarynyň ýagdyrýan peýkamlary astynda gatym-garym bolupdyr. Fransuzlar doly derbi-dagyn edilipdir. Iň belli feodallar korol bilen bilelikde iňlislere ýesir düşüpdirler.

Puatýeniň ýanynda bolan söweşden soňra Fransiýanyň ýagdaýy iňňän agyr bolupdyr. Ýürduň demirgazygynda we günortasynda basybalyjylar hojaýynlyk edipdirler.

Ýüzýyllykdan uruşlardan soň Angliýanyň we Fransiýanyň arasynda öň köp wagt duşmançylykly gatnaşyklar bolupdyr. Flandriýa ykdysady taýdan iňlisler bilen bagly bolupdyr (Flandriýa ýüňi, esasan, iňlislerden satyn alýan eken). Flandriýanyň durmuşynda Angliýa uly ykdysady we maliýe ähmiýetine eýe bolupdyr. Emma fransuz korollary mydama Flandriýanyň içerki işlerine gatyşýar. Akwitaniýa meselesi hem möhüm bolupdyr – Fransuz korollary özleriniň günbatar welaýatlaryndan iňlisleri kowmaga çalyşýarlar. Iňlis koroly Eduard III fransuz tagtyny eýelemek isleýär, çünki fransuz korollary bilen doganlyk gatnaşyklarynda bolupdyr.

10 ýylyň dowamynda iňlisler üç uly harby üstünlik gazandylar (Eklýuz söweşi – 1340 ý., Kresi söweşi – 1346 ý. we Buwine söweşi – 1356 ý.). 1360-njy ýylyň parahatçylyk şertnamasy boýunça, iňlisler Fransiýada öz ýerlerini giňeltdiler (Akwitaniýanyň uly bölegi we demirgazyk Fransiýanyň Kale şäheri). 1369-njy ýylda harby hereketler dowam edýär. Iki döwletiň arasyndaky uruş Rim papasyna-da täsir etdi. Şol wagt ol Fransiýanyň Awinýon şäherinde ýaşapdyr we fransuz korolynyň ýarany bolupdyr. Iňlis koroly we parlament katolik buthanasynyň baýlyklaryny bilip, salgyt talap edipdirler. Emma ruhanylar salgyt tölemek islemeýärler we dürli bahana tapýarlar. Närazy bolup, korol we hökümet dini reforma geçirmäge synanyşypdyrlar. Reformator akymyň wekili

Oksford uniwersitetiniň professory J.Uiklef öz çykyşlarynda papany we iňlis ruhanylaryny tankytlapdyr. «Buthananyň örän köp emläkleri we mülkleri bar we korolyň olaryň baýlyklaryny konfisklemäge haky bar» – diýip birnäçe gezek gaýtalapdyr. «Buthahanyň başlygy korol bolmaly» – diýip belläpdir. Rim papasy Uiklefi kazyýete beripdir, emma Londonyň ilaty we hökümet ony gorapdyr. Indi Uiklef koroly we halky aýgytly buthana reformasyny geçirmäge çagyrypdyr. Ol Angliýanyň şäherlerine we obalaryna öz şägirtlerini we tarapdarlaryny iberýär. Olara «lollardlar» we «garyp ruhanylar» at dakypdyrlar. Lollardlar katolik ruhanylary tankytlap, olaryň yerlerini, emläklerini basyp almaga çagyrýarlar. Lollardlaryň arasynda görnükli we akylly Jon Boll ýokary katolik ruhanylary Angliýadan kowup, olaryň baýlyklaryny halk köpçüliginiň arasynda paýlaşmaga çagyrýar. Iňlis arhiýepiskopynyň buýrugy boýunça Jon Bolly türmä basýarlar, emma gozgalaňçylar ony boşadýarlar. Iňlis koroly Riçard II-niň (1377-1399) hökümdarlyk eden döwründe Fransiýa bilen uruş täzeden başlanypdyr. Iňlisler şowsuzlyga duçar bolupdyrlar. 1377-nji ýylda hökümet salgydy artdyrýar. Daýhanlar feodallary, buthanany we hökümeti ýigrenip, olaryň eden işlerine düýbünden närazy bolupdyrlar. Olar krepostnoý hukugyny ýok etmäge garşy göreşýärler we ony ýatyrmagy talap edýärler. Gozgalaň 1381-nji ýylda gündogar Angliýada başlady. Gozgalaňçylar ýaragly goşunlara birleşip, iri ýer eýeleriniň, ruhanylaryň mülklerini weýran edipdirler. Daýhanlar olaryň zähmet borçlary ýazylan resminamalary hem-de salgyt töleýjileriň golýazma nusgalaryny ýok edipdirler. Gozgalaňçylar ýolbaşçy hökmünde *Uot Taýleri* belleýärler. Ol 100 ýyllyk urşa gatnaşypdyr, harby işde tejribeli we dilewar ýolbaşçy bolupdyr. Ol goşunynda düzgün-nyzamy we söweş tertibini girizmäge çalşypdyr. Onuň goşunlary Londona ýakynlaşanda, şäheriň häkimi derwezäni ýapmagy buýruk

beripdir, emma şäheriň garyplary derwezäni ýapmandyrlar. Iki sany uly goşun bölümi – Esseks we Kent welaýatlarynyň daýhanlary günortadan we demirgazykdan şähere girip, Maýl-End we Smit-Fild etraplarynda ýerleşipdirler we korol bilen duşuşmagy talap edýärler. Korol özüniň geňeşçileri bilen birlikde, oňat berkidilen Tauer köşk-galasynda gizlenipdir. Gozgalaňçylar galany gabapdyrlar. Korol daýhanlar bilen duşuşmaga mejbur bolupdyr. Daýhanlar korolyň eline öz talaplaryny gowşurypdyrlar. Olar barşinany ýatyrmagy, hemmeleriň erkin bolmagyny we gozgalaňa gatnaşan adamlary yzarlamazlygyny talap edipdirler.

Bu maksatnama Esseks ady bilen belli bolan Maýil-End etrabynda kabul edilýär. Korol ol talaplary ýerine ýetirjekdigini aýdýar. Ol gozgalaňçylaryň hemmesine hat berýär. Gozgalaňçylaryň bir topary şol haty alyp, öýli-öýüne, korola ynanyp dargaýarlar. Emma Kent daýhanlary närazy bolup, öz maksatnamasyny düzüpdirler. Bu maksatnama Smitfild ady bilen bellidir. Daýhanlar olara garşy çykarylan kanunlaryny ýok etmegini, hemme gatlaklaryň hukuklaryny deňleşdirmegini, ýokary gatlaklaryň ýeňilliklerini ýatyrmagyny, buthana ýerlerini daýhanlaryň arasynda paýlap bermegi, krepostnoýçylyk hukugyny ýok etmegini talap edipdirler.

Smitfild maksatnamsy Maýil-End maksatnamasyna garanda, ondan demokratiki häsiýetde bolupdyr. Korol daýhanlar bilen duşuşyga Smitfild meýdanyna ikinji gezek gelmäge mejbur bolýar. Şol wagtyň özünde feodallar we Londonyň baýlary gaýtawul bermäge taýýarlanypdyrlar. Smitfildde U.Taýleriň ýokardaky talaplary korola aýdan wagtynda, Londonyň häkimi ony ähtiýalanlyk bilen öldüripdir. Ryssarlaryň we baý şäherlileriň ýaragly goşuny korola kömek beripdir. Oňat ýaraglanan köp sanly goşun derrew ýygnanypdyr. Olar gozgalaňçylaryň yzyna düşüp, olary derbi-

dagyn edipdirler. Şeýlelik bilen, Angliýanyň taryhynda iň uly daýhan gozgalaňy gandöküşikli ýol bilen ýatyrylypdyr. Diňe 1381-nji ýylyň noýabr aýynda hökümet gozgalaňçylary aklamaga mejbur bolupdyr, çünki zähmet çekmäge işgärler gerekdi. Fransiýada Žakeriýa nähili sebäplere görä ýeňlen bolsa, Uot Taýleriň gozgalaňy hem hut şol sebäplere görä ýeňlipdir. Iňlis daýhanlarynyň gozgalaňy hemme ýerde işjeä häsiýete eýe bolmandyr. Iňlis daýhanlary ýaragly gozgalaňa hiç bir taýynlyksyz aýaga galypdyrlar we dagynyk hereket edipdirler. Daýhanlar öz ýerlerinde gahrymançylykly göreşipdirler, emma olaryň arasynda agzybirlik bolmandyr. Daýhanlaryň düşünjesi örän pes bolany üçin olar korola jany-teni bilen ynanypdyrlar.

Daýhanlaryň aýry-aýry obalarynyň arasynda aragatnaşyk az bolupdyr. Londonyň baýlary korol bilen feodallara gozgalaňçylary derbi-dagyn etmekde kömek beripdirler. Olar şäher garyplarynyň gozgalaňa gatnaşmagyndan gorkupdyrlar. Olar 1381-nji ýyldan soň daýhanlary şahsy garaşlylykdan azat edip başlapdyrlar.

Gozgalaňyň netijesinde iňlis döwleti krepostnoýçylygy ýatyrmaga mejbur bolupdyr. Daýhanlar paý ýerlerinden peýdalanýanlygy üçin feodallara pul tölemelidiler. Daýhan gozgalaňlary iňlis feodalizmine güýçli zarp urupdyr. Daýhanlaryň krepostnoýlyk garaşlylykdan azat bolmagyny tizleşdiripdir. Krepostnoýçylykdan azat bolan daýhanlaryň hut özleri erkin bolupdyrlar we eger islese, feodaldan aýrylyp, gidip bilýän ekenler. Krepostnoýçylygyň ýatyrylmagy bilen Angliýada buržuaz gatnaşyklaryna giň ýol açylypdyr.

**4.** XIV asyryn ikinji ýarymynda fransuzlar iňlislere garşy uruşda ep-esli üstünlikler gazanypdyrlar. Iňlis korolynyň elinde Fransiýanyň diňe birnäçe kenarýaka şäherleri galypdyr.

Emma fransuzlaryň gazanan ýeňişleri uzaga çekmändir. Iri feodallaryň arasyndaky dawalar basym täzeden

güýçlenipdir. Iňlisler bu pursatdan peýdalanypdyrlar we 1415-nji ýylda täzeden hüjüme başlapdyrlar. Fransiýanyň iň bir kuwwatly feodallaryndan biri bolan Burgundiýa gersogy iňlis korolynyň tarapyna aç-açan geçipdir; ol Fransiýanyň demirgazyk-gündogaryndaky ummasyz ýerlere we Flandriýa eýelik edýän eken. Iňlisler dönük feodallaryň kömegine daýanyp, Pariž bilen bilelikde ýurduň bütin demirgazyk bölegini basyp alypdyrlar.

Fransuz goşunlarynyň galyndysy Luara derýasynyň boýundaky galalarda, esasy güýçleri bolsa Orleanda ýerleşipdir. Iňlisler şäheri gabapdyrlar. Orleanyň elden giderilmegi basybalyjylara ýurduň günortasyna gitmek üçin ýol açýardy. Orleanyň eteginde Fransiýanyň ykbaly çözülýärdi.

Fransuz goşuny ýeňiş gazanmak umydyny ýitiripdir. Korol we dworýanlar aljyrapdyrlar we ýaýdanjaňlyk edipdirler. Ýurt üçin şeýle agyr wagtda Fransiýanyň halky gaýratlylygyny we göreşmäge bolan erkini görkezipdir.

Orlean baryp iki ýüz günläp gahrymançylykly goralýardy. Şäherliler uzakdaky daş köwlenýän ýerlerden top oklary üçin daş getirýärdiler, ýarag ýasaýardylar. Aýallar galanyň diwarlarynyň üstüne çykyp, duşmanyň üstüne gaýnap duran ýag guýýardylar, köz taşlaýardylar. Orleanda tagtyndan jyda düşen 15 ýaşly Karl hem bar eken. 1453-nji ýylda iňlisler ýaraşyk baglaşmagy sorapdyrlar. Şertnamanyň şertleri boýunça fransuz topragynyň diňe Kale porty iňlisleriň elinde galypdyr. Fransuz halkynyň görkezen gahrymançylygy netijesinde ýurt keseýerli basybalyjylardan azat edilipdir.

XIV asyryň aýagynda we XV asyryň dowamynda Angliýada krepostnoý gatnaşyklaryň dargamagy dowam edýär. Ýurduň umumy hojalygynda senagatyň ähmiýeti ösýär. Flandriýadan Londona göçüp, hünärmentler uly kärhanalary açypdyrlar, reňksiz mawuty öndürip, Fransiýanyň we Florensiýanyň söwdagärlerine satypdyrlar. Şeýlelik bilen,

Ýewropa ýurtlaryna satylýan haryt, esasan, reňksiz mawut bolupdyr. Söwdada uly özgerişler boldy. Mawut satmak üçin iňlis täjirleri ýörite söwda kompaniýalaryny döredýärler. Olar La-Manş bogazynda we Demirgazyk deňzinde söwda ýollaryny öz ellerine alypdyrlar.

XIV-XV asyrlarda krepostnoýçylyk hukugy azalýar, hakyna tutma zähmedi peýdalanýan hojaýynlara *täze dworýanlar* diýlip at dakypdyrlar. Olar hünärmentleri söwda, zähmet haky we ýüň bahasy bilen höweslendiripdirler.

Iňlis feodalizminiň çüýremegi, senagatyň ösüşi, täze dworýanlaryň ýüze çykmagy iňlis syýasy durmuşyny üýtgedipdir. Feodallaryň köpüsi garyplaşýarlar. Barly ýer eýeleriniň arasynda häkimiýeti ele almak üçin raýatara uruşlar başlanýar we otuz ýyl dowam edýär (1455-1485 ý.ý.). Şol wagt hem täze dworýanlar täze şertlere uly üns berip, bazar gatnaşyklaryna geçip başlaýarlar.

Raýatara urşy *«Ak bägüliň we Gyzyl bägüliň»* urşy ady bilen taryha girdi.

Lankaster dinastiýasynyň tarapdarlary iri ýer eýeleri bolupdyr. Ýorklary esasan täze dworýanlar we buržuaziýa goldapdyrlar.

Ahyrynda täze dinastiýanyň ýolbaşçysy Genrih VII Týudor üstünlik gazanýar we merkezi häkimiýeti öz eline alyp, berkidýär (1485-nji ýyl). Otuz ýyllyk raýatara urşy iňlis ykdysadyýetine uly zyýan getirdi. Emma feodal gatnaşyklarynyň çüýremegi we buržuaz gatnaşyklarynyň ösüşi iňlis ykdysadyýetiniň ösüşine ýol açdy, çünki feodalizm jemgyýeti krizis ýagdaýyndady.

XV asyryň II ýarymynda barşina ýok bolupdyr. Ryssarlar we barly daýhanlar hakynatutma zähmeti doly peýdalanýarlar. Barly daýhanlaryň bir bölegi täze dworýanlar gatlagyna geçýärler, ýer satyn alýarlar we hakynatutma zähmeti peýdalanyp başlapdyrlar. Indi olar Angliýanyň syýasy

durmuşyna uly täsir edýärdiler. XIV-XV asyrlarda senagatda hem uly özgerişler bolupdyr. Senagatyň pudaklarynda hakynatutma işçini mümkingadar köp peýdalanypdyrlar.

Ýokarda bellenen gatlaklar merkezi häkimiýetiniň merkezleşdirmegine höweslenipdirler. Şeýlelik bilen, üýtgeşikler hojalygyň senagat bölüminde bolupdyr: senagatyň täze guramasy – manufaktura – ýüze çykýar.

Angliýa ykdysady ösüşinde Ýewropada iň güýçli döwlete öwrülýär.

## III. Angliýa XVI-XVII asyryň I ýarymynda

**1.**XVI-XVII asyryň I-nji ýarymynda Angliýada bazar gatnaşyklarynyň ösüşi üçin ykdysady we syýasy şertler döredilýär: krepostnoýçylyk düzgüni ýatyrylypdyr, orta asyr erkin şäherleri gowşapdyrlar. Angliýanyň bazar gatnaşyklaryna gönükdirilen senagaty we oba hojalygy ösüp başlaýar. Gadymdan bäri ilat goýundarçylyk bilen meşgullanypgyr. Iňlis ýüňüni hemme Günbatar Ýewropa döwletleri, esasan hem Flandriýanyň täjirleri satyn alýardy. Emma olar taýýar mawutynyň bahasyny has ýokarlandyryp başlandan soň iňlisler öz iňlis mawut senagatyny döredip, çig ýüňi ýurtdan çykarmagy gadagan edipdirler. Iňlis şäherleriniň ussalary oba kärhanalary bilen bäsdeş bolany üçin, mawut önümi obalarda ýaýrap başlaýar. Oba ussalary dokmaçylyk bilen meşgullanmaga höweslenýärler. Ýuwaş-ýuwaşdan kärhananyň eýesi daýhanlar öndürýän önümlerini diňe oňa satmagy talap edýär we çig-mal bilen ussalary dolandyrýar. Hünärmentler özbaşdaklygyny ýitirýärler we hakynatutma işçilere öwrülýärler. Indi kärhanalar senagatyň ilkinji derejesine – manufaktura öwrülýärler. Goýun sürülerini köpeltmek üçin giň meýdanlar gerekdi. Ilki öri meýdanlaryny ownuk daýhanlar eýeläpdirler. Şahsy taýdan azat bolup, olar iri ýer eýelerine

salgyt töläpdirler. Şol salgytlar ýörite «kopi» diýen hojalyk kitaplarynda bellenilipdir. Şonuň üçin daýhanlara *«kopigolderler»* diýip at dakypdyrlar.

XVI a. iňlis iri ýer eýeleri – lordlar şahsy taýdan azat daýhanlary öz hususy ýerlerinden kowup, hakynatutma işçilere öwrüpdirler. Şol sebäpli daýhanlaryň hojalygy ýatyrylypdyr. Görnükli iňlis ynsansöýüji Tomas Mor (1478-1535) şeýle ýazypdyr: «Goýunlar adamlary iýipdirler!» Şol wakalar «germew prosessi» ady bilen taryha giripdir. Daýhanlardan basylyp alnan ýerlerini dworýanlar öz mülklerine goşýarlar. Olar diňe goýundarçylyk bilen  däl-de, söwda we senagat bilen meşgullanýarlar. Buržuaz gatlagyň köpüsi dworýanlar bolupdyr. Angliýada täze dworýan-buržuaz gatlagy - täze dworýanlar atlandyrylypdyr. Olar dürli wezipeleri eýeläp, harby goşunlarda gulluk edipdirler.

Ýerlerinden kowlan daýhanlar agyr ýagdaýa düşüpdirler. Olar ýersiz we işsiz galypdyrlar. Şonuň üçin Angliýanyň ýollarynda ykmandalar we gedaýlar has köpeldipdir. Iňlis hökümeti olara garşy kanunlar yglan edýärler. Şol kanunlara «ganly kanunlar» at dakypdyrlar, çunki olaryň kiçi ýa-da uly günäleri üçin ölüm jezasy berilipdir. Şunuň ýaly rehimsiz kanunlar Genrih VII (1530), Eduard VI (1547), Ýelizaweta I (1572) yglan edipdirler. Iňlis daýhanlary närazy bolup, birnäçe gezek hökümete ýaragly garşylyk görkezipdirler. Iň uly daýhan gozgalaňy 1529-njy ýylda Norfolk graflygynda bolupdyr. Daýhan goşunlary Robert Ketiň ýolbaşçylygynda graflygynyň merkezi şäheri bolan Norijiň ýanyna gelipdirler, emma ýerli häkimiýet olary şähere goýbermändir. Şähere ýakyn bolan Maushold baýyrynda ýerleşip, gozgalaňçylar 29 maddadan ybarat maksatnamasyny düzüpdirler. Olaryň esasy talaplary salgytlary azaltmak, daýhanlaryň ýerlerini eýelemägi gadagan etmek, umumy obşina ýerlerini yzyna gaýtarmak, krepostnoý hukugyna degişli hadysalary ýok etmek barada bolupdyr.

Görşümiz ýaly, Maushold maksatnamasy aram häsiýetli bolupdyr. Şonuň üçin daýhanlaryn köpüsi ondan närazy bolup, gozgalaňy dowam etmäge talap edýarler. Norij buržuaziýasynyň kömegi bilen hökümet gozgalaňy ýatyrýar.

Angliýada bazar gatnaşyklarynyň ösüşi dowam edýär. Daýhanlaryň köpüsi ýerlerini ýitirip, manufakturalarda hakynatutma işçilere öwrülýärler. Ýerleri germemek prosessi dowam edýär. Kärhana eýeleri aýallaryň we çagalaryň arzan zähmetini doly peýdalanýarlar. Netijede, işçileriň haky harytlaryň bahalaryndan yza galýar. London şäheri Angliýanyň ykdysady merkezi bolupdyr. XVI a. söwda uly söwdagär kompaniýalaryň eline geçýär: 1554-nji ýylda Russiýa we Merkezi Aziýa bilen söwda gatntşyklaryny alyp barýan kompaniýa döredilýär, 1579-njy ýylda – Gündogar Hindistan söwda kompaniýasy, 1581-nji ýylda Ortaýer deňziniň kenaryndaky döwletler bilen söwda edýän Lewant kompaniýasy, 1588-nji ýylda garaýagyz gullary satýan Gwiney kompaniýasy, 1600-nji ýylda Moskwa söwda kompaniýasy döredilýär. London halkara kredit we söwda merkezine öwrülipdir. 1568-nji ýylda Londonda maliýe we söwda ylalaşyklary baglaşylýan edara – Birža açyldy. Londonyň maliýe merkezi – *Siti* gülläp ösýär. Bristol we Liwerpul şäherleri uly deňiz portlaryna öwrülýär.

**2.** XV asyryň ahyrynda – XVI asyryň başynda adalyk edýän feodallar arasynda bölünişik başlanýar. Hökümdarlyk edýän feodalizm jemgyýetiniň syýasy düzgüni – çäklendirilmedik monarhiýa bolupdyr. Ykdysady taýdan güýçlenip işewür hususyýetçi gatlagynyň ýokary topary öz syýasy hukugyny giňeltmek üçin feodallar bilen aýgytly göreşi başlaýar. Feodal we işewür hususyýetçi synplaryň arasyndaky gapma-garşylygyndan peýdalanyp, korol öz häkimiýetini berkitmäge synanyşýar. Feodal synpyň ýokary gatlagy işewür hususyýetçi gatlagyň bähbitlerini goramaga mejbur bolýar,

olaryň soňkusy bolsa syýasy tejribesi entek gowşak bolany üçin, dworýanlaryň hukugyny hormatlamaga razylaşýar. Şol wagt hem dworýanlar ykdysady we sosial tarapyndan öz ýagdaýyny güýçlendirýärler. Iňlis çäklendirilmedik monarhiýanyň birnäçe aýratynlyklary bar.

XV asyryň ahyrlarynda korolyň häkimiýeti berkeýär, emma Parlament hem saklanyp galýar. Çäklendirilmedik monarhiýa dworýanlaryň daýanjy bolupdyr. Dworýanlar öz ýokary gatlagyny ýitiripdirler: käbirleri Ak we Gyzyl bägülin uruşlary wagtynda ýok edilipdir, beýlekiler bolsa ilkinji Týudorlar tarapyndan ýatyrylypdyr. Týudor dinastiýasynyň ilkinji wekili Genrih VII (1485-1509) baronlar bilen rehimsiz göreş alyp baryp, olary yzygiderli yzarlap, baronlaryň hakynatutma goşunlaryny dargadypdyr. Öz duşmanlary bilen göreş alyp barmak üçin Genrih VII «Ýyldyz palata» diýen ýörite guramany döredipdir. Şeýlelikde, baronlaryň ýok bolany Angliýada bazar gatnaşyklarynyň ösüşi üçin örän ähmiýetli bolupdyr. Parlament agzalarynyň köpüsi korola bagly bolupdyr. Korolyň hususy ýer mülkleri Günorta-Günbatar Angliýada ýerleşipdir. Şonuň üçin parlamentiň agzalaryny korolyň özi belläpdir. Netijede, Parlamentiň aşaky palatasy korolyň merkezleşdirmek syýasatynyň tarapdarlaryndan – orta we ownuk dworýanlardan, şäher söwdagärlerinen we senetçilerden, erkin daýhanlardan, ýokary palata bolsa, öňküsi ýaly, iri feodallaryň wekillerinden ybarat bolupdyr. Korol olara titullar belläpdir, olaryň köpüsi hem korolyň tarapyny tutupdyrlar we onuň tekliplerini kabul edipdirler.

Öňki ýaly, ýerli dworýanlar giň hukugyny we möhüm täsirini saklaýarlar. Merkezi guramalar gowşaýar. Ýerli dworýanlar öz hukuklaryny giňeldip dolandyryş edaralary öz ellerine aldylar we merkezi häkimiýetiniň esasy daýanjyna öwrülip başlaýarlar. Şäherlerde hem şunuň ýaly prosess bolup geçýär. Barly gatlak hususy bähbitleriniň esasynda birleşen

topar bolup, ýerli dolandyryş guramalaryny öz eline alypdyrlar. Ol güýçli korol häkimiýetiniň tarapdary bolupdyr.

Angliýada ýaraglanan harby goşunlaryň sany az bolupdyr, çünki ýurt adalarda ýerleşýär. XVI-XVII asyrlarda iňlisler alyp baran uruşlaryny deňizlere geçiripdirler. Şonuň üçin, Angliýa deňiz flotunyň ösüşine we ony ýaraglandyrmagyna uly üns beripdir. Öňki ýaly, Angliýanyň pyýada goşuny meýletin düzülen bolupdyr. Ýylda bir gezek her welaýat meýletin goşunlary lord-leýtenantyň ýolbaşçylygynda (olary korol belläpdir) okuwa ýygnanýardy. Emma şol goşunlardan köp peýda bolmandyr. Indi Angliýanyň ykdysadyýeti we syýasaty deňiz floty bilen bagly bolupdyr.

**3.** XVI asyrda iňlis jemgyýetiniň sosial we syýasy durmuşynda düýpli özgerişler bolup geçipdir. Onuň arasynda iň möhümi *Reformasiýadyr*. Korol tarapyndan geçirilen «kimiň häkimiýeti, şonuň ynamy bolmaly» diýen syýasatyny iňlisler ýerine ýetirip başlapdyrlar. Iňlis Reformasiýasynyň syýasy kökleri XI asyra degişlidir. Papanyň täsirine garşy çykan ilkinji korol Wilgelm Basybalyjy bolupdyr. XII-XIV asyrlarda iňlis korollary hem birnäçe kararlary yglan edýärler. Iňlis feodallaryna, iňlis katolik buthanasyna öz mülklerini ýa-da emläklerini sylaglamak we wesýet etmek gadagan edilipdir. Iňlis monastyrlaryna öz mülklerini gineltmek hem gadagan edilipdir. Ruhanylara Rim papasyna ýüz tutmak gadagandy. Iňlis bolmadyk ruhanylara buthana wezipelerini eýelemek bolmaýardy. Iňlis ruhanylarynyň kazyýet işlerini diňe Angliýada çözmelidi. Ruhanylar dünýewi kazyýet işlerine gatyşmaly däldi we ş.m.

Reformasiýa bütin Ýewropada sosial-ykdysady hereketine öwrüldi.

1534-nji iňlis parlamentiniň karary boýunça, iňlis koroly «Supremantiýa barada kanuny» yglan edýär (supremantiýa – birinjilik). Kanun boýunça iňlis buthanasyna «anglikan

buthanasy» diýip at dakýarlar. Iňlis ruhanylary Rim papasyna indi salgyt tölemeli däldi. Ruhanylar diňe korola boýun egmelidi. Iňlis ýepiskoplary (welaýat dindarlaryň başlygy) we arhiýepiskopy (iňlis buthanasynyň başlygy) bellemäge diňe korolyň haky barsy. Monastyrlar ýapylyp, olaryň emläklerini korolyň eline geçirmelidi. Buthanalarda latyn dilinde däl-de, diňe iňlis dilinde ybadat etmelidi. Ilat täze anglikan taglymatyna ynanmaly we ony kabul etmelidi.

Reformasiýanyň netijesinde buthana ýerleri korolyň hazynasyny köpeldýär. Buthana bolsa döwlet edaralarynyň birine öwrüldi.

Genrih VIII we onuň birinji aýaly Ýekaterina Aragonskaýanyň gyzy Mariýa Týudor ispan koroly Filipp II aýaly bolupdyr. Mariýa Týudoryň dolandyran döwründe (1553-1558) katolik buthanasynyň öç almalary başlaýar. Mariýa Týudor anglikan buthanasynyň tarapdarlaryny rehimsiz yzarlaýany üçin oňa «Ganly Mariýa» lakamy dakypdyrlar. Emma Mariýa monastyrlara we buthana olaryň öňki ýerlerini gaýtaryp bermedi. Mariýa ölenden soň korol täjini GenrihVIII we Anna Boleýniň gyzy Ýelizaweta I geýýär (1558-1603). Ol Reformasiýany dowam edýär.

Anglikan taglymaty Ýelizaweta I (1558-1603) döwründe ýüze çykýar. Reformasiýany goldap Ýelizaweta I katolikleri rehimsiz yzarlapdyr. Buthana ýokary edarasyna ol «Ýokary komissiýa» diýip at dakypdyr. 1563-nji ýylda 39 maddadan ybarat iňlis «ynamynyň nysany» yglan edilýär we Parlament tarapyndan tassyklanylýar. «Ýokary komissiýa» administratiw, barlag, dolandyryş hukuklary berilýär. Rim papasy birnäçe gezek Ýelizaweta I garşy dildüwşik taýýarlapdyr. Dworýanlar we buržuaziýa Ýelizaweta I goldapdyr. Iňlis ýepiskoplary Ýelizaweta I gödek usuly bilen tiz wagtyň içinde özüne tabyn edýär. Daşary ýurtlardan gelen katolikler korolyň karary boýunça ýurtdan gitmäge mejbur bolupdyrlar.

**4.** Mekir we akylly Ýelizaweta I beýik geografik açyşlardan doly peýdalanypdyr. Deňiz flotuna uly üns berip, ol deňiz garakçylaryny goldapdyr. Olaryň arasynda belli bolan Frensis Dreýk Magellanyň bodazyndan geçip, Günorta Amerikanyň günbatar kenarýakasynda bolan ispan koloniýalaryny talapdyr. Alnan baýlyklaryny ol Ýelizaweta I bilen bölüşipdir. Ýelizaweta I bolsa Dreýke minnetdarlyk bildirip, ony admiral wezipesine belläpdir.

Iňlis söwdasy uly üstünlik gazanypdyr. Angliýanyň esasy bäsdeşi katolik Ispaniýa bolupdyr. Ýelizaweta I Ispaniýanyň duşmanlaryna – fransuz gugenotlaryna, niderland kalwinçilerine kömek edipdir. 1587-nji ýylda Ýelizaweta I garşy dildüwşügiň üsti açyldy. Onuň ýolbaşçysy Şotland korol-aýal Mariýa Stýuart bolupdyr. Şotlandiýanyň özünde feodallar Mariýa garşy çykypdyrlar we ony ýurtdan gaçmaga mejbur edipdirler. Ýelizaweta I buýrugy boýunça iňlis serhedinden geçen wagty Mariýany ýesir alypdyrlar. Angliýa garşy göreşde aýyplap, Ýelizaweta I ony ölüm jezasyna höküm edipdir.

Ispan koroly Filipp II Angliýa garşy «Ýeňilmez Armada» diýen deňiz flotyny ugradypdyr. Iki döwletiň arasynda harby hereket başlanypdyr. Iňlis flotunyň baştutanlygyna Dreýk bellenipdir. Gollandiýanyň floty Angliýa komek etdi. «Ýeňilmez Armada» 130 agyr we 30 transport gämilerinden ybarat bolupdyr, olar jemi 20 müň esger saklap bilipdirler. Emma çalt ýöreýän ownuk bolan iňlis gämileri mergenlik bilen ispan agyr gämilerini urupdyrlar we Demirgazyk deňzinden gysyp çykarypdyrlar. Ispanlar Angliýanyň daşyndan aýlanyp, öz watanyna gitmäge synanyşypdyrlar, emma güýçli tupan olary pytradypdyr.

Iňlis barly gatlagy öz ýurdunyň zähmetkeşlerini tozdurmak we ezmek arkaly, deňiz garakçylaryny goldap, gul söwdasyny alyp baryp, koloniýalary talap, ummasyz baýlyklaryny toplapdyr.

Şeýlelik bilen, iňlis jemgyýeti güýçli döwlet häkimiýetiniň – çäklendirilmedik monarhiýanyň – gerekdigine düşünipdir we korolyň geçirýän syýasatyny goldap başlapdyr. Emma şoňa garamazdan, maliýe taýdan korol parlamente garaşly bolupdyr. Parlament öz ykdysady garaşsyzlygyny saklapdyr we ahyrynda ýeňipdir.

**5.**XIV—XVI asyrlarda Gunbatar Ýewropa ýurtlarynyň medeniýeti ýokary göterilipdir. Alymlar dünýä hakyndaky köne düşünjeleri ret edip, tebigaty öwrenmäge uly üns beripdiler. Gaýtadan döreýiş eýýamynyň ýazyjylaryny adamlaryň gündelik durmuşy, döwrüň anyk wakalary gyzyklandyrypdyr. Olar öz döwrüniň gowgaly durmuşyny ýazyp beýan edipdirler, goşgularynda adamyň güýçli duýgularyny we tebigatyň gözelligini wasp edipdirler.

Heýkeltaraşlar we suratkeşler adam bedeniniň gurluşyny üns berip öwrenipdirler. Adamynyň güýjüne we ukybyna bolan ynam döräp başlapdyr. XV asyryň ýazyjysy şeýle diýipdir: «Adama öz arzuwyna ýetmek üçin mümkinçilik berlipdir».

XIV—XVI asyrlaryň bilimli adamlary gadymy Gresiýanyň we Rimiň medeniýetine uly höwes bildirip başlapdyrlar. Tukat we durmuşdan üzňe sungatdan tapawutlylykda, gadymy medeni ýadygärlikler şadyýan durmuşy şekillendiripdirler, adamynyň gözelligini wasp edipdirler. Olar hut şunuň, bilen-de täze ýazyjylaryň we suratkeşleriň ünsüni özlerine çekipdir.

Gadym döwrüň ýadygärliklerini söýüjiler monastyrlaryň ýerzeminlerinden gadymy golýazma kitaplary gözläp tapypdyrlar, grek hudaýlarynyň hem-de gahrymanlarynyň heýkellerini ýeriň astyndan gazyp çykarypdyrlar. Bu tapylan zatlar örän ähmiýetli bolupdyr. Käbir sungaty söýüji baýlar heýkelleri ýa-da gadymy golýazma kitaplary edinmek üçin pullaryny gaýgyrmandyrlar. Perikliň we Oktawian Awgustyň döwürdeşleriniň geplän grek hem-de latyn dillerini bilmek däp

bolupdyr. Ýazyjylar we suratkeşler gadymy grekleriň hem-de rimlileriň eserlerini yhlas bilen öwrenipdirler, olara geň galypdyrlar, öz eserlerini şolara meňzetjek bolup jan edipdirler.

Katolik buthanasy tarapyndan ýazgarylan we ondan ozalky asyrlarda ýatdan çykarylan gadymy medeniýet ýaňadan döräp başlapdyr. Şonuň üçin-de, täze medeniýetiniň dörän wagty *Gaýtadan döreýiş medeniýeti — Renessans* diýip at alypdyr. Bu medeniýet ynsan ýaşaýşy barada hakyky durmuş wakalaryny janlandyrýandygy üçin oňa gumanistik – ynsanperwer medeniýet diýip hem at berýärler.

Iňlis ýazyjysy Tomas Mor (1478-1535) ajaýyp bilim alypdyr, gadymy dilleri oňat bilipdir. Ol öz atasynyň ýoly bilen gidipdir we hukukçy bolup ýetişipdir. 1516-njy ýylda «Döwletiň iň oňat gurluşy hakynda» we «Utopiýa» diýen täze ada hakynda altyn kitap» neşir edilipdir. Şol kitapda Mor ýeriň daşyny germemegi we ykmandalaryň hem-de gedaýlaryň garşysyna gönükdirilen zabun kanunlary berk ýazgarypdyr. Ýazyjy halkyň ähli betbagtçylyklarynyň we çekýän horluklarynyň sebäbi hususy eýeçilikden ybaratdyr diýip hasap edipdir. Hökümete ol «özleriniň şahsy bähbitleri barada alada edýän...baýlaryň dildüwşigi» diýip at beripdir.

Mor özüniň toslap tapan uzakdaky «Utopiýa» (grekçeden terjime edeniňde «hiç ýerde», «dünýäde ýok ýer» diýmekdir) adasyndaky bagtly ýurdy, onuň ajaýyp şäherlerini we gülzarlyga öwrülen ekin meýdanlaryny, üýtgeşik tertip-düzgünlerini hem-de kanunlaryny ýazyp beýan edipdir. Utopiýada hususy eýeçilik, adamlaryň birleriniň beýlekilerini ezmegi ýaly hadysalar bolmandyr, baýlar-da, garyplar-da bolmandyr. Adanyň ähli ilaty zähmet çekmäge borçly bolupdyr.

Utopiýalylar gün içinde diňe 6 sagat zähmet çekýän-de bolsa, olarda önüm bol, sebäbi bu ýerde bikärler we ýaltalar ýok. Adanyň adamlary özlerine gerek zatlaryň hemmesini

mugtuna jemgyýetçilik ammarlaryndan alýarlar. Adanyň adamlary boş wagtlarynda ylym, sungat, sport bilen meşgullanýarlar.

Utopiýanyň ilatynyň gapylary mydama açyk, olarda ogurlyk ýok. Gysgançlyk döremez ýaly, olar her 10 ýyldan öz öýlerini we zatlaryny biri-birleri bilen çalyşýarlar. Utopiýalylar puly ýigrenýärler: olarda gymmatbaha daşlar çaga oýunjaklary bolup hyzmat edýär, altyndan bolsa jenaýatkärler üçin zynjyr ýasaýarlar. Tomas Moruň göz öňüne getirişi ýaly, ol geljekki adalatly gurluşy beýan edipdir. Emma ol şeýle gurluşy adamlaryň nähili döretjegini bilmändir. Şoňa görä-de, Mordan soň amala asyryp bolmajak arzuwa, durmuşdan üzňe fantaziýa *utopiýa* diýip at berip ugrapdyrlar.

Beýik ýazyjy Wilýam Şekspiriň (1564-1616) bütin ömri teatr bilen baglanyşykly bolupdyr. Ol ilkibaşda aktýor, soňra bolsa Londondaky «Globus» teatrynyň eýeleriniň biri hem bolupdyr. Şekspir 37 pýesa: tragediýalary, komediýalary, taryhy dramalary, şeýle hem köp goşgy ýazypdyr.

Şekspir köne, feodalçylyk dünýäniň soňuna çykyljak wagtyň golaýlaşýandygyna düşünipdir. Emma ol buržuaziýanyň täze dünýäsi bilen-de, onuň pul hökmürowanlygy bilen-de, bet gazanç etmek arzuwy bilen-de ylalaşyp bilmändir. Ýazyjynyň pikiriçe, erbetlik hemme ýerde dabaralanýar, ol hemme duýgyny: ynamy, adalatlylygy, söýgini zäherläpdir. «Töwerekde görýän zatlarymyzyň hemmesi deýýuslyk» diýip, şahyr aýdypdyr.

Şekspir adamyň belentligini çuňňur duýupdyr. Şekspiriň beýik tragediýasynyň gahrymany Gamlet şeýle diýýär: «Adam – bu ne ussatlyk bilen döredilen gudrat! Onuň pähim-paýhasy ne ajaýyp! Onuň eden işleri, gör, nähili dürs hem täsin. Ol älem- jahanyň gelşigi!»

Şekspir özüniň «Gamlet», «Otello», «Korol Lir», «Romeo we Julýetta» we beýleki tragediýalarynda hoşniýetli

batyrgaý adamlaryň adalatlylyk hakyndaky arzuwlarynyň nähili puç bolýandygyny görkezipdir. Ol güýçli we gaýduwsyz gahrymanlary, olaryň ýokary duýgularyny: söýgini hem-de dostlugy, wepalylygy, gaýratlylygy wasp edipdir. Ýaş juwanlar heläk bolýarlar, emma boýun bolmaýarlar. Şekspiriň gahrymanlary ykbalyň ejiz pidalary däl: olar horluk çekýärler we göreşýärler, emma dünýäni üýtgedip bilmeýärler.

## IV. Angliýa XVI-XVII asyrlaryň sepgitlerinde

**1**.XVII asyryň başlarynda Angliýada önümçilik gatnaşyklarynda uly öwrülşikler bolup geçdi. Şu döwürde önümçilikde tehnikanyň ulanylyşynyň gerimi artdy. Önümçilik gatnaşyklarynda energiýa öndürmek üçin ilkinji gurallar ornaşdyrylyp başlandy, ol gurallar suwuň hem-de ýeliň güýji bilen herekete getirilýärdi. Şol gurallaryň üsti bilen bolsa degirmenler herekete getirilýärdi, deri eýlenýärdi, demir eredilýärdi.

XVII asyryň başynda Angliýada 800 sany demir eredýän körükler bolup, olar hepde-de 3-4 tonna metaly eredipdirler. Kömrüň çykarylyşy artýardy. XVII asyryň birinji onýyllygynda Ýewropada gazylyp alynýan daşkömrüň 80% Angliýada gazylyp alnypdyr.

Angliýada içerki we daşarky söwda çalt ösýärdi. Daşarky söwdada birnäçe kärhanalar — Ost-Hindistan, Lewant (Gündogar) hem-de Moskwa kompaniýalary öňe çykdylar.

Oba hojalygynda Angliýada iri ýer eýeçilik gatnaşyklary höküm sürüp başlady. Ähli ýerler korolyň eýeçiligi hasaplanýardy, begzadalar bolsa ýeri miras galdyrjak ýa-da satjak bolsalar ýerden peýdalanýandyklary üçin oňa belli bir mukdarda pul tölemelidiler.

XVII asyrda Angliýanyň ykdysadyýetinde täze tehnika we enjamlar ornaşýardy. Tehnikanyň ornaşmagy iri

kärhanalaryň döremegine getiripdir. Şeýle kärhanalara *manufakturalar* («manus» latynça – el, «faktura» – önüm) diýipdirler. Manufakturalarda gol zähmeti ösüpdir. Ýöne onuň iki sany aýratynlygy bardy. Birinjiden, ol iri kärhana bolupdyr. Onda on ýa-da ýüze golaý hakynatutma adam zähmet çekýärdi. Ikinjiden, orta asyr hünärmentlerinden, senetçilerinden tapawutlylykda, zähmet çekýän adamlaryň ýerine ýetirýän işiniň görnüşi dürli-dürli bolupdyr. Her bir işçi özüne degişli işi ýerine ýetirýärdi. Ol bolsa önümçiligiň ösmegine uly itergi beripdir. Manufakturalaryň döremegi jemgyýetde täze gatlaklaryň emele gelmegine getiripdir. Manufakturalar şäherlerde ösüpdir we ol şäherlerde hem-de obalarda täze döwrüň iri baýlarynyň gatlagyny kemala getiripdir.

2. Angliýada önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi jemgyýetçilik gatnaşyklarynda gapma-garşylyga getiripdir. Onuň esasy sebäbi jemgyýetçilik gatnaşyklarynda gatlaklaryň arasyndaky ýiti gapma-garşylyklar bolupdyr. Bir tarapdan, köne begzadalar, beýleki bir tarapdan bolsa önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi netijesinde baýlaşan täze gatlak özleriniň girdejilerini köpeltmek isleýärdiler. Iňlis jemgyýetine köp sanly jemagat we beýleki öz-özüňi edara etmegiň ýerli dolandyryşyň bolmagy häsiýetlidi. Bu jemagatyň esasyny iňlis obasy emele getirýärdi. Obanyň adamlary oba maslahatyna üýşüpdirler. Şol ýerde kethuda saýlapdyrlar. Birnäçe obanyň wekilleriniň ýygnanyşmagynda uly maslahatlar geçirilipdir. Angliýada korollyk häkimiýetiniň güýçlenmegi bilen oba maslahatlary patysanyň ýerlerdäki wekilhanalaryna öwrülýärdiler. Birnäçe wekilhanalaryň birleşmegi graflygy düzüpdir. Ony korol tarapyndan bellenilýän şerif dolandyrypdyr. Şerif öz işinde graflygyň maslahaty bilen razylaşmaly bolupdyr. Ol ýerde bolsa esasy orun ýerli begzadalara degişli bolupdyr. Graflykda halk geňeşleri hem ýygnanyşypdyr.

XVI-XVII asyrlarda Angliýada jemagat düzgünleriniň dargamagy dowam edipdir. Güýçli oba jemagaty (folklend) bilen bir hatarda iri ýer eýeçiligi ösüp başlaýar. Begzadalaryň ýer eýeçiligi korol ýer eýeçiligini berkidipdir. Netijede ykdysady taýdan gowşan daýhan jemagatlary begzadalaryň täsirine düşýärdiler. Daýhanlaryň goňşy iri ýer eýesine - lendlora baglylygy, döwlet häkimiýeti tarapyndan olara berilýän immunitet («immunitet» – eldegrilmezlik) hukugy arkaly berkidilipdir. Immunitet hukugy lorduň içki işlerine döwlet häkimiýetiniň gatyşmazlygyny aňladýardy. Eldegrilmezlik hukugyny alan iri ýer eýesiniň golastyna düşen daýhan «sokmen» diýlip atlandyrylypdyr. Sokmen erkin hasaplanypdyr we öz ýerine eýelik etmegini dowam etdiripdir, hat-da ol mülkden hem gidip bilipdir, emma kazyýet jähtden şeýle daýhan iri ýer eýesine bakna bolupdyr. Emma XVII asyrda Angliýada iri ýer eýeçiliginiň dowam etmegine garamazdan, daýhanlaryň köp bölegi erkindi. Angliýa XVII asyryň ortasynda hem agrar ýurt bolmak bilen, onuň ilatynyň bäşden dört (4/5) bölegi obada ýaşapdyr. Oba hojalygynda iri maýa goýumlar peýda bolup, haryt önümçilik gatnaşyklary ösüpdir.

**3.**Angliýada din barada özgerişlikler korolewa Ýelizaweta I döwründen başlapdyr. Iňlis buthanasy Rim papasyndan azat bolup, ol korola boýun egmeli bolupdyr. Daýhanlar üçin buthana tölenmeli salgytlar üýtgemän galypdyr. Iňlis buthanasyna garşy çykanlar berk yzarlanylypdyr we ol korol biwepalyk diýlip hasaplanylypdyr.

Täze dörän emeldar gatlaklar iňlis dini guramalarynda özgerişlikleriň geçirilmegini, buthanadaky ýolbaşçylaryň saýlanylmagyny, olaryň korol häkimiýetinden özbaşdak bolmagyny talap edipdirler. Angliýada bu akyma *puritanizm* diýip at beripdirler. Puritanlaryň pikirleri häkimiýet tarapyndan

goldanylmansoň, olar Stýuartlar nesilşalygy döwründe resmi buthanadan ýüz dönderipdirler.

**Puritanlar we olaryň garaýyşlary.** Daýhanlaryň aglabasy hem-de şäher ilatynyň aşaky gatlaklary täze öwrülişiklere garaşypdy. Ondan başga-da, Angliýada hristiýan dininiň puritan akymy (puritanlar – dini durmuşyň zynatlaşdyrylmagyna, Isa pygamberiň heýkeliniň mahabatlandyrylmagyna we patysanyň din işlerine goşulmagyna garşy çykýardylar) köpçülikleýin ýaýrap başlaýar. Puritanlaryň arasynda täze begzadalar, baý söwdagärler, ussalar, manufakturalaryň eýeleri, gurply daýhanlar köp bolup, olar zähmetsöýerlige hem tygşytlylyga çagyrýardylar.

XVII asyryň başlarynda puritanlaryň arasynda iki akym peýda bolupdyr. Olaryň birlerini *preswiterianlar*[4] diýip atlandyrypdyrlar we olar buthana ýepiskoplarynyň saýlawly arçynlar (preswiter) bilen çalşyrylmagyny talap edýärdiler. Puritanlaryň beýleki bölegini *independentler* (garaşsyzlar) diýip atlandyrýardylar. Olar buthana guramalarynyň we jemagatlarynyň doly garaşsyz bolmagy ugrunda çykyş edýärdiler.

## V. Angliýa XVII asyryň I ýarymynda

**Angliýa XVII asyryň I ýarymynda.** XVII asyryň 40-njy ýyllarynda Angliýa ykdysady ösüş babatda oba hojalyk ýurdy bolmagynda galýardy. Şol döwürde Angliýada ýaşan 5 million ilatyň 4 milliony obalarda ýasap, oba hojalygy bilen meşgullanypdyr. Ýurduň ähli pudaklarynda orta asyrlardan bäri dowam edip gelyän köne düzgünler saklanyp galýardy. Yöne ykdysadyýetiň käbir pudaklarynda indi ykdysady ösüşiň täze

---

[4] Grekçe «presbyteros» diýen sözden terjime edilende «kethuda» diýmekligi aňladýar.

görnüşi — maýa goýum gatnaşyklary yüze çykypdyr. Ykdyşady gatnaşyklarda «ilkinji maýa goyum toplanyş we toplanan maýany täze ykdyşady ösüşlere gönükdiriş» hadysasy bolup geçýär. XVII asyryň ortalarynda daýhanlaryň aglaba köpüsi garaşly daýhanlardan ybarat bolupdyr. Olary *kopigolderler* diyip atlandyrypdyrlar. Bu döwürde Angliýada az sanly erkin daýhanlar hem bolupdyr. Olara *frigolderler* diyipdirler.

Ykdysady taýdan güýçli depginde ösýän Angliýada pul-haryt gatnaşyklarynyň giň gerimde ösmegi ilatyň durmuş taýdan gurluşyna, şol şanda oba ilatyna hem öz täsirini ýetiripdir. Oba ilaty emläk ýagdaýyna laýyklykda iki sany durmuş gatlaklaryna bölünipdir. «Oba buržuaziýasy» diýip atlandyrylýan ýokary gatlaga we ezilýän daýhanlardan, hakynatutma işçilerden ybarat bolan aşaky gatlaga bölünipdir. Ýersiz daýhanlaryň hakynatutma zähmetinden peýdalanyp baýan daýhanlaryň ýokary gatlagy kemala gelipdir. Olar öz ýerlerini ýersiz daýhanlara kärendeşine beripdirler. Az ýerli garyp daýhanlary *kotteram* diýip atlandyrypdyrlar. Olaryň azajyk ýerleri we kiçijik jaýlary bolupdyr. Daýhanlaryň täze baýlaşan ýokary gatlagy öz ýerlerini kärendesine berip, ummasyz köp girdejileri alypdyrlar. Oba buržuaziýasy daýhanlaryň täzeçe işläp, baýlaşmagy üçin amatly şertleri döredipdirler.

Angliýada şenetçiligiň we hünärmentçiligiň orta asyrlardan bäri dowam edip gelýän ösen merkezleriniň bardygyna garamazdan, XVII asyryň ortalarynda şenetçileriň ýagdaýy agyrlaşypdyr. XVI-XVII asyrlarda Angliýanyň ösüşinde orta asyrlardan bäri dowam edip gelýän ykdysadyýeti ýok etmek häsiýetli bolupdyr. Ykdysadyýetiň ösüşinde baryp XV asyrda başlanan täze etaplar XVI-XVII asyrlarda has giň gerime eýe bolup, Angliýanyň ykdysadyýetiniň, şol şanda oba

hojalygynyň ösüşinde özboluşly ýoly kemala getiripdir. Bu özgerişler tutuş 300 ýyllap dowam edipdir.

Oba hojalygynyň täze usulda maýa goýum gatnaşyklarynyň esaşynda ösmegi dowam edip gelýän ýer eýeçilik (feodalçylyk) gatnaşyklarynyň pese düşmegine getiripdir. Iri ýer eýeleriniň, mülkdarlaryň kemala gelen täze görnüşi öňkülerden has köp girdeji almak maksady bilen, öz ýerlerini erkin daýhanlara kärendesine berip başlapdyrlar. Indi ýer eýeleriniň kärendeçi daýhanlardan alýan tölegleri orta asyrlarda mülkdarlaryň (feodallaryň) daýhanlardan alan salgytlaryndan birnäçe esse köp bolupdyr.

XVII asyryň ortalarynda Angliýada bolup geçen Beýik Iňlis Buržuaz rewolýusiýasy (Başgaça oňa Angliýadaky raýatara urşy hem diýilýär) Angliýada absolýut monarhiýanyň konstitusion monarhiýa öwrülen, korol häkimiýetiniň çäklendirilip, parlamentiň uly hukuklara eýe bolan döwrüdir.

Buržuaz rewolýusiýanyň taryhy şertleri Angliýada kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetiň, korol bilen parlamentiň arasynda gapma-garşylyklaryň turmagy we güýjemegi bilen kemala geldi. Şol gapma-garşylyklar Angliýada dini uruşlar (Anglikanlar we Puritanlaryň arasyndaky) bilen utgaşyp gitdi.

Iňlis buržuaz rewolýusiýasy 3 sany raýatara urşuny öz içine alýar. Şonuň üçin hem kähalatlarda bu waka raýatara urşy diýlip hem atlandyrylýar. Şeýle hem iňlis rewolýusiýasynyň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri hem, onuň Şotlandiýa we Irlandiýa garşy alnyp barlan başybalyjylykly uruşlar we şol ýurtlaryň raýatara uruşlary bilen utgaşyp gitmegidir.

XVII asyr Angliýanyň syýasy-jemgyýetçilik gurluşynda we onuň ösüşinde möhüm wakalaryň bolan asyrydyr. Karl I 1625-nji ýylda Angliýa bilen Şotlandiýanyň arasynda parahatçylyk şertnamaşyny baglaşypdyr. Karl I Angliýany, Şotlandiýany we Irlandiýany bir korollyga birleşdirmek isläpdir. Emma Iňlis parlamentiniň wekilleriniň arasynda bu

birleşige garşy çykýanlaryň sany agdyklyk edipdir. Olar Angliýanyň bu korollyklar bilen birleşdirilmegi asyrlar boýy dowam edip gelýän däplerine we iňlis monarhiýasyna öz täsirini ýetirer diýip gorkupdyrlar. Ýakow I döwründe parlament öz ähmiýetini ýitirip başlapdyr. Korol parlamentiň rugsady bolmazdan özbaşdak salgytlary girizip başlapdyr. Bu bolsa halk köpçüliginiň närazylygyny döredipdir. Patysanyň we parlamentiň tarapdarlarynyň arasyndaky gapma-garşylyklar Karl I döwründe has hem ýitileşipdir. OI özüniň ýurdy dolandyran ýyllarynyň dowamynda birnäçe gezek (3 gezek) parlamenti çagyryp, täzeden dargadypdyr. Ol 1629-1640-njy ýyllarda (11 ýylyň dowamynda) halk ýygnagyny we lordlar palatasyny çagyrrmazdan, özbaşdak dolandyrypdyr. Goňşy döwletlere garşy alnyp barylan üznuksiz uruşlar, aýratyn hem Şotlandiýany Angliýa birleşdirmek üçin edilen şynanyşyklar ýurduň ykdysadyýetine ýaramaz täsir edipdir. Korol hazynasy boşap galypdy. Ýurduň hazynasynyň öwezini doldurmagyň esasy çykalgasy hökmünde korol Karl I täze salgytlary girizipdir. Antiki döwürden miras galan we birnäçe wagtlap ulanylman gelýän köne salgytlary girizipdir. Bu bolsa närazy halkyň çykyşlaryny artdyrypdyr. Karl I hristian dininiň katolik akymynyň wekili bolan Fransuz koroly Lýudowik XIII-niň uýasyna öýlenmegi parlamentiň agzalarynyň gahar-gazabyny ýetjek derejesine ýetiripdir.

Iňlis jemgyýetinde içki gapma-garşylyklaryň döremegi, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň ýokary depginde ösmegi ilat sany boýunça onçakly uly bolmadyk Angliýany ýokary derejä göterdi. Angliýanyň üstünlikli ykdysady ösüşi, onuň Ispaniýa we Fransiýa ýaly Ýewropanyň iri monarhiýalary bilen bäsdeşlik etmegine mümkinçilik döredýärdi. Emma ýurduň üstünlikli ösmegine garamazdan, maýa goýum gatnaşyklarynyň mundan beýläk hem ösmegine päsgel berýän käbir düzgünler, entek hem saklanyp galýardy. Ykdysadyýetiň mundan beýläk

hem maýa goýum gatnaşyklary esaşynda ösmegi üçin esaşy päsgelçilik absolýutizm (häkimiýeti çäklendirilmedik korol häkimiýeti), ýagny, senagatyň we söwdanyň ösüşinde asyrlar boýy dowam edip gelýän köne düzgünleri gorap saklamaga çalyşýan korol hökümetidi. XVI asyrda iňlis jemgyýetinde ýüze çykan durmuşy gapma-garşylyklar XVII asyryň ilkinji onýyllyklarynda has hem berkäpdi. Bu döwürde emele gelen durmuşy, syýasy we dini gapma-garşylyklar Angliýada buržuaz rewolýusiýanyň "buşlukçyşy" hökmünde 1637-1640-njy ýyllarda has güýçlenipdi. Oppozisiýanyň (garşydaş güýçler) öz hukuklaryny talap edip edýän çykyşlary barha giň ýaýraýardy. Iňlis parlamentinde ähli welaýatlardan gelen wekillerden düzülen, aşaky palatanyň (jemagatçylyk palataşy) ähmiýeti artypdyr. Angliýany Stýuartlar nesilşalygynyň dolandyran döwründe (Mariýa Stýuartyň ogullary Ýakow I we Karl I) korol häkimiýeti bilen parlamentiň arasyndaky gapma-garşylyklar has hem güýçlenipdir. Korol häkimiýeti özüniň içeri we daşary syýasatynda köne düzgünlere daýanýardy. Bu bolsa ykdysadyýetde kemala gelen täze bir gatnaşyklaryň, ýagny maýa goýum gatnaşyklarynyň we onuň netijesinde dörän täze durmuş gatlagynyň — *buržuaziýanyň*[5] bähbitlerine päsgel berýärdi. Korol hökümeti köşk çykdajylaryna we daşarky uruşlara köp mukdarda pul harçlaýardy. Hazyna boşap galypdy. Korol häkimiýeti ýer eýeçiliginiň köne düzgünlerinden gelýän tölegleri saklap galmagyň we täze salgytlary girizmegiň hasabyna hazynanyň çykdajylaryny ýapmak isleýärdi. Bu bolsa ýersiz daýhanlar bilen bir hatarda, öz hojalyklaryny täzeçe görnüşde (bazar gatnaşyklarynyň esasynda) ýöredýän iri mülkdarlaryň hem nägileligini artdyrýardy. Olar öz hojalygyny erkin dolandyrmak üçin täze düzgünli oba buržuaziýasyny

[5] «Burg» fransuzçadan terjime edilende «şäher» dimegi aňladýar. Bu adalga täze baýlaşan gatlak babatynda ulanylýar.

kemala getiripdirler. Korol hökümeti parlamentden birugsat salgyt girizip bilmeýärdi.

**XVII asyryň ortalarynda iňlis Buržuaz rewolýusiýasy. Rewolýusiýanyň sebäpleri we şertleri.** Angliýanyň koroly 11 ýyllap (1629-1640) ýurdy parlamentsiz, özbaşdak dolandyrypdyr. Bu döwürde ýurtda sözüň doly manysynda yzagalak ýer eýeçilik gatnaşyklary höküm sürýärdi. Ýurt uly öwrülişigiň — rewolýusiýanyň öňüsyraşynda durdy. Angliýadaky syýasy krizis Şotlandiýada bolup geçýän gozgalaňlar bilen berk baglanyşyklykda has hem çylşyrymlaşýardy. Stýuartlar nesilşalygynyň basybalyjylykly syýasaty netijeşinde Şotlandiýa güýç bilen Angliýa birikdirilipdi. Şotlandiýanyň ilaty puritançylygyň preşwiteriýançylyk akymyny kabul edipdirler. l637-nji ýylda Angliýanyň arhiýepiskopy Lod Şotlandiýada Anglikan buthanasyny güýç bilen ornaşdyrmaga synanyşypdyr. Şebäbi Şotlandiýadaky Anglikan buthanasy iňlis korolynyň syýasatyny Şotlandiýada ýerine ýetiriji bolup hyzmat edýärdi. Bu bolsa şotlandlary Angliýa garşy gozgalaň turuzmaga iteripdir. 1639-njy ýylda şotlandlar Angliýanyň günorta bölegini eýeläpdirler. Gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin goşmaça salgytlary girizmek zerurdy. Şonuň üçin hem Karl I parlamentiň goldawyny gazanmak üçin 1640-njy ýylyň aprelinde ony täzeden çagyrypdyr. Emma korolyň eden tamasy çykmandyr, parlament korolyň täze salgytlary girizmek hakyndaky tekliplerine turuwbaşdan garşy çykypdyr. Şol ýylyň maýynda korol parlamenti täzeden dargadypdyr. Üç hepde dowam eden parlament taryhda "Gyşga parlament" diýip atlandyrylýar.

**I raýatara urşunyň başlanmagy.** 1642-nji ýylda Angliýada raýatara urşy başlandy. Angliýanyň ilaty korolyň we parlamentiň tarapyny tutýan toparlara bölündi. Korolyň tarapdarlaryna *kawalerler* (gymmat bahaly, zynatly eşik geýýänleri şeýle atlandyrypdyrlar) diýipdirler. Olar koroldan

uly ýerleri, mülkleri peşgeş alan uly emeldarlardy. Parlamentiň tarapdarlaryny *«togalak kelleliler»* (olaryň sadaja lybaslary we gyşgajyk şaçlary bolupdyr) diýip atlandyrypdyrlar. Urşuň gidýän wagtynda parlamentiň öz düzüminde, dini-syýasy partiýalaryň arasynda öňden bar bolan içki gapma-garşylyklar güýçlenipdir. 500 adamdan gowrak parlamentiň wekilleriniň arasynda esaşy agalyk ediji güýç Preswiteriýanlar bolup durýardy. Olar ilkinji bolup parlamentde özleriniň syýasy toparlaryny (partiyalaryny) döretmegi başarypdyrlar. Preswiteriýanlaryň we parlament goşunlarynyň görnükli ýolbaşçylary graf Mançester we graf Lşşekşdi.

Ilkinji harby çaknyşyklar parlament goşunlary üçin şowşuz bolupdyr. Ýurduň ykdysady taýdan ösen günorta-gündogar graflyklary, şol sanda paýtagt Londonyň ilaty hem parlamenti goldaýardy. Emma muňa garamazdan, raýatara urşunyň ilkinji ýyllary parlament goşunlary üçin şowşuz bolupdyr. Korolyň tarapdarlaryny bolsa ýurduň yzagalak demirgazyk welaýatlary goldaýardy. 1642-nji ýylda korol ýurduň demirgazygyna gaçyp gidýär we şol ýerden parlamente garşy urşa başlaýar. Taraplaryň arasynda aýgytly söweşleriň biri 1642-nji ýylyň güýzünde Cjhill şäherinde bolup, söweş parlament goşunlarynyň derbi-dagyn edilmegi bilen tamamlanypdyr. Parlament goşunlarynyň ýolbaşçyşy *Oliwer Kromwel* parlamentiň täze nusgadaky goşunyny düzýär. Korol parlamentiň tarapdarlaryndan gaçyp, özüniň ştab-kwartirasyny paýtagtyň golaýynda ýerleşen Oksford şäherine göçürip getiripdir.

Parlament goşunlary dürli syýasy we harby sebäplere görä, korolyň hemişelik we taýýarlykly goşunlaryndan asgyn gelipdir. Parlament goşunlarynyň aglaba köpüsi hakynatutma urşujylardan ybaratdy. Şonun üçin hem olar parlamentiň rewolýusion maksatlaryna biparh garaýardylar. Goşunyň beýleki bir bölegi her graflykda we şäherlerde ýerli ilatdan

düzülen goşunlardy. Olar diňe öz graflyklarynyň çäginde hereket edýärdiler. Parlament goşunlarynyň hereketi guramaçylyk taýdan pesdi. Azyk we ýarag önümçiligi ýaramazdy.

Möhüm sebäplere görä, parlamentde agalyk edýän preswiterýanlaryň syýasy gurluşy hem gowşakdy. Olar garamaýak ilatyň hereketini korol häkimiýetine garşy göreşmegiň guraly hökmünde peýdalanypdyrlar. Ýöne halkyň hereketiniň giňden ýaýramagyndan gorkupdyrlar.

**Täze nusgadaky goşun.** Urşuň gidişinde parlamentde uly öwrülişikler bolupdyr. Parlamentde öňden agalyk edip gelýän preswiteriýanlar bilen independentleriň arasyndaky barlyşyksyz syýasy göreşleriň netijeşinde preswiteriýanlaryň agalygy peselip, parlamentde independentleriň täsiri güýçlenipdir. Olaryň görnükli ýolbaşçylarynyň biri Oliwer Kromwel (1599-1658ý) bolup, ol parlament goşunlarynyň serkerdesi bolupdyr. Ol gelip çykyşy boýunça ortaça ýaşaýan mülkdar maşgalasyndan bolup, puritançylyga laýyk terbiyelenipdir. Ol Londonda ýaşaýan baý söwdagäriň gyzyna öýlenipdir. Rewolýusiýa başlananda ol parlamentiň aşaky (jemagatçylyk) palatasynda eken. Korolyň tarapdarlaryna garşy göreşde. independentleriň abraýy gitdigiçe artýardy. 1644-nji ýyldan başlap parlamentde agalyk ediji orny independentler öz ellerine alypdyrlar. Independentler Korol häkimiýetini düýbünden yykmagy. täze dörän durmuş gatlagynyň-buruaziyanyň dini-syýasy pozisiýasyny giňeltmegi maksat edinipdirler. Bu maksada ýetmek üçin independentler halk köpçüliginiň hereketinden peýdalanypdyrlar. Independentleriň serdary O. Kromwel rewolýusiýa gatnaşan halk köpçüliginden täze esgerleri goşuna almak bilen parlamentiň goşunynyň sanyny köpeldipdir. Olaryň arasynda ozalky erkin daýhanlar (frigolderler), şenetçiler agdyklyk edýärdiler. Oliwer Kromwel rewolýusiýa meýletin gatnaşýan urşujylardan düzülen goşuny

«täze nusgadaky goşun» diýip atlandyrypdyr. Bu goşun ilkinji günlerden özüniň artykmaçlyklaryny görkezipdir. 1644-nji ýylyň iýulynda Marşton-Mur şäherinin ýanynda bolan şöweşde, täze nusgadaky goşun uly ýeňiş bilen korol goşunlaryndan üstün çykypdyrlar. Olary başgaça «demirgapdallylar» diýip atlandyrypdyrlar. Şöweş meýdanyndaky üstünlikler Kromwele harby reformany geçirmek, täze nusgadaky goşuny döretmek üçin parlamentiň goldawyny gazanmaga mümkinçilik beripdir. Parlamentde bolan ýiti çaknyşyklardan şoň 1645-nji ýylda independentler preswiteriýanlardan üstün çykypdyrlar we harby reformany geçirmäge hukuk gazanypdyrlar. Goşunyň düzüminde preswiteriýanlaryň serkerdeleriniň sany azalyp, olaryň ornuna independentleriň wekilleriniň sany köpelipdir. Olaryň içinde gelip çykyşy boýunça baý bolmadyk, ortaça ýaşaýan, sada, emma örän talantly adamlar bolupdyr. Parlamentiň täze nusgadaky goşunynyň baş serkerdesi Tomas Ferfakş, onuň orunbasary bolsa Oliwer Kromwel bolupdyr. Goşunda daýhanlaryň, şenetçileriň we ownuk söwdagärleriň meýletin gulluk etmegi onuň esasy aýratyniyklarynyň biridi. Goşunda gulluk edýän esgerleriň sany başda 22 müň adam bolmagyndan, soňra 70 müň adama ýetipdir. 1646-njy ýylyň tomsunda korol ýeňiljegini bilip, Şotlandiýa gaçyp gidýär. Ýöne şotlandlar ony 400 müň altyn pula parlamente satýarlar. 1647-nji ýylda korolyň tarapdarlarynyň soňky söweşleri şowşuz gutarypdyr.

**Independentler we Lewellerler.** 1646-njy ýylda I raýatara urşy gutardy. Parlamentde özüniň agalygyny saklap galan, preswiteriýanlar raýatara urşunyň netijelerinden razydy. Olar urşy mundan aňryk dowam etdirmek islemeýärdiler. Korol bilen ylalaşyk baglaşyp, syýasy häkimiýeti parlament bilen korolyň arasynda paýlaşmak isleýärdiler. Emma 6 ýyla çeken raýatara urşunyn netijeleri halk köpçiligini we independentleri kanagatlandyrmaýardy. Independentler urşy ahyryna çenli

dowam etdirip, rewolýusiýany doly amala aşyrmak isleýärdiler. Independentler bilen preswiteriýanlaryň bähbitleriniň we rewolýusiýanyň barşyndaky maksatlarynyn bir-birine gapma-garşy gelmegi, olaryň arasyndaky göreşiň ýitileşmeşgine getirýädi. Preswiteriýanlar parlamentde uly abraýdan peýdalanýardylar, independentler bolsa parlamentde azlygyna garamazdan, goşunda köpçülikdi.

Independentler rewolýusiýany mundan beýläk hem ösdürmäge gönükdirilen maksatnamany işläp düzdüler. Maksatnamanyň esaşyny işläp düzüji O.Kromweliň giýewsi Genri Aýrton bolup, ol independentleriň ideology we rewolyusion goşunyň generalydy. Independentleriň maksatnamasynda esaşy üns parlamentde giňden ýaýran we uly hukuklardan peýdalanýan preswiteriýanlar bilen hukuklaryny deňleşdirmekden ybaratdy. Maksatnama laýyklykda ýokary kazyýet häkimiýeti we goşuna gözegçilik etmek hukugy parlamente degişlidi. Bu maksatnamanyň talabyna laýyklykda parlament her iki ýyldan bir gezek saýlanylmalydy. Saýlaw hukugy buržuaziýanyň bähbitleri göz öňünde tutulyp, täzeden düzülipdi.

Independentler düýpli dini özgertmeler geçirmekden saklanýardylar we hukuklary kanun tarapyndan çäklendirilen merkezi buthanany saklap galýardylar. Independentler tarapyndan işlenip düzülen konstitusiýanyň özeni preswiteriýanlaryňkydan onçakly tapawutlanmaýardy. Monarhiýa we parlamentiň lordlar palatasy saklanyp galýardy.

Raýatara urşunyň gidýän döwründe parlamentde täze bir akym, ýagny ähli adamlaryň deňligi hakynda çykyş edýän adamlaryň akymy peýda bolup, olara *lewellerler* («to lewel» irl. «deňleşdirınek») diýipdirler. Lewellerler rewolýusiýanyň taryhynda syýasy tarap hökmünde ilkinji gezek 1645-nji ýylda çykyş edip başlapdyrlar. Olar birbada parlamentiň işjeň agzalarynyň köp sanlysyny (20 müň adam) öz taraplaryna

çekmegi başarypdyrlar. Lewellerler turuwbaşdan özleriniň syýasy guramalaryny döredipdirler. Bu gurama ilki Londan şäherinde dörap, soňra ýurduň ähli ýerlerine ýaýrapdyr. Lewellerleriň görnükli işgärläri we guramaçylary R.Owerton we U.Uolwin bolupdyrlar. Olaryň meşhur serkerdeşi bolsa Jon Lilbern bolupdyr (1614-1657). Jon Lilbern baý bolmadyk mülkdaryň maşgalasynda dogulýar. Londonda okap bilim alýar. J.Lilbern ýaşlykda söwda we senetçilik bilen meşgullanýar. Lilbern halkyň agyr ýagdaýynyň esasy sebäbi korollyk düzgüni diýip hasaplapdyr we oňa garşy oppozisiya hereketine goşulypdyr.

Halk içinde lewellerler uly abraýdan peýdalanýardylar. Bu bolsa O. Kromweliň preswiteriýanlar bilen bir hatarda lewellerlere hem garşy çykmagyna we olary yzarlamagyna getiripdir.

1648-nji ýylyň ýazynda şotlandlar koroly halas etmek üçin Angliýanyň demirgazygyna çozup giripdirler. Şeýlelikde, Angliýada ikinji raýatara urşy başlaýar. Korolyň özi ýesirlikde ýatan ýerinden, şotlandlar bilen gizlin gepleşik geçirip, olara köp zatlary wada berýär. 1648-nji ýylyň 17-19-njy awgustynda bolan aýgytly şöweşde korolyň hem şotlandlaryň goşuny O.Kromweliň gowy ýaraglandynlan goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Şeýlelikde, Iňlis rewolýusiýasynyň taryhynda ikinji dowür tamamlanýar.

Iňlis rewolýusiýasynyň üçünji döwrüniň esasy wakasy Angliýany respublika diýip yglan etmek ugrundaky hereketlerdi. O. Kromweliň häkimiýetiniň güýçlenmeginden gorkup, parlament onuň esasy daýanjy bolan goşuny dargatmaga synanyşypdyr. Muňa jogap edip, Kromwel parlamente goşun ugradyp, preswiteriýanlaryň parlamentden kowulmagyny gazanypdyr. Angliýany respublika diýip yglan etmekde esasy päsgelçilikleriň biri hem koroldy. 1649-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda Kromweliň we onuň tarapdarlarynyň

talap etmegi bilen parlamentiň jemagatçylyk palatasy koroly halka dönüklik etmekde we daşary ýurtlar bilen dildüwşik guramakda, şeýle hem raýatara urşunyň esasy günäkari hökmünde aýplapdyrlar. Koroly jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin ýörite Ýokary tribunal (harby kazyýet) döredilipdir. Ýokary tribunalyň karary bilen korol Karl I «ganhor we döwletiň duşmany» diýlip yglan edilýär we 1649-njy ýylyň 30-njy ýanwarynda jezalandyrylyp öldürilýär. Şeýlelikde, Angliýanyň taryhynda ilkinji Buržuaz rewolýusiýasy üstünlikli tamamlanýar. Onuň netijesinde Stýuartlar dinastiýasynyň monarhiýasy ýykylýar we Independentler respublikasynyň dolandyran döwri (1649-1653) başlandy.

**Independentler respublikasynyň dolandyran dowri.** 1649-njy ýylyň 19-njy maýynda parlamentiň karary bilen Angliýa respublika diýlip yglan edilýär. Angliýada korol hökümetinin deregine independentlerden we goşun şerkerdelerinden düzülen Döwlet geňeşi döredilýär. Onuň baştutanlygyna O. Kromwel saýlanylýar. Döwlet geňeşi kanun boýunça jemagat palatasyna hasabat bermelidi, emma iş ýüzünde O.Kromwel goşuna we buržuaziýa daýanyp, özüniň harby diktaturasyny esaslandyrypdy.

XVII asyryň ortalarynda halk köpçüligi Independentler respublikasynyn alyp barýan syýasatyna düşünip başladylar. Esasan hem onuň antidemokratik hereketlerinden soň, aýratyn hem lewellerleriň we diggerleriň hereketleriniň güýç bilen basylyp ýatyrylmagy respublikanyň halk içindäki abraýynyň peselmegine getirdi. Independentleriň korolyň tarapdarlaryna we lewellerlere garşy alyp baran ýykgynçylykly uruşlary halkyň hal-ýagdaýynyň has hem agyrlaşmagyna getirdi. Köne ýer eýeleri bilen bir hatarda, rewolýusiýanyň netijesinde baýan mülkdarlar hem ekerançylyk bilen meşgullanyp başladylar.

Ýewropanyň feodal hökümdarlary iňlis monarhiýasyny duşmançylykly garşylapdyrlar. Hatda maýa goýum gatnaşyklarynyň we buržuaziýanyň ornaşan ýurdy bolan Gollandiýada hem, jezalandyrylyp öldürilen korolyň ogluna gaçybatalga bermändir. Independentler respublikasynyň baştutany O.Krormvel Ýewropa döwletleriniň arasynda Angliýanyň abraýynyň pese gaçmagyny islemändir. Şonuň üçin hem Kromwel goňşy döwletlere garşy üstünlikli ýöriş etmek bilen Angliýanyň Ýewropadaky abraýyny ýokary götermek isläpdir. 1649-1651-nji ýyllarda iňlis goşunlary Irlandiýadaky gozgalaňlary güüç bilen basyp ýatyrdy. 1651-nji ýylyň 3-nji sentyabrynda Wuşter şäheriniň eteginde iňlis goşunlary şotland goşunlaryny derbi-dagyn etdiler. Iňlis goşunlarynyň Irlandiýany we Şotlandiýany güýç bilen eýelemegi bilen goşunda köplük bolan independentleriň köpüsiniň baýamagyna getirpdir.

O.Kromwel iri iňlis buržuaziýaşynyň we söwdasynyň bähbitlerini gorap çykyş edýärdi. 1651-nji ýylda iňlis parlamenti gämi söwdasy hakyndaky kanuny çykardy. Şol kanuna laýyklykda Angliýa diňe iňlis gämilerinde ýa-da harydy öndüren ýurdun öz gämisinde haryt getirmäge rugsat berilýärdi. Bu kanun mazmunyndan görnüşi ýaly, deňiz söwdasynda Angliýanyň esasy garşydaşy bolan we daşary ýurt harytlaryny gatnatmakdan uly girdeji alýan Gollandiýa garşy gönükdirilipdi. 1652-nji ýylda deňiz söwdasy ugrunda alnyp barlan iňlis-golland urşy başlandy. Angliýanyň deňiz goşunlary ýewropa döwletleriniň arasynda iň güýçlüleriniň biri bolmak bilen, deňiz söweşinde birnäçe gezek ýeniş gazandy. Söweş 1654-nji ýylyň aprelinde iňlis goşunlarynyň ýeňmegi we Gollandiyanyň Angliýada kabul edilen deňiz hakyndaky kanunyny ykrar etmegi bilen tamamlanypdyr.

Rewolýusiýanyň netijesinde söwda togtapdy, şeýle hem senagatyň pese gaçmagy ýurtda işşizligiň artmagyna getiripdir.

Azyk harytlarynyň bahasynyň gymmatlamagy, salgytlaryň köpelmegi halkyň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrypdyr.

**O.Kromwelin protektoraty.** XVII asyryň 50-nji ýyllarynda Independentler respublikasynyň alyp barýan syýasatynyň abrayy peşelip, ondan halk köpçüliginiň närazylygy artyp başlady. Onuň halk herekertlerine garşy alyp baran syýasaty, esasan hem, lewellerleriň we diggerleriň hereketleriniň basylyp ýatyrylmagy, halkyň ynamyny gaçyrdy. Independentleriň korolyň tarapdarlaryna we lewellerlere garşy alyp baran ýykgynçylykly uruşlary ekerançylygyň tozdurylmagyna, halkyň hal-ýagdaýynyň peselmegine getirdi. Köne ýer eýeleri bilen birlikde, rewolýusiýanyň netijesinde baýlaşan täze mülkdarlar hem iri ýerleri eýeläp, ekerançylyk bilen meşgullanyp başlapdyrlar. Bu bolsa ownuk ýer eýeleriniň, daýhanlaryň ýagdaýyny agyrlaşdyrypdyr. Raýatara urşunyň netijesinde ýurduň içeri we daşary syýasaty gowşapdyr. Bu bolsa senagatyň pese gaçmagyna we netijede ýurtda işsizligin artmagyna getiripdir. Azyk harytlarynyň gymmatlamagy, salgytlaryň köpelmegi halkyň ýagdaýyny hasam agyrlaşdyrypdyr. Independentleriň syýasatyna garşy açyk gozgalaňlar yzygiderli gaýtalanyardy. Bu bolsa ýurdy dolandyryjy gatlaklaryň arasynda dartgynlylygyň döremegine getirýärdi.

1653-nji ýylda Angliýada ýokary dolandyryjy toparlaryň arasyndaky krizis parlament bilen goşunyň yolbaşçylarynyn arasynda gapma-garşylyklaryň yüze çykmagyna getirdi. 13 ýyl bäri dowam edip gelýän «Uzak Parlamentiň» hem abrayy peselipdi. Parlament täze saýlawlary geçirmezden, öz ygtyyarlyklaryny yzygiderli dowam etdirýärdi. Halk köpçüligi ýurtda alnyp barylýan antidemoktratik hereketleriň esasy sebäpkäri parlament diýip pikir edýärdi. Halkyň parlamente bolan yigrenji gitdigiçe artýardy. Şeýlelikde, 1653-nji ýylyň

20-nji aprelinde O.Kromwel halk köpçüliginiň parlamente bolan ýigrenjinden peýdalanyp, ony dargatdy.

1653-nji ýylyň 16-njy dekabrynda O.Kromweliň tarapdarlary ony, Angliýanyň, Irlandiýanyň we Şotlandiýanyň Lord-protektory (goragçyşy) diyip yglan edyärler. O.Kromweliň protektor derejeşi oňa korolyňky ýaly doly hukuklary berýärdi. Protektorat — munuň özi monarhiýanyň özboluşly bir görnüşidi. Angliýada täze konstitusiýa kabul edilip, oňa laýyklykda ýurduň ozalky döwlet gurluşy saklanyp galýardy. Parlament we döwlet geňeşi saklanyp galýardy. Emma iş ýüzünde ýurtda Kromweliň harby diktaturasy dowam edýärdi. Ýurdy dolandyrmakda Kromweliň ýakyn kömekçileri onuň generallarydy. Kromwel ýurdy 11 sany harby okruga bölüp, özüniň ýakyn generallaryny olara gubernator edip belledi. Kromweliň protektoraty örän berk ornaşypdy. Häkimiýete garşy edilyän çykyşlar hem halk köpçüliginin hereketleri «bolgusyz ýygnanyşyklar» diýip atlandyrylýardy we güýç bilen basylyp ýatyrylýardy.

Kromwel buržuaziýanyň bähbitlerini goldaýardy. Ost-Hindistan, West-Hindistan ýaly söwda kompaniýalarynyň artykmaçlyklary saklanyp galýardy. Daniýa we Şweşiýa ýaly döwletler bilen söwda şertnamalary baglaşylýardy. Angliýa täze bakna ýerleri basyp almak maksady bilen uruşlary alyp barýardy. Bakna ýerleri eýelemekde Angliýanyň esasy bäsdeşi bolan Ispaniya garşy uruş alyp bardy. West-Hindiştanda Ýamaýka adasyny eýelediler. Daşary syýasatdaky üstünliklere garamazdan, halkyň ýagdaýy agyrdy. Protektoratyň dolandyran ýyllarynda halk köpçüliginiň, esasan hem, daýhanlaryň tolgunyşyklary güýjedi. Ýurtda dartgynly ýagdaý höküm sürýärdi. Döwlete garşy gozgalaň turuzmagy maksat edinýän toparlar döräp başlady. Şeýle sektalaryň biri 1657-nji ýylda ýurtda gozgalaň taýýarlady. 1657-nji ýylda Angliýanyň ýokary agalyk ediji gatlagynyň arasynda hem nägilelikler döredi. Şol

sanda harby diktaturalaryň öz içinde hem gapma-garşylyklar döredi. Şeýlelikde, Angliýada korol düzgünini dikeltmäge meýilli adamlar köpeldi. Olar Kromweliň protektoratyny monarhiya bilen çalyşmak isleýärdiler. 1657-nji ýylyň maýynda Kromwel özüniň täze konstitusiýasyny hödürledi. Oňa laýyklykda rewolýusiýanyň netijesinde ýatyrylan Lordlar palatasy dikeldildi we protektoratyň saýlawly häkimiýeti nesilden-nesile geçýän häkimiýet (monarhiya) bilen çalşyryldy. 1658-nji ýylda Kromweliň aradan çykmagy bilen monarhiýany dikeltmäge bolan ymtylyşlar has hem güýçlendi. Oliwer Kromweliň ogly Riçard Kromwel ýurduň protektory diýlip yglan edildi. Emma ony ýarawsyzlygy we syýasy biliminiň ýoklugy sebäpli onuň häkimiýeti uzak dowam etmedi. 1659-njy ýylda ol häkimiýetden mahrum edildi.

## Angliýa XVI asyryň ahyrynda

1660-njy ýylyn aprelinde Niderlandiýanyň Bred şäherinde, Iňlis parlamentiniň çagyrmagy bilen Karl I ogly Karl II Stýuartyň Angliýanyň koroly diýlip yglan edilyändigi hakyndaky jarnama Kabul edildi. Bu jarnama taryhda "Bred jarnamasy" diýlip atlandyrylýar. Jarnama laýyklykda Karl II rewolýusiýa wagtynda parlamentiň tarapynda durup çykyş eden adamlaryň günäsini geçmegi, din azatlygyny we ýere bolan eýeçiligiň eldegrilmesizligini goramagy wada edýär. Parlamentde agdyklyk eden preswiteriýanlar korol ýurdy wada edişi yaly, «parlament bilen ylalaşykly we bilelikde» dolandyrar diýip umyt edýärdiler. Birbada dürli eglişiklere gidenligine garamazdan, Karl II absolýut monarhiýa ýykgyn edipdir. Korol parlamentiň kanun çykaryjylyk hukugyny elinden almaga we ýerine ýetirijilik hukuguny saklap galmaga synanyşýardy. 1661-nji ýylda korolyň köp sanly tarapdarlaryndan we az sanly garşydaşlaryndan ybarat bolan

täze parlament düzülýär. Karl II birbada bu parlament bilen ylalaşyky syýasat ýöredýärdi.

"Bred şertnamaşynda" kabul edilen şertlere garamazdan, korol rewolýusiýa gatnaşyjylary köpçülikleýin jezalandyryp başlady. Ilkinji nobatda, Kromweliň we onun giýewsi Aýrtonyň jesedini guburyndan çykaryp, olary gaýtadan jezalandyrdylar. Gaýtadan dikeldilen we ähli artykmaçlyklarysaklanan Anglikan buthanasy başga ynançlara uýýan adamlary ýazgarýardy, türmeler dini ynançlary sebäpli tussag edilen adamlardan doludy. Korol, buthana we olaryň tarapdarlary rewolýusiýanyň wagtynda parlament tarapynda konfisklenen ýerleri gaýdyp aldylar.

Korol rewolýusiýa döwründe kabul edilen "üç ýyllyk" jarnamany ýatyrdy. Ýurtda örän berk tertip düzgün ýola goýuldy. Döwlet eýeçiliginden özge ähli çaphanalar ýapyldy.

Korol Fransiya ýakynlaşmak isleýärdi. Ol ýurduň Dýunkerk şäherini Fransiya satdy. O1 şeýle etmek bilen Fransiýanyň goldawyny gazanmak isleyärdi. Karl II dolandyran döwründe Angliýa Fransiýa elgarama ýagdaýa düşüpdi.

**2. Korol bilen parlamentiň arasyndaky göreş.** Korol bilen parlamentiň arasyndaky gapma-garşylyklaryň esasy sebäbi dini ynançlar bilen baglydy. Korol ýurtda hristian dininiň katolik akymyny dikeltmek isläpdir. Sebäbi katolik dini korol häkimiýeti üçin ygtybarly daýançdy. Şu maksat bilen ol 1672-nji ýylda "Dini erkinlik" hakyndaky jarnamany kabul etdi. Bu bolsa parlamentde oppozisiýanyň güýçli garşylyk görkezmegine getirdi. 1673-nji ýylda parlament "dini erkinlik" hakyndaky jarnamany ret etdi we katolik dininden ýüz öwürýändigini yglan etdi we protestant dininiň arassalygyny gorap saklamak hakynda kanun kabul etdi. Parlament rewolýusiýanyň netijesinde korolyň ähli ygtyýarlyklaryny elinden alypdy, indi parlament şol häkimiýeti elden gidermek islemeýärdi. Parlament korol ministrleriniň işine berk

gözegçilik edýärdi we korol hökümetiniň öz öňünde hasabat bermegini talap edýärdi.

Korolyň alyp barýan syýasatyndan nägile bolän esgerleriň arasynda hali-şindi topalaňlar ýüze çykýardy. Halk köpçiligi salgytlaryň köpeldilmegine, döwlet buthanasyna we buthana salgydynyň (desýatina — ondan biri) girizilmegine garşy çykyş edýärdiler. 1673-nji ýylda Angliýada biri-birine garşy syýasat alyp barýan iki sany syýasy topar — partiýa döredi. Olaryň birinjisi rewolýusiýanyň ähli ýörelgelerinden ýüz öwürýän, korolyň tarapdarlaryndan düzülen "mülk partiýasy", beýlekisi bolsa korol häkimiýeti kanuna we parlamente garaşly bolmaly diýen pikiri öňe sürýän «ýurt partiyasydy». 1679-njy ýylda korol parlamenti dargatdy, ýurtda täze parlament düzüldi. Täze parlament korolyň dogany Ýakowy tagta mirasdar bolmak hukugyndan mahrum etdi. Parlament ýurtda korolyň häkimiýetini peseltmek maksady bilen ähli çäreleri görýärdi. Şu maksat bilen parlament raýatlaryň şahsy azatlyklary baradaky kanuny kabul etdi. Bu kanun korolyň özbaşdak dolandyrylyşyna garşy gönükdirilipdir.

Korol 1681-nji ýylda parlamenti dargatdy we 4 ýyllap (1681-1685) ýurdy parlmentsiz, özbaşdak dolandyrdy.

Bu döwürde ýurtda dowam edýän syýasy göreşleriň netijesinde, ozaldan bar bolan «ýurt partiýasynyň« esasynda *wigiler* partiýasy we onuň garşydaşy bolan, korolyň tarapdarlaryndan düzülen *toriler* partiýasy döredi. 1685-nji ýylda korol Karl II aradan çykdy we onuň ogly Ýakow II Stýuart Angliýanyň koroly diýlip yglan edildi. O1 hem dini ynanjy boýunça boýunça katolikdi.

**Döwlet agdarylyşygy.** Ýakow II alyp barýan syýasaty halk köpçüliginde närazylyk döretdi. Hatda ýurtda agalyk ediji gatlagyň arasynda korolyň alyp barýan syýasatyndan närazy adamlaryň toparlanyşygy döredi. Ýurtda koroly tagtdan

agdarmagy maksat edinýän adamlar dildüwşikleri gurap başladylar. Parlamentiň tarapdary bolan wigiler partiyasynyň başlangyjy bilen wigiler we toriler döwlet agdarylyşygyny geçirmek hakynda dildüwşik guradylar. Dildüwşijiler ýurtda raýatara urşunyň başlamagyndan gorkup, Gollandiýanyň şazadaşy Wilgelm Oranskini Angliýa çagyrdylar. Wilgelm Oranski Ýakow II gyzy Mariýa Stýuartyň äridi. Şeýle hem ol dini ynanjy boýunça protestantdy, Fransiyanyň we katolik dininiň duşmanydy. 1688-nji ýylda Wilgelm II Oranski Dewonşir şäherinden Londona geldi we korol häkimiýetini eýeledi. Ýakow II bolsa Londondan gaçyp gitdi. Angliýada ýörite kanun çykaryjy parlament döredildi. Onuň talabyna laýyklykda, Mariya we Wilgelm ýurdy bilelikde dolandyrmalydy. Emma iş ýüzünde döwlet häkimiýeti Wilgelm II-niň elindedi. 1689-njy ýylyň oktýabrynda «Hukuklar hakynda resminama» kabul edilýär. Resminama laýyklykda, Wilgelm II bilen parlamentiň arasyndaky gatnaşykar, olaryň borçlary we hukuklary kesgitlenilýär. Resminama 13 bölümden (statýa) ybarat bolup, olarda parlamentiň kanun çykaryjylyk hukugy kepillendirildi. Korolyň harby, maliýe we kazyýet ulgamlaryndaky ygtyýarlyklary çäklendirildi. Ýurtda hristian dininiň protestant akymynyň agalygy dikeldildi. «Hukuklar hakyndaky resminama» mazmuny we maksady boýunça korolyň hemişelik we ýeke-täk (absolýut monarhiýa) häkimiýetine garşy gönükdirilen progressiw resminamady. Resminama 1688-nji ýylyň döwlet agdarylyşygyny kanunlaşdyrdy we Angliýada täze bir döwlet gurluşynyň — konstitusion monarhiýanyň döremegine esas bolup hyzmat etdi. Ýöne Angliýada çözülmän galan meseleler entek hem bardy.

**Angliýanyň senagat taýdan ösüşi.** XVIII asyryň ortalarynda Angliýanyň ilaty 6 mln 10 müň adama ýetipdir. Angliýanyň senagaty güýçli depginde ösýärdi. Asyryň başynda ilatyň 13%-i şäherlerde ýaşan bolsa, indi ilatyň 16%-i

şäherlerde ýaşaýardy. Ýurduň paýtagty Londan şäheri Ýewropanyň iri senagat merkezleriniň birine öwrülipdi (675 müň adam). Iňlis jemgyýetinde rewolýusiýanyň netijesinde baýan täze gatlak — buržuaziýa bilen, ýersiz galan we batrakçylyk edip, güzerany aýlaýan ýoksullaryň arasyndaky differensasiýa (aratapawut) ägirt ulydy. Bu bolsa iňlis jemgyýetiniň häsiýetli aýratynlygydy. Daýhanlaryň köpüsi ýersizdi, olar rewolýusiýanyň netjeşinde uly baýlyklary we ekerançylyk üçin amatly ýerleri edinip bilmediler. Olar hakynatutma işlerde işlemegiň ýa-da goşunda gulluk etmegiň hasabyna ýaşaýardylar. Şeýle ýagdayda Angliýanyň hökümeti halkyň gozgalaň etmeginden gorkup, mejbury ýagdaýda halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga niýetlenen işleri amala aşyrmaga mejbur bolýardy. Ilatyň has garyplaşan gatlagyny — *pauperleri* iş bilen üpjün etmäge mejbur bolýardylar, olaryň çagalaryny okadýardylar.

Angliýanyň senagatynyň ösüşinde manufaktura kärhanalaryna uly orun degişlidi. Işçiler manufaktura kärhanalarynda bilelikde işleýärdiler, bu bolsa olaryň arasynda jebisligiň döremegine, işçileriň bir-birlerine ýakynlaşmagyna getirýärdi. Netijede, XVIII asyryň başlarynda Angliýada işçileriň özbaşdak we bitewi gatlak hökmünde kemala gelmegine şert döredi. Kärhana eýeleri işçileriň çekýän zähmetlerine öz isleglerine görä hak töleýärdiler. Işşizligiň ýokary derejede bolmagy işçileriň zähmet haklarynyň arzan bolmagyna getirýärdi, olaryň ýagdaýy juda agyrdy. Şol sebäpli hem işçileriň iş taşlaýyşlary, topalaňlary häli-şindi gaýtalanýardy. Şonuň üçin hem, Angliýanyň hökümeti XVIII asyryň başlarynda işçileriň özara birleşiklerini gadagan edýän kanun kabul etdi. Emma muňa garamazdan, işçileri birleşdirýän kärhana eýeleriniň eden-etdiliklerine garşy bilelikde göreşmäge çagyrýan bileleşikler bardy. Işçiler esasan zähmet haklarynyň

köpeldilmegini, iş sagatlarynyň azaldylmagyny talap edýärdiler.

**Iňliş magaryfy.** XVIII asyryň başlarynda iňlis magaryfy gülläp ösüp, ýetjek derejesine ýetipdi. Sebäbi Angliýada magaryfyň ösüşinde önümçiligi artdyrmak, söwdany ösdürmek, deňizde ýüzüşi has-da kämilleşdirmek bilen baglanyşykly, zerur ylymlara uly üns berilýärdi. XVII asyryň ahyrynda Angliýada ylym, aýratyn hem tebigy ylymlar uly depginde ösüp başlady. Esasan hem, matematika, fizika, astronomiýa, mehanika ýaly ylymlara uly üns berilýärdi.

## VI. Angliýa 1789-1815-nji ýyllarda

XVIII asyryň ahyry — XIX asyryň başlary Angliýanyň ykdysady we senagat taýdan güýçli ösýän we dünýäde monopoliýa agalygyny saklaýan döwrüdi. Angliýa özüniň ykdysady ösüşi boýunça senagat ýurduna öwrüldi, ýurduň ykdysadyýetinde senagat esasy orny eýeledi. Angliýanyň senagat ösüşi, ony dünýäde birinji orna çykarypdyr.

Angliýanyň ykdysady taýdan ösen we kuwwatly döwlet bolmagyna garamazdan, XVIII-XIX asyrlaryň sepgidinde ýurduň içerki syýasatynda durmuşy gapma-garşylyklar bolupdyr. 1789-1799-njy ýyllarda Fransiýada bolup geçen buržuaz rewolýusiýa, Angliýada halk hereketleriniň güýçlenmegine öz täsirini ýetiripdir. Buržuaziýanyň sütemine garşy işçiler yzygiderli göreşler alyp barypdyrlar. Iňlis obalarynda daýhanlar «ýerleriň daşynyň gabalmagyna», salgytlaryň artdyrylmagyna garşy çykyş edipdirler. Goşunda we flotda gulluk etmek üçin, raýatlaryň zorluk bilen harby gulluga alynmagyna garşy nägilelikler bütin ýurda ýaýrapdyr.

*Luddistleriň*[6] alyp baran söweşleri barha güýçlenýän halk hereketleri bilen utgaşyp gidipdir. XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda bolup geçen ykdysady krizisler halkyň hal-ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrypdyr. Bu bolsa hökümetiň we iri buržuaziýanyň zulumyna garşy halk köpçüliginiň çykyşlaryny has-da güýçlendiripdir. XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda iňlis hökümeti halk hereketlerine garşy köpçülikleýin jezalandyryş çäresini geçiripdir. 1812-nji ýylda kärhanalarda enjamlaryň zaýalanmagy we tertip-düzgüniň bozulmagy üçin ölüm jezasy girizilipdir. Angliýanyň hökümeti şeýle kanunlary çykarmak bilen işçiler hereketini togtatmak isläpdir.

Angliýada aýaga galan halk köpçüligi durmuş maksatly talaplar bilen bir hatarda, ýurduň syýasy gurluşyna degişli talaplary hem öňe sürüpdirler. Olar Fransiýada Beýik rewolýusiýa döwründe jar edilen, «Raýatlaryň we adamlaryň hukuklary» hakyndaky jarnamadan ruhlanyp, onda öňe sürülýän pikirleri şygar edinipdirler. Ýurduň paýtagty London şäherinde yzygiderli gozgalaňlar bolup, olara gatnaşýanlaryň sany müňlerçe adama ýetipdir. Gozgalaň turzan halk köpçüligi korol Georg III we birinji-ministr Pittiň öňünde uly talapnamalar bilen çykyş edipdirler.

**Goşundaky we flotdaky topalaňlar.** Işçileriň, daýhanlaryň arasynda başlanan gozgalaňlaryň ýelgini goşunda we flotda gulluk edýän esgerlere hem özüniň täsirini ýetiripdir. Deňizçi esgerleriň arasynda başlanan gozgalaňlar Britan adasyny goraýan goşuny tutuşlygyna gurşap alypdyr. 1797-nji ýylda Demirgazyk deňzinde gulluk edýän deňizçi esgerler Riçard Parkeriň ýolbaşçylygynda gozgalaňçylar komitetini döredip, has işjeň hereket edipdirler. Gozgalaňçylar komiteti hökümet bilen gepleşikler geçirip, aýlyk haklarynyň

---

[6] Işçileriň betbagtçylygyny täze maşynlaryň ýüze çykmagynda görýänler olary köpçülikleýin ýagdaýda döwmek, ýok etmek bilen meşgullanypdyrlar. Olara *luddistler* diýlipdir.

artdyrylmagyny, beden temmileriniň we serkerdeleriň deňizçi esgerler bilen gödek gepleşmekleriniň bes edilmegini talap edipdirler. Gozgalaňçylar gyzyl reňkli baýdak göterip batyrgaý göreşipdirler, olaryň çykyşy üç hepde dowam edipdir. Gozgalaň güýç bilen basylyp ýatyrylyp, Riçard Parker we ýüzlerçe serkerdeler asylyp öldürilipdir, galanlary bolsa tussag edilipdir.

XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda Angliýada halk hereketleri ýokary derejä göterilipdir. Fransiýada bolup geçýän rewolýusiýa we oňa gatnaşyjylaryň öňe süren öňdebaryjy garaýyşlary iňlis halkynyň demokratik çykyşlaryna öz täsirini ýetiripdir. 1792-nji ýylda ädikçi ussa Tomas Hardiniň baştutanlygynda Londonyň korrespondentler jemgyýeti döredilýär.

Angliýada gozgalaňlaryň we halk hereketleriniň möwç urýan wagtynda, birnäçe şahsyýetler, akyldarlar öňe çykypdyr. Olaryň arasynda iň görnüklileriniň biri hem Tomas Peýn (1737-1809) bolupdyr. Ol Demirgazyk Amerikdaky bakna mülkleriň garaşsyzlyk ugrundaky göreşine gatnaşypdyr. Soňra Fransuz rewolýusiýasyna gatnaşyp, Fransiýadaky Konwentiň agzalygyna kabul edilipdir. Ol «Adam hukugy» atly eserini ýazyp, onda adam we onuň tebigy hukuklary hakynda Beýik Fransuz rewolýusiýasynda öňe sürlen pikirleri ösdüripdir.

**Irlandiýa.** 1607-nji ýylda Iňlis korolynyň golastynda Angliýa, Irlandiýa we Şotlandiýa birleşip, Beýik Britaniýa imperiýasyny döretdiler. Irlandlar iňlis agalygyna garşy hemişe göreşip gelipdirler. XVIII asyrda Angliýanyň içerki syýasy ýagdaýynyň çylşyrymlaşmagyndan peýdalanyp, irlandlaryň milli azat edijilik hereketi giň ýaýrapdyr. 1791-nji ýylda irlandlar aklawçy hem publisist Uolf Tonyň (1763-1798) baştutanlygynda Belfast şäherinde «irlandlaryň birleşigini» esaslandyrypdyrlar. «Irlandlaryň birleşmesiniň» esasy maksady dini garaýyşlaryna garamazdan, ähli irlandlary birleşdirmek we

Irlandiýanyň garaşsyzlygyny gazanmak bolupdyr. Birleşmäniň agzalary Fransiýadaky ýakobinçileriň ruhunda Irlandiýanyň döwlet gurluşyny kämilleşdirmek isläpdirler.

Angliýanyň hökümeti irlandlaryň milli azat edijilik hereketiniň bütin ýurda ýaýramagyndan gorkup, irlandlara garşy herekete girişipdir. Iňlisler gozgalaňçylaryň arasyna milli we dini agzalalyk döredip, olaryň hereketini togtatmak isläpdirler. Irlandlaryň gizlin jemgyýeti fransuz goşunlarynyň goldawy bilen gozgalaň turuzmagy meýilleşdiripdirler. 1798-nji ýylda başlanan irlandlaryň gozgalaňy iňlis hökümeti tarapyndan güýç bilen basyp ýatyrylypdyr. 1801-nji ýylda iňlis-irland uniýasy güýje giripdir. Oňa laýyklykda Irlandiýanyň ýerli kanun çykaryjy häkimiýeti bolan irland parlamenti ýatyrylypdyr. Irlandiýa Beýik Britaniýa we Irlandiýa imperatorlygyna girizilipdir. Angliýanyň parlamentinde irlandiýaly wekiller üçin ýer berlipdir: olar jemagatçylyk palatasyna 100, lordlar palatasyna bolsa 32 wekil ugradyp bilipdirler. Irlandlar iňlis hökümetiniň geçirýän çärelerine garşy Robert Emmetiň baştutanlygynda dildüwşik gurapdyrlar. 1803-nji ýylda gurnalan dildüwşik iňlis häkimiýeti tarapyndan basylyp ýatyrylyp, onuň yolbaşçylary jezalandyrylypdyr.

**Beýik Fransuz rewolýusiýasy we Angliýa.** 1789-njy ýylda Fransiýada Beýik buržuaz rewolýusiýanyň başlanmagy bilen Angliýanyň Fransiýa bilen gatnaşyklary täze häsiýete eýe bolupdyr. Iňlis parlamenti Fransuz rewolýusiýasyny duýgudaşlyk bilen goldap, ony XVII asyryň ortalarynda bolup geçen iňlis buržuaz rewolýusiýasynyň dowamy hasaplapdyrlar.

Pittiň baştutanlygyndaky iňlis hökümeti bolsa, Fransuz rewolýusiýasy Fransiýanyň ykdysady we harby kuwwatyny gowşadar we ol Ýewropada agalyk etmek ugrundaky Angliýa bilen bäsdeş bolup bilmez diýip umyt edipdir. Emma rewolýusiýa iňlis hökümetiniň garaşanyndan has agyr netije beripdir: ýurtda işçileriň hereketiniň güýçlenmegine, merkezi

hökümete garşy dürli çykyşlaryň artmagyna getiripdir. Şonuň üçin hem Angliýada rewolýusiýa garşy hökümetiň çykyşlary başlanypdyr. 1792-nji ýylda Fransiýada asylzada Burbonlar nesliniň ýykylmagy Angliýada fransuz rewolýusiýasy hakynda ýaramaz pikirleriň döremegine getiripdir.

**1789-1815-nji ýyllarda iňlis-fransuz gatnaşyklary.** 1792-nji ýylda Fransiýada monarhiýanyň ýykylmagy bilen, Angliýada Fransiýa garşy söweşler başlanypdyr. Pittiň hökümeti we iri buržuaziýa Fransiýada rewolýusion tolkunyň mundan beýläk güýjemeginden gorkupdyrlar, olar Fransiýada aşa çepçileriň ýykylmagyny we ýurduň halkara abraýynyň peselmegini isläpdirler. Angliýada wigiler partiýasyndan bolan Ç.Foksyň baştutanlygynda Pittiň hökümetine garşy oppozisiýa döräpdir. Olar Fransiýa garşy alnyp barylýan söweşi bes etmegi talap edipdirler. Fransiýa garşy urşuň dowam eden ýyllary Angliýada döwlet gaznasyna gelýän girdejiniň aglaba köpüsi harby hereketlere harç edilipdir. Döwlet bergileri 4 esse köpelipdir. Bu bolsa halkdan ýygnalýan salgydyň we gümrük töleginiň artmagyna getiripdir. Napoleon Ýewropada öz agalygny berkitmek üçin Angliýa garşy kontinental ykdysady gabaw (1806-1814) yglan edipdi. Bu bosa Angliýanyň Ýewropanyň deňiz ýollarynda söwdasynyň we agalygynyň peselmegine getiripdir. Fransuz portlary Angliýa üçin ýapylypdyr. Angliýa diňe Portugaliýa we Ispaniýa bilen ýakyn aragatnaşyk saklamak başardypdyr. Ol özüniň ýaranlaryny pul we ýarag bilen üpjün edip, olaryň Fransiýa garşy durmagyny gazanypdyr.

Napoleon tarapyndan yglan edilen kontinental ykdysady gabaw Angliýanyň ykdysady kuwwatynyň pese gaçmagyna getiripdir. 1809-njy ýylda Angliýada ykdysady çökgünlik başlanypdyr. Kontinental ykdysady gabaw zerarly, öndürilen harytlary satmak kynçylygy ýüze çykypdyr. Ownuk we orta telekeçiler uly ýitgi çekipdirler. Halkyň hal-ýagdaýy

agyrlaşypdyr. Emma Angliýanyň umman aňyrsyndaky ummasyz uly bakna mülkleriniň hasabyna Angliýa kontinental gabawa we onuň netijesinde dörän ykdysady çökgünlige garşy durmagy başarypdyr.

**Angliýanyň daşary syýasaty.** 1814-nji ýylda Napoleonyň esasy goşuny ýok edilip, Fransiýanyň harby kuwwaty peselensoň, Angliýa Ýewropa yklymynda halkara agalygyny ýerine ýetiripdir. Angliýa guryýer we deňiz söwda ýollarynda artykmaç hukuga eýe bolupdyr. Fransiýa, Gollandiýa, Ispaniýa we Portugaliýa ýaly, umman aňyrsynda ägirt uly mülkleri eýeläp, ozalky kuwwatly döwletleriň kuwwatynyň peselmegi bilen, Angliýanyň umman aňyrsyndaky mülkleriniň möçberi has-da giňäpdir. Latyn Amerikasynda ýerleşen ozalky ispan we portugal mülklerinde, Osman imperiýasynda we Gajarlar nesilşalygy tarapyndan dolandyrylýan Eýranda iňlisleriň täsiri güýçlenipdir. 1809-njy ýylda Eýran we Owganystan bilen deňhukuksyz şertnamalar baglaşylypdyr. 1812-1814-nji ýyllarda ABŞ garşy alnyp barlan söweş netijesinde Angliýa özüniň Kanadadaky agalygyny saklap galdy.

Angliýa özüniň bakna mülklerinde berk tertip-düzgün ornaşdyryp, olaryň üstünden baknadarlyk syýasatyny güýçlendiripdir. Bakna mülklerinde iňlis senagaty üçin gerekli çig mallary ummasyz mukdarda Angliýa daşapdyrlar.

Şeýlelik-de, Angliýa ägirt uly bakna mülklere we ösen senagata eýe bolmak bilen Angliýa Ýewropada we bütin dünýäde iň kuwwatly döwletleriň birine öwrülipdir.

## VII. Angliýa XIX asyryň birinji ýarymynda

**Angliýanyň senagatda we söwdada öňe geçmegi.** XIX asyryň I ýarymynda Angliýa syýasy taýdan durnukly döwletleriň biri bolupdyr. Angliýada täze bazar gatnaşyklary

hemme ýerdäkiden çalt ösýärdi. Egirme, dokma we beýleki fabrikleriň, metallurgiýa, maşyn gurluşyk zawodlarynyň, kömür känleriniň sany artýardy. Maşynlar kämilleşdirilýärdi. Zähmet öndürijiligi we hünärli işçileriň belli bir ugurdan ýöriteleşdirilmegi artýardy. Fabrik senagatynyň ösmegi, magdanyň, metallaryň we beýleki harytlaryň arzan hem-de çalt daşalmagyny talap edýärdi.

1815-nji ýylda Angliýanyň ilaty 20 million adama ýetipdir. Angliýa dünýäde iň uly iri baknadar ýurda öwrüldi. Çig malyň arzan bahadan alynmagy önümçiligiň ösmegine we senagat özgerişliklerine getiripdir. Ulaglaryň täze görnüşlerine we eýýäm öňki ýyllarda oýlanyp tapylan bug bilen işleýän otlularyň giňden ulanylmagyna bolan isleg güýçlenýärdi. Baryp 1825-nji ýylda Angliýada dünýäde ilkinji demir ýol gurlupdy, ol demir ýol Liwerpul bilen Mançesteri birleşdirýärdi. Tiz wagtdan demir ýol gurluşygy Ýewropa ýurtlarynda we ABŞ-da hem ýaýbaňlandy.

Ýük daşamagyň arzanlamagy söwdanyň janlanmagyna ýardam edýärdi. Satuw bazary giňelýärdi, şoňa görä-de, önümçiligiň eýeleri mümkin boldugyça köp öndürmäge gyzyklanýardylar. Demir ýollaryň gurluşygy metallurgiýanyň ösmegine ýardam edýärdi: demir ýol relsleri, otly öndürmek üçin çoýun, demir, polat gerek bolýardy. Täze iri senagat kärhanalary – otly çykarýan zawodlar peýda boldy, olara bolsa stanoklar, enjamlar, bug maşynlary gerekdi. Gürrüňi edilýän döwürde Angliýa «dünýäniň ussahanasyna» öwrüldi. Aslyýetinde, bu döwri *«wiktorian eýýamy»* diýip atlandyrýardylar. Döwrüň şeýle atlandyrylmagy Angliýanyň aýal koroly *Wiktoriýanyň* ady bilen baglanyşyklydy. Wiktoriýa (1819-1901) 82 ýyl ömür sürdi we şonuň 64 ýylynda korollyk täjini geýdi.

Ilkinji bug bilen işleýän gämiler ABŞ-da dörän hem bolsa, olardan esasan iňlis gämi eýeleri peýdalanýardylar. Olar

amerikan gämi eýelerinden has baýdylar, şonuň üçin-de ýelkenli gämileri bug bilen işleýänleri bilen çalşyrmaklyga kän pul harçlap bilýärdiler. Iňlis senagaty munuň üçin zerur bug maşynlarynyň we enjamlaryň eltilmegini üpjün edip biljek derejede ösüpdi. Kuwwatly söwda bug gämisi, soňra bolsa harby deňiz goşuny Angliýanyň deňizlerde agalyk etmegini öňküden-de berkitdi.

Angliýada senetçiler, hünärmenler entek örän köp bolsalar-da, olaryň harytlary öndürmekdäki paýy kemelýärdi. Iň möhüm önümler maşynlar, stanoklar, fabrikleriň we zawodlaryň enjamlary, otlular we şonuň ýaly-da matalaryň ählisi diýen ýaly orta we iri kärhanalarda öndürilýärdi. Iri maýa goýum önümçilik mahalynda senetçiler, ownuk ussahanalaryň eýeleri, köp daýhanlar tozýarlar, iri kärhanalar ownuk kärhanalary gysyp çykarýarlar, önümçiligiň belli bir ýerlerde jemlenmesi bolup geçýär.

Ýurduň demirgazygynda we günbatarynda täze senagat sebitleri çalt ösýärdi. XIX asyryň ortalarynda Angliýanyň ilatynyň eýýäm ýarysy şäherlerde ýaşaýardy. Işçileriň ýaşaýan ýeri bolan artykmaç ilatly, hapa şäher etekleri we täze baýlaryň – buržuaziýanyň ýaşaýan ýerlerinde bezemen ýaşaýyş jaýlary bolan baý şäherler peýda boldy.

XIX asyrda iri maýa goýum önümçiligi erkin bäsleşik esasynda alnyp barylýardy. Tas XIX asyryň aýaklaryna çenli iri maýa goýumçylar biri-birlerine garşy göreşde özbaşdak hereket edýärdiler. Iri haryt öndürjiler belli wagtda bazarda näçe harydyň satylyp bilinjekdigini bilmeýärdiler. Her biri mümkin boldugyça köp öndürmäge we öz öndürýän önümi ýaly önüm öndürýän bäsdeşlerini tozdurmaga çalyşýardy. Bu harytlaryň artykmaç öndürilmegine, ýagny harytlary satyn almaga adam tapylmaýan ýagdaýa eltýärdi, söwdagärler harytlary almakdan boýun gaçyrýardylar, senagatçylar hem önümçiligi kem-käsleýin ýa-da doly suratda togtatmaga, işçileriň bir bölegini

işden çykarmaga, çykarylman galanlarynyň bolsa iş hakyny kemeltmäge mejbur bolýardylar. Artykmaç önüm öndürmeklik ýurtda ykdysady krizisi döredýärdi.

**Ykdysady krizisler.** Angliýada ykdysady krizis ilkinji gezek 1825-nji ýylda ýüze çykýar. Ykdysady krizis ýeňil senagatda başlanýardy. Ilata arzan we ýokary hilli harytlar gerekdi, ýöne welin olar iş haklarynyň pesligi zerarly, ol harytlary satyn alyp bilmeýärdiler. Mysal üçin, alyjylaryň satyn alyp bilmänligi üçin, ummasyz mata üýşen mahaly dokma fabrikleri togtadylýar, olar üçin gerek maşynlara isleg gaçýar, maşyn gurluşygynda pes önümçilik döreýär. Ýa-da bolmasa, eger fabrikleriň we zawodlaryň satyn alyp biljeginden artykmaç stanok öndürilse, olaryň bahasy aşak gaçýar, käte bolsa olary satmak asla mümkin bolmaýar, onsoň olar ammarlarda toplanyp galýarlar. Stanok gurluşyk zawodlarynyň eýeleri öz kärhanalaryny ýapýarlar, işçiler bolsa işsiz galýarlar. Çoýna, demre, polada bolan isleg azalýar. Krizis metallurgiýa senagatyny hem öz içine alýar. Demir eredilýän körükler öçürilýär, daşkömre isleg azalýar. Demir ýol boýunça az haryt daşalansoň, transportda hem krizis ýüze çykýar. Krizis ol ýa-da beýleki derejede bütin senagaty, käte oba hojalygyny hem öz içine alýar.

**Işçileriň ýagdaýy.** Önümçilik eýeleri işçileri gije-gündizde 14-16 sagat işlemäge mejbur edýärdiler. Aýallaryň we çagalaryň zähmeti giňden ulanylýardy, olara uly erkek adamlara tölenýänden ep-esli az hak töleýärdiler. Işçiler ýarym aç, ýarym dok ýaşaýardylar, tiz kuwwatdan gaçýardylar, onsoň olary işden boşadýardylar. Zawod-fabrikleriň eýeleri işçileriň howpsuzlygyny üpjün etmek islemeýärdiler. Işçiler stanoklaryň döwülmegi, surnukmak, kem iýmitlenmek zerarly heläkçilikli wakalara uçrap ölýärdiler ýa-da maýyp bolýardylar. Bu ýagdaý önümçiligiň eýelerini birjikde ynjalyksyzlandyrmaýardy –

islendik haka işe durmaga kaýyl bolup duran adamlar derwezäniň aňyrsynda mydama köpdi.

Ykdysady krizis döwründe işçileriň durmuş ýagdaýy has hem peselýärdi. Olaryň arasynda işsizlik üzül-kesil artýardy. Ilatyň girdejileriniň azalmagy toplanylan harytlaryň ýerleşdirilmegini bökdeýärdi, emma şol harytlar, her niçik-de bolsa, kem-kemden satyşdyrylýardy, tiz zaýalanýan önümleriň bir bölegini bolsa, birgiden aç işçileriň bardygyna garamazdan, köplenç göz-görtele ýok edýärdiler.

Şonuň üçin-de XIX asyryň birinji ýarymynda işçiler çykyşlary Angliýada has köpçülikleýin we guramaçylykly häsiýete eýe boldy. Emma XVIII asyryň ahyrlarynda işçilere kärhana eýeleriniň garşysyna bilelikde göreşmek üçin kärdeşler arkalaşygyny – *tred-ýunionlary*[7] döretmek gadagan edilipdi. 1824-nji ýylda iňlis parlamenti tred-ýunionlary gadagan edýän kanuny ýatyrdy. Tred-ýunionlar hünärli işçileri belli bir senagat ýerleriniň we hatda bütin ýurduň möçberinde kärleri boýunça birleşdirýärdiler. Olaryň göreşiniň esasy usuly iş hakyny ýokarlandyrmaga kärhana eýelerini mejbur etmek üçin geçirilýän iş taşlaýyşlardy. Ýöne 1825-nji ýylda parlament iş taşlaýyşlary gadagan edýän kanuny kabul etdi.

**Çartistik hereketi.** Angliýada dowam edýän saýlaw ulgamyna görä, her şäher ýa-da welaýat parlamente belli bir mukdardaky sesleri ibermelidiler. XIX asyryň başlaryna çenli käbir şäherçeler boşap galypdyrlar. Emma şäherçeler boşap galsa-da, parlamentde olara berilýän ýerler saklanyp galypdyr, şol ýerlere bolsa şäherçeleriň ýerleşýän ýerleriniň lendlordlary eýeçilik edýärdiler. Boşap galan şäherlere parlamentdäki ýerleriň ýary degişli eken.

XIX asyryň 20-nji ýyllarynda saýlaw özgertmelerini geçirmek ugrunda hereketler başlaýar. Ony Angliýada çartistik

[7] «tred» — «kär» we «ýunion» — «bileleşik» diýen sözlerden.

(iňlisçe «çarter» diýmeklik – «hartiýa» sözüni aňladýar) hereketi diýip atlandyrdylar. Olary «çartistler» ýa-da türkmençe aýdylanda «hartiýaçylar» diýip atlandyrýardylar. Çartistler öz talaplaryny kagyz ýüzünde beýan edip, ýagny «hartiýa» diýlip atlandyrylýan ýörite resminama taýýarlap, parlamente gowşurýardylar.

Ýurduň senagat merkezlerinde köpçülikleýin çykyşlar, hatda polisiýa bilen tutluşyklar hem bolup geçdi. 1832-nji ýylda parlament saýlaw ulgamynda reformalary geçirmäge mejbur boldy. Ilaty boşap galan şäherçelere degişli ýerler aýrylýar. Parlamentde emele gelen şol artyk ýerler senagat şäherlerine, ilatyň gür ýaşaýan ýerlerine, Şotlandiýa we Irlandiýa berilýär. Şeýlelikde saýlawçylaryň sany iki esse artýar. Emma kanun deputatlyga saýlanmak üçin ýokary emläk senzini – çägini girizýär, şonuň üçin hem ilatyň aşaky gatlaklarynyň saýlanmaga mümkinçiligi bolmandyr.

Garyp adamlar reformalardan durmuş ýeňilliklerine garaşýardylar. Emma ol tersine bolup çykdy. Mätäçlik çekýän adamlaryň ählisini garamaýak diýip yglan edipdirler we iş öýlerine ugradypdyrlar. Şeýle öýlerde ýaşaýyş-durmuş şertleri örän agyrdy. Ol ýerde berilýän iýmitiň hili örän pesdi, adamlary kemsidýärdiler, üstesine-de maşgala agzalaryny pytradyp, aýallary, çagalary we erkek adamlary aýry-aýrylykda saklaýardylar.

Iş öýlerinde ýaşaýanlary uçursyz agyr işlerde işledýärdiler, olary daş owratmaga, ýüp örmäge mejbur edýärdiler. Köp garamaýaklar iş öýlerinde ýaşanlaryndan açlyk çekenlerini gowy görýärdiler. Emma olar parlamentdäki wekilleriniň garamaýaklaryň bähbitleri ugrunda çykyş etjekdiklerine ynanýardylar.

1836-njy ýylyň iýun aýynda Uilýam Lowettiň ýolbaşçylygynda Londonly işçileriň assosiýasiýasy (bileleşigi) döredilýär. 1838-nji ýylda bu assosiýasiýa «Halk hartiýasy»

diýlip atlandyrylan erkek adamlaryň hemmesi üçin ählumumy saýlaw hukugyny göz öňünde tutýan meýlnamanyň taslamasyny çap edýär.

Çartistleriň köpüsi göreşiň parahatçylykly ýoluny saýlap alypdyrlar. Olar öz maksatlaryna umumymilli häsiýetdäki talapnama bilen parlamente ýüz tutmak arkaly ýetip bolar diýip hasap edýärdiler. Emma çartistleriň arasynda iş taşlaýyşlaryň hatda gozgalaňlar esasynda işçileriň ýagdaýyny gowulandyryp bolar diýýänleri-de bar eken. Parlamente daşyndan zor salmagyň tarapdarlarynyň arasynda Fergýus O'Konnor (1796-1855) we Juliýan Garni (1817-1897) tapawutlanýardy. Olar maksada ýetmek üçin gerek bolsa gozgalaň hem etmeli diýýärdiler.

1839-njy ýylda Londonda çartistleriň gurultaýy – Milli konwent açylýar. Gurultaýyň teklibi bilen Angliýanyň dürli çylar ugradylylypdyr. Olaryň hataryna täze agzalary ýygnaýardylar, parlamente talapnama bermek üçin gol ýygnaýardylar. Şol ýylyň iýul aýynda aşagynda 1280 müň gol goýlan milli hartiýa parlamente gowşurylýar. Emma wekiller palatasy sesleriň köpçüligi bilen kabul etmeýärler. Muňa jogap edip, Mançesteriň, Bostonyň dokmaçylary iş taşlaýyşlary geçirdiler.

Hökümet çartistlere garşy berk çäreleri geçirdiler, olaryň ýolbaşçylary tussag edildi. Milli konwent öz işini ýatyrmaga mejbur bolýar, ýöne 1842-nji ýylda Çartistleriň milli assosiýasiýasy gaýtadan dikeldildi. Olar ýene-de aşagyna 3317702 sany gol goýlan talapnamany parlamente gowşurdylar. Emma parlament ýene-de sesleriň köpçüligi bilen ony kabul etmeýär.

1848-nji ýylda Londonda we esasy senagat şäherlerinde iş taşlaýyşlar bolup geçdi. Aprel aýynda çartistleriň Milli konwenti ýene-de ýygnandy. Bu gezek olaryň talaplaryna 6

mln. adam gol çekdi. Emma ýene-de öňki gezeklerdäki ýaly parlament ony kabul etmedi.

Işçileriň çykyşlary zawod-fabrikleriň eýelerini gorkuzdy. Şonuň üçin hem olar eglişik etmäge mejbur boldular. Iş güni 10 sagada çenli gysgaldyldy, aýallaryň we çagalaryň zähmeti çäklendirildi, hünärli işçileriň aýlyk haklary ýokarlandyryldy. Soňra hökümet parlamente saýlanmak üçin zerur bolan emläk çäklendirilmesini azaltdy, gizlin ses bermeklik girizildi, saýlaw hukugy her bir maşgalabaşy erkek adama berildi.

## III bap. Angliýanyň iň täze taryhy (XX-XXI asyrlar)

### Angliýa XX asyryň I ýarymynda

**XX asyryň başynda Angliýanyň syýasy gurluşy, içeri we daşary syýasaty.** Ýewropa XX asyryň başynda Beýik Britaniýa dünýäde öňden belli iri döwlet hasaplanýardy.



XIX asyr Beýik Britaniýanyň altyn asyry bolupdy. Şazada aýal Wiktoriýanyň dolandyran 64 ýyly (1837-1901) bu ýurduň has kuwwatlanan döwri boldy. XX asyryň başynda hem Beýik Britaniýa dünýäniň iň baý ýurdudy. Asyryň başynda ykdysady ösüşin bady boýunça has çalt ösýän ýurtlardan yza galyp başlapdy, onuň bilen basdaş ýurtlar köpelipdi. Eger 1870-1914-nji ýyllarda dünýä önümçiligi 5 esse artan bolsa, bu görkeziji beýik Britaniýada 2,2 esse bolupdy. Dünýä senagat önümçiliginde

Angliýanyň paýy 32%-den 20%-e çenli peselipdir. Iňlis ykdysadyýeti gönüden-göni bakna ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklara bagly bolup durýardy. Daşary ýurtlara maýa goýmakda welin, Angliýa öňdeligi eýeleýärdi. Ol 1900-nji ýylda 2 mlrd, 1913-nji ýylda bolsa 4 mlrd funt sterlingi daşary döwletlere maýa hökmünde çykarypdyr.

Beýik Britaniýa dünýädäki iň uly imperiýady. Onuň meýdany bakna ýerleri hem gosanymyzda 31,9 mln. inedördül kilometre barabardy. Ýurt konstitusion monarhiýa gurluşlydy. Liberal we konserwator partiýalar häkimiýet ugrunda dalaş edýän esasy syýasy güýçlerdi. Iki asyryň sepgidi konserwatorlaryň döwri bolupdy. *Konserwatorlar*[8] öňden gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny üýtgetmän saklamagyň tarapdarydy. Bakna eýeçiliklerini giňeltmek olaryň esasy arzuwydy. *Liberallar* özgertmeleriň üsti bilen jemgyýeti kämilleşdirmegiň tarapdarlarydy. Batyrgaý durmuş özgerdişleri olaryň baş şygarydy. Bu ýolda olar gerek bolsa wagtlaýyn eglişiklere hem kaýyldy. 1895-1902-nji ýyllarda Angliýada *L. Solsberiniň,* 1902-1906-njy ýyllarda *L. Balfuryň* konserwatiw hökümetleri dolandyryşda boldular. Olar berk proteksionizm syýasatyny ýöretdiler. Irlandiýa meselesinde berk pozisiýany eýelediler. 1906–1911-nji ýyllarda liberal partiýa olandyryşda boldy. Onuň hökümetlerine *G. Kempbel-Bannerman, G. Askwit, Dewid Lloýd Jorj* ýolbaşçylyk etdiler. Jorjuň hökümeti işçileriň iş şerti we gündelik durmuşy hakda ençeme kanunlary parlamente hödürläpdi. 1912-nji ýylda Beýik Britaniýada bolan kömür gazyjylaryň iş taşlaýşyna 1 milliondan gowrak adam gatnaşypdy. Iş taşlaýyşlaryň köpüsüniň soňy ganly wakalar bilen tamamlanýardy.

---

[8] «conservator» – latyn dilinden terjime edilende «goraýjy, sakçy» diýmegi aňladýar. Konserwatorlar öňden gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny üýtgetmän saklamagyň tarapdarlary. Beýik Britaniýada şol at bilen täsirli syýasy partiýa bar.

Baknalyk syýasaty Beýik Britaniýanyň syýasy durmuşynda möhüm orny tutýardy. Deňizdäki baş bäsdeşi Gollandiýany ýeňen Beýik Britaniýa XX asyryň başynda baknadarlyk syýasatynda birinjiligi gazanypdy. Ol fransuzlary Kanadadan we Hindistandan gysyp çykardy. XIX asyryň ahyrynda Müsür we Sudan britan agalygynyň täsirine düşüpdi. 1900-nji ýyla çenli Afrika Ýewropa döwletleri tarapyndan paýlaşylyp gutarylypdy. Afrikanyň Nigeriýa, Keniýa, Uganda, Tanganika, Rodeziýa we beýleki käbir ýerleri iňlisleriň eýeçiligindedi. Iňlisler Günorta Afrikany öz täsirine geçiripdirler. Bu ýerde altynyň hem-de almazyň baý känleri bardy. Bu ýerlere golland gelip çykyşly akýagyz ilat – *burlar* hojaýynçylyk edýärdi. Olar iňlisleriň bu baýlyklaryň hojaýyny bolmagyna ylalaşmandyrlar. Emma 1899-1902-nji ýyllarda dowam eden iňlis-bur urşunda burlar ýeňlipdirler. *Iňlis–bur urşy (1899–1902)* Afrikadaky uly uruşlaryň biridir. XIX asyryň ahyrynda Müsür we Gündogar Sudan britan agalygynyň täsirine düşüpdi. Iňlisler indi Günorta Afrikadaky Transwaal we Mämişi kenar respublikasyna nazaryny dikipdi. Çünki bu ýerde altynyň hem-de almazyň baý känleri bardy. Bu ýerleriň golland asylly akýagyz ilaty — burlar[9] iňlisleriň bu baýlyklaryň hojaýyny bolmagyna ylalaşmady. Iňlislere garşy uruşda burlary Germaniýa goldady. Iňlisler söweş tärleriniň täze nusgalaryny dünýä görkezdiler, «haki» atly gorag eşiklerini (şol ýeriň reňkine meňzeş, birbada saýgaryp bolmaýan) geýdiler. Bu uruşda taryhda ilkinji gezek pulemýotlar we uzak goranmak üçin niýetlenen garymlar ulanyldy.1899-1902-nji ýyllarda dowam eden iňlis-bur urşunda burlar ýeňildi. *Wereing* ýaraşyk şertnamasyna görä, Angliýa Transwaal we Mämişi kenar respublikasyny eýeledi. 1910-njy ýylda paýtagty Keýptaun

---

[9] «Bur» — «daýhan» diýen golland sözünden gelip çykyp, olar gollandlaryň frasuz gugenotlary, nemesler, ispanlar we portugallar bilen garyşmagyndan emele gelen täze halkdyr. Olara «afrikanerler» hem diýilýär.

bolan *Kap* baknasynda we öňki bur respublikalarynyň çäginde Günorta Afrika bileleşigi döredilip, olar dominion hukugyny aldylar.

Beýik Britaniýa öz bakna mülkleriniň içinde akýagyz ilatyň agdyklyk edýän ýerlerine öz-özüni dolandyrmak (dominion) hukugyny bermäge mejbur boldy. Şeýle hukugy Kanada (1867), Awstraliýa (1900), Täze Zelandiýa (1907), Günorta Afrika bileleşigini döreden öňki bur respublikalary (1910) aldy. XX asyryň başynda Irlandiýa ýene-de Beýik Britaniýadan bölünip aýrylmak ugrunda göreşe başlady. Emma Irlandiýa meselesi  çözülmän galdy.

Antanta bileleşiginiň döredilmegi bilen Angliýa Germaniýanyň duşmanyna öwrüldi. Germaniýanyň deňiz harby güýçlerini artdyrmagy Angliýany ynjalykdan gaçyrdy. 1905-nji ýylda Angliýa «Drednout» adyny alan täze kysymly bronenosesleri öndürmäge girişdi.

**Angliýa XX asyryň başyndaky halkara gatnaşyklarynda.** Senagat öwrülişiginiň tamamlanmagy, täze bazarlaryň öszleşdirilmegi, erkin söwdanyň ösmegi, maýa goýumlarynyň artmagy, täze harby tehnikalaryň ýüze çykmagy XIX asyryň ahyryndan başlap Ýewropanyň we Amerikanyň iri döwletleriniň baknadarlyk syýasatyny has-da işjeňleşdirdi. Birinji jahan urşy başlanýança dünýäniň iri döwletleri tarapyndan yzagalak ýurtlar paýlaşylyp gutarylypdy. 1900-nji ýylda baknadar döwletleriň ählisiniň bakna mülkleri 520 mln.adam ilatly (dünýäniň ilatynyň 35%-i) 73 mln.inedördül kilometr meýdany (Ýer togalagynyň gury ýer böleginiň 55% -i) tutýardy. 1914-nji ýylda bolsa eýýäm Ýer togalagynyň 66,9% territoriýasy we 60% ilaty bakna we ýarym bakna ýagdaýyndady.

*Beýik Britaniýa* döwründe öz hususy territoriýasyndan 48 esse uly meýdanly birnäçe ýurtlary bakna öwürip, olaryň

bazarlarynda hojaýynlyk etdi. Beýik Britaniýanyň eýeçilikleri Afrikanyň ähli sebitinde bardy.

XIX asyryň ahyryndan başlap çalt depginlerde ösüp başlan Germaniýa, Italiýa, ABŞ, Ýaponiýa ýaly döwletler paýlaşylan dünýäni täzeden paýlaşmak ugrunda göreşe başladylar. Bu göreş bir tarapdan täze ösüp barýan agzalan döwletler bilen, beýleki tarapdan Beýik Britaniýa, Fransiýa, Russiýa ýaly döwletleriň arasynda garşylyklary ýitileşdirdi.

**Germaniýanyň we Beýik Britaniýanyň deňiz agalygy ugrundaky bäsdeşligi.** Germaniýanyň kansleri *Bernhard fon Býulow* işjeň daşary syýasat alyp bardy. Ol reýhstagda eden çykyşynda : «Beýleki halklar öz aralarynda ýeri we suwy paýlaşanlarynda, biz nemeslere gök asmandan başga hiç zat ýetmändir. Biz özümize Günüň aşagyndan mynasyp ýer berilmegini talap edýäris» diýen şygary öňe sürüpdir. XIX asyryň 90-njy ýyllarynda Germaniýa Hytaýa kürsäp girdi. Şandun ýarymadasynda harby bazasyny gurdy. Ýuwaş okeanynda Karolin, Marşal we Marian adalaryny eýeledi. Täze bakna mülkleriniň eýelenmegi, daşary söwdanyň artmagy Germaniýadan kuwwatly deňiz flotyny döretmegi talap edýärdi. Wilgelm II «Biziň geljegimiz deňizdedir» diýen şygary ýörelge edinipdi. Eger XIX asyryň ahyrynda nemes floty dünýäde 5-nji ýerde duran bolsa, 1914-nji ýylda ol Angliýadan soň 2-nji ýere geçmegi başardy. 1895-nji ýylda Demirgazyk we Baltika deňizlerini birleşdirýän Kil kanaly açyldy. 1898-nji ýylda reýhstag harby gämileriň gurluşygy hakynda uly maksatnamany tassyklady. Bu gönüden-göni Beýik Britaniýanyň deňizdäki agalygyna uly howp salýardy. Beýik Britaniýa Fransiýanyň we Germaniýanyň bilelikdäki flotundan hem güýçli floty saklamaga çalyşýardy. Germaniýa bir harby gämi gursa, iňlis hökümeti ikisini gurmagy karar etdi. Beýik Britaniýa barha güýçlenýän garşydaşy bolan Germaniýa garşy göreşde Fransiýadan haraý isläp, onuň bilen ýakynlaşyp

başlady.

**Iňlis–fransuz şertnamasy (1904 ý.).** 1904-nji ýylyň 8-nji aprelinde Beýik Britaniýa we Fransiýa Antanta (*«Entente cordinale» — «ýürekdeşleriň ylalaşygy»*) şertnamasyna gol çekdi. Taraplar täze bakna ýerlerini paýlaşmak hakynda gizlin şertnama-da gol çekdiler. Mysal üçin, Fransiýa Beýik Britaniýanyň Müsüri eýelemegine razylyk berdi. Munuň öwezine Fransiýa Marokkoda erkin ornaşmaga hukuk aldy. Marokkanyň Gibraltar bogazyna golaý bölegi Ispaniýa berildi. Marokkanyň paýlanyşygyna Germaniýanyň hem goşulmak islemegi 1905-1906-njy ýyllaryň Marokko krizisine getirdi. Wilgelm II-niň Tanžer güzerine gelip, Marokkanyň soltanynyň garaşsyzlygyny gutlamagy Beýik Britaniýany we Fransiýany Tanžeri bitarap zolak diýip yglan etmäge mejbur etdi.

**Iňlis–rus ylalaşygy. Antanta bileleşiginiň döremegi.** Germaniýanyň Ýewropada täsiriniň artmagy Beýik Britaniýanyň «ajaýyp üzňelik» syýasatynyň soňuna çykdy. Fransiýa bilen ylalaşan Beýik Britaniýa Russiýany hem öz tarapdaryna öwürmäge howlukdy. Russiýa bilen Beýik Britaniýa bakna mülklerini paýlaşmak meselesinde bäsdeşdiler. Mysal üçin, Russiýa Merkezi Aziýanyň esasy bölegini basyp alyp, iňlisleriň esasy bakna mülki Hindistanyň alkymyna barypdy. Eýranyň Demirgazygynda ornaşan Russiýa Beýik Britaniýanyň bu ýerdäki nebit agalygyna howp salýardy. Demirgazyk-Gündogar Hytaýda demir ýol, Port-Arturda berkitme guran ruslaryň entegem Uzak Gündogardaky täsiri ýeterlikdi. Onuň Gara deňizdäki bogazlary eýelemek howpy iňlisleri has-da gorkuzýardy : ruslar Sues kanaly arkaly Hindistana gelip biljekdi.

Emma rus-ýapon urşunda Russiýanyň ýeňilmegi, 1905-1907-nji ýyllaryň rewolýusiýasy iňlislere Russiýanyň özi üçin öňküsi ýaly howply däldigini görkezdi. Bagdat demir ýolunyň gurulmagy, Germaniýanyň Pars aýlagy sebitine aralaşmagy

taraplary ýakynlaşdyrdy. Londonda «German harby gorhanasyny Pars aýlagynda göreniňden, Russiýany Konstantinopolda göreniň gowudyr» diýip netijä çykarýardylar.

1907-nji ýylyň 31-nji awgustynda Russiýa bilen Beýik Britaniýanyň arasynda Eýrany, Owganystany we Tibeti täsir zolaklaryna paýlaşmak hakynda ylalaşyga gol çekildi. Bu ylalaşyk Antanta bileleşiginiň doly resmileşdirilendigini aňladýardy.

**Angliýa birinji jahan urşy ýyllarynda (1914-1918 ýý.).** Ýewropada Üçler bileleşigi we Antantanyň arasyndaky gapma-garşylyklar 1914-nji ýyla çenli ýetjek derejesine ýetipdir. 1914-nji ýylyň 28-nji iýulynda Awstro-Wengriýa Serbiýa garşy uruş yglan edýär. Germaniýa 1-nji awgustda Russiýa garşy uruş yglan edýär. Germaniýa fransuz hökümetine hat ýollap, urşa goşulmazlygy soraýar. Ondan Russiýa bilen ýaranlygyny bozmagy we serhetýaka berkitmelerini nemes goşunyna bermegi talap edýär. Beýle masgaralaýjy talaby Fransiýa kabul edip biljek däldi. Fransiýa hem Russiýanyň tarapdary hökmünde öz goşunlaryny toplap başlaýar. Germaniýa 3-nji awgustda Fransiýa garşy urşa başlaýar. Muňa jogap edip, Beýik Britaniýa 4-nji awgustda Germaniýa garşy uruş yglan edýär. Awstro-Wengriýa 6-njy awgustda Russiýa garşy urşa başlaýandygyny duýdurýar. Şeýdip, Birinji jahan urşy tutaşýar. *Beýik Britaniýa* öz bakna ýurtlaryny saklamak, Ýewropadaky bäsdeşi Germaniýany gowşatmak, Osman döwletinden häzirki Yragyň, Palestinanyň ýerlerini basyp almak üçin uruşýardy. Uruş döwründe iňlis floty Demirgazyk we Ortaýer deňizlerinde harby taýdan agalygyny saklady. Germaniýanyň harby floty suwasty urşy güýçlendirýärdi. Çünki onuň suwasty deňiz güýçleri garşydaşlaryndan güýçlüdi. 1915-nji ýylyň fewralyndan başlap, Wilgelm II-niň buýrugy bilen Beýik Britaniýanyň, Irlandiýanyň daş-töwereginde deňizlerdäki ähli görnüşli gämiler ýok edilip başlandy. Gark edilenleriň arasynda

2 *müň* adamly *«Luzitaniýa»* iňlis ýolagçy gämisi-de bardy. Somma derýasynyň ýanyndaky söweş Brusilow böwsüşliginden 26 gün soň başlanýar. 1916-njy ýylyň sentýabrynda Somma derýasynyň ýanyndaky söweşde iňlisler taryhda ilkinji gezek söweşde *tanklary* ulanýarlar. Birinji jahan urşunyň gidişinde deňizdäki uruşlaryň iň aýgytlaýjysy Ýutlandiýanyň kenarynda 1916-njy ýylyň 31-nji maýynda – 1-nji iýunynda bolup geçdi.

Demirgazyk deňizde Beýik Britaniýa köpden bäri Germaniýanyň harby flotuny gabawda saklaýardy. German floty iňlisleriňkiden ähli babatda diýen ýaly gowşakdy. Şonuň üçin german floty açyk söweşe girmekden howatyrlanýardy.

1916-njy ýylyň maýynda nemesler deňizde gaçyp uruşmak usuly boýunça söweşip başladylar. Bu söweş tilsimi boýunça esasy güýçlerini gizläp, az sanly harby gämileri bilen görnüp-gaçyp, bukudaky esasy güýçleriniň üstüne getirip, kem-kemden iňlis gämilerini ýok edip, olary azaltmalydy. Şeýle sapalaklaryň birinde, alaçsyz, iki tarapyň esasy güýçleri çaknyşýardy. Söweşe 44 drednout, 14 linkor, 46 kreýser, 144 minonoses gatnaşypdyr. Aldym-berdimli söweşde Beýik Britaniýa 14, Germaniýa 11 harby gämisini ýitiripdir. Ýutland söweşinden soňra nemesler deňiz gabawyndan çykmak baradaky öňki arzuwyndan el çekmeli bolýarlar.

**Angliýanyň Aziýadaky we Afrikadaky frontlarda alyp baran harby hereketleri.** Birinji jahan urşuna çenli Eýran Russiýanyň we Beýik Britaniýanyň syýasy täsirindedi. 1914-nji ýylyň 2-nji noýabrynda Eýran resmi taýdan uruşda özüniň bitaraplygyny yglan edipdir. Emma uruşýan döwletler Eýranyň bitaraplygyny bozupdyrlar. Birinji jahan urşy döwründe Eýranyň Demirgazygyna rus, Günortasyna iňlis, Günbataryna türk-german goşunlary girizilipdi. Olaryň arasyndaky uruş netijesinde Eýran Birinji jahan urşunyň alnyp barylýan ýurtlarynyň birine öwrülýär. Urşuň başynda öň rewolýusiýa

döwri Eýrana salnan rus we iňlis goşunlary ýurtda saklanyp galýardy. Karun derýasynda iňlis harby gämileri bardy, iňlis otrýadlary Ahwaz, Horremşehr şäherlerini eýeläpdiler. Russiýanyň serhediniň golaýynda Eýran Azerbaýjanynda rus goşunlary bardy. 1915-nji ýylyň fewralynda rus goşuny türkleri Töwrizden gysyp çykarypdyr. Şondan soň german-türk bileleşigi hem-de rus-iňlis goşunlarynyň arasyndaky harby hereketler Günbatar Eýranda (Hemedan, Kermanşah, Hanekin) alnyp barlypdyr. Türk–german goşunlary Eýrandan ruslar we iňlisler tarapyndan gysylyp çykarylýar.

Sinaý ýarymadasynda we Palestinada meşhur iňlis diplomaty we aňtaňçysy Tomas Lourensiň wagyzlary esasynda arap taýpalarynyň türklere garşy gozgalaňy başlanypdyr. Mesopotamiýa frontunda türkler iňlislere garşy urşupdyrlar. 1917-nji ýylda Bagdadyň iňlisler tarapyndan eýelenmegi bilen Yrak frontunda Osman imperiýasy şowsuzlyga uçrapdyr. Şol ýylyň güýzünde türkler Arabystan ýarymadasyny we Palestinanyň bir bölegini elinden gideripdir. Osman döwleti Gallipoliýa ýarymadasynda şowly çykyş edipdir. 1915-nji ýylda türk goşuny Dardanel bogazyndan geçmekçi bolýan iňlis-fransuz goşunyny yza serpikdiripdir. Siriýada, Mesopotamiýada we Palestinada iňlisler ýerli arap gozgalaňçylarynyň kömegine daýanyp, türkleri boýun egdirýärler. 1918-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Osman imperiýasy Antanta bilen Mudros[10] ýaraşyk şertnamasyny baglaşmaga mejbur bolupdyr. Bu ylalaşyk Osman imperiýasyna diňe türk ýerlerini galdyryp, onuň galan ýerlerini paýlaşmagy göz öňünde tutýardy. Mundan başga-da, iňlisler Mosuly we Iskenderuny eýeläpdiler.

1914-nji ýylyň dekabrynda Beýik Britaniýa Müsüriň üstünden protektorat düzgünini girizdi. Iňlisler Sues kanalynyň

---

[10] Ýaraşyga Lemnos adasynyň Mudros portunda iňlis gämisiniň üstünde gol çekildi.

etrabyny eýeldiler. Hediw Abbas Hilmi tagtdan aýrylyp, ýerine iňlisler öz dikmesini goýdular. Iňlisler fellahlardan zähmet korpuslaryny döretdiler. 135 müň adam Sinaýda, Siriýada, Mesopotamiýada, hatda Lotaringiýada goranyş desgalaryny, harby bazalary, demir ýollary gurmak işlerinde mejbury işledildi. Müsürdäki iňlis goşunlaryny ekläp-saklamak müsür halkynyň boýnunady. Uruş Müsürde pagta önümçiliginiň artmagyna, milli senagatyň ösmegine oňaýly täsir etdi. Günorta-Günbatar Afrikada iňlisler fransuzlar bilen bilelikde nemes goşunlary derbi-dagyn edip, Kameruny eýelediler.

## Beýik Britaniýa 1918-1939-njy ýyllarda



**Dewid Lloýd Jori**

**Ýurduň syýasy durmuşy.** Beýik Britaniýada *konserwatorlar* we *liberallar* esasy syýasy güýçdi. Bu iki partiýa saýlawçylaryň ynamyny gazanyp bilşine görä gezekli-gezegine häkimiýete gelýärdi. Birinji jahan urşy ýyllarynda partiýalaryň arasynda dowam eden «milli bileleşik» uruşdan soň dargapdy. Urşuň yzysüre ýurtda liberal partiýanyň täsiri öňküden peselipdi. Indi 1906-njy ýylda işçiler partiýasy hökmünde döredilen *Leýboristik partiýa* möhüm parlament güýjüne öwrülipdi. 1918-nji ýylyň dekabryndaky parlament saýlawlarynyň netijesinde konserwatorlar bilen liberallar bileleşip, gatyşyk hökümet düzdüler. 1918-1922-nji ýyllarda dowam eden bu hökümete liberallaryň öňbaşçysy *Dewid Lloýd Jorj* (1867–1945) ýolbaşçylyk etdi. Emma hökümetde konserwatorlaryň täsiri uludy. D.L. Jorj milli birlik ideýasyna üns berip, ýurdy

kynçylyklardan çykarmak isledi. Emma liberallaryň ol wagyzlaryna gulak gabardan az bolupdy. 1918-nji we 1923-nji ýyllaryň parlament saýlawlarynda leýboristler liberallardan öňe geçipdi. Ýurtda geçirilen parlament özgertmesiniň esasynda emläk senzi esasynda 21 ýaşa ýeten erkeklere we 31 ýaşa ýeten aýallara ähli umumy saýlaw hukugy berildi.

**D.L.Jorjuň «Angliýany oýandyrmaly!» diýen şygary.** Beýik Britaniýa birinji jahan urşunda ýeňiji bolup çykypdy. Emma uruş iňlis ykdysadyýetine agyr zarba urupdy. Angliýa uruşdan öňki «dünýäniň ussahanasy» roluny bes edipdir. Ýurt öz taryhynda ilkinji gezek bergidara öwrülipdi. Döwletiň jemi bergisi 1918-nji ýylda 7,8 mlrd funt sterlinge ýetipdir. 1919-njy ýylda Angliýanyň diňe ABŞ-a 850 mln funt sterling bergisi bardy. Döwlet býujetiniň 40%-i şol bergileri üzmäge gidýärdi. Daşary söwda dolanyşygy iki esse azalypdy. Angliýanyň daşyndan getirýän harytlarynyň we alýan karzlarynyň möçberi artdy. Ine, şeýle ykdysady kynçylykdan ýurdy alyp çykmak zerurdy. Munuň üçin Dewid Lloýd Jorjuň hökümeti «Angliýany oýandyrmaly!» diýen şygary öňe sürdi. Ol hususy telekeçiligi goldamaga gönükdirilen maksatnamany düzdi.

Urşuň yzysüre Angliýada işçiler hereketi güýçlendi. Senagatyň iri pudaklarynda köpçülikleýin iş taşlaýyşlar boldy. Işçileriň bähbidini goraýan tred-ýunionlaryň täsiri güýçlendi. 1918-njy ýylda 6,5 mln adam bu guramanyň agzasydy. Olaryň arasyndan saýlanan wekiller – *şopstýuartlar* kärhanalarda işçilere wekilçilik edýärdi. Işçiler hereketiniň netijesinde köp kärhanalarda iş hepdesiniň dowamlylygy, zähmet hakynyň möçberi anyk kesgitlenilip başlandy. 1918-1920-nji ýyllarda iňlis ykdysadyýetinde birneme ýokary göteriliş bolan hem bolsa, 1920-1922-nji ýyllarda ýene krizis boldy. Iňlis ykdysadyýetiniň esasy pudaklary – gämi gurluşygy, kömür senagaty durgunlylyk ýagdaýyndady. Demirýol we kömür senagatyny millileşdirmegi işçiler hökümetden talap etdiler. Iş

taşlaýyşlar täzeden güýçlendi. Hökümet 1920-nji ýylda şahtýorlaryň iri iş taşlaýyşlaryny basyp ýatyrdy. Kömür, çoýun we polat önümçiligi pese gaçdy. 1920-1922-nji ýyllaryň krizisinden soň iňlis ykdysadyýeti uzaga çeken durnukly ösüşiň zolagyna gadam basdy. Awtoulag, elektrotehnika, himiýa pudaklarynda ösüş depginleri duýulýardy. Senagatda: *Roýal, Datş Şell, Iňlis-Eýran nebit kompaniýasy, Imperial Kemikl indastriz, Ýunilever, Danlop rabbers, Wikkers* ýaly iri monopoliýalar döredi.

1922-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda konserwatorlar hökümeti goldamagyny bes edensoň, D.L.Jorj iş başyndan aýrylýandygyny mälim etdi. Hökümetde diňe konserwatorlar galdylar. Oňa gysga wagtlyk konserwator *Bonar Lou* baştutanlyk etdi. Onuň hökümetiniň esasy hyzmaty 1923-nji ýylda ABŞ bilen baglaşylan ylalaşykdyr. Oňa laýyklykda ýurduň ABŞ-a bergisi 30%-e çenli zaldyldy, töleg möhleti 62 ýyla çenli uzaldyldy. B. Lou 1923-nji ýylyň maýynda saglyk ýagdaýy sebäpli iş başyndan aýrylansoň hökümete *Stenli Bolduin* ýolbaşçy boldy. 1923-nji ýylyň ahyrynda ýurtdaky ykdysady kynçylyk petige diredi. Netijede S.Bolduiniň konserwator hökümeti dolandyryşdan gitmeli boldy. *Ramseý Makdonaldyň* ýolbaşçylygynda *birinji leýboristik hökümet* düzüldi (1924-nji ýylyň ýanwary–noýabry).



**Jeýms Ramseý Makdonald** (1866-1937 ýý.) — Beýik Britaniýanyň 1924, 1929-1931,1931-1935-nji ýyllardaky premýer-ministri. Ol leýboristik partiýany esaslandyryjylaryň biridir. 1931-1935-nji ýyllarda konserwatorlar bilen gatyşyk hökümet düzendigi üçin ol leýboristik partiýanyň hataryndan çykarylýar.

Leýboristler parlamentde köplük däldi. Şonuň üçin olaryň

birinji hökümeti bir ýyldan hem az wagt ýurdy dolandyrypdy. 1924-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda geçirilen saýlawlarda konserwatorlar ýeňiş gazandy.

**Angliýada Stenli Bolduiniň zamanasy (1924-1929).** 1924–1929-njy ýyllarda *Stenli Bolduiniň* konserwator hökümeti ýurdy dolandyrdy.

**Stenli Bolduin** (1867-1947 ýý.) — Beýik Britaniýanyň 1923-1924, 1924-1929, 1935-1937-nji ýyllardaky 55, 57, 59-njy premýer-ministri. 1906-njy ýylda konserwatiw partiýadan parlamente saýlanýar. 1917-1923-nji ýyllarda hökümetde maliýe wezipelerini eýeläpdir. 1923-1937-nji ýyllarda konserwatorlaryň öňbaşçysy bolýar. Ol ýurdy elektrifikasiýalaşdyrmak meýilnamasyny durmuşa geçiripdir. Bir partiýada durandygyna garamazdan, ol Çerçil bilen barlyşyksyz duşmançylykda bolupdyr.



Ykdysady kynçylykdan çykmak üçin Bolduiniň hökümeti funt sterlingiň daşary ýurt pullaryna gatnaşygyny has ýokarlandyrdy. Ol iňlis harytlarynyň bahasynyň ýokarlanmagyna, netijede dünýä bazarynda onuň bäsdeşlige ukypsyzlygyna getirdi. Bolduiniň hökümeti erkin söwdany ýatyryp, proteksionistik gümrük paçlaryny girizmek syýasatyny ýöretdi. Konserwatorlar bakna mülkler bilen ykdysady hyzmatdaşlygy ýygjamlaşdyrmaga, salgytlary azaltmaga, önumçiligi höweslendirmäge, maliýe ulgamyny berkitmäge gönükdirilen syýasaty alyp bardylar. Hökümet öňem pes bolan iş haklaryny azaltdy. Ony kömür senagatyndan başlamak karar edildi. Bu tutuş ýurtda ählumumy iş taşlaýşyň başlanmagyna getirdi. Bu döwürde 5 milliondan gowrak adam iş taşlaýyşlara

gatnaşdy. Şolaryň iň irisi 1926-njy ýylda boldy. Yzygiderli iş taşlaýyşlar konserwatorlaryň abraýyny peseltdi. 20-nji ýyllarda ýurtda işsizlik 10% ýetdi. Nobatdaky saylawlarda leyboristler ýeňiş gazandy. 1929-njy ýylda Beýik Britaniýa ykdysady ösüşde birinji jahan urşundan öňki derejesine ýetdi.

1929-njy ýylyň parlament saýlawlarynda leýboristler ilkinji gezek parlamentiň jemagat palatasynda köplük ses aldy. Makdonaldyň baştutanlygynda *ikinji leýboristik hökümet* düzüldi (1929–1931).

**Dünýä ykdysady krizisiniň iňlis ykdysadyýetine täsiri. Ikinji leýboristik hökümet.** Dünýä ykdysady krizisi Beýik Britaniýany hem kyn ýagdaýa düşüripdi. Ol 1930-njy ýylyň başynda başlanyp, iň güýçlenen döwri 1932-nji ýyla gabat geldi. Senagat önümçiligi 15% peseldi. Ähli işçileriň 1/3 işsiz galdy. Kömür senagaty, metallurgiýa pudagy, daşary söwda krizisden has uly zyýan çekdi. 1931-nji ýylda hökümet milli walýutanyň altyn gymmatyny ýatyrdy. Netijede puluň hümmetsizlenmegi 30% çenli ýokarlandy. Emma bu çäre önümiň özüne düşýän gymmatyny aşaklatmaga, netijede senagat önümçiliginiň artmagyna getirdi. Britan Bileleşigine girýän ýurtlaryň «sterling bileleşigi» döredildi. Oňa Bileleşigiň agzalaryndan başga-da, Gresiýa, Portugaliýa, Şwesiýa, Daniýa, Norwegiýa, Finlýandiýa, Eýran, Müsür, latynamerikan ýurtlarynyň ençemesi girdi. Çünki olaryň walýuta gorlary, esasan, Londonda saklanýardy. Şonuň üçin olar özz walýutalarynyň kursuny iňlis funt sterlingine deňleşdirdiler. Geçen asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyrynda iňlis walýutasy dünýä söwda dolanyşygynyň 40-50%-ni tutýardy. Iňlis hökümeti krizisden çykmak üçin erkin söwdany ýatyryp, proteksionizm syýasatyna geçdi. Bakna ýurtlar bilen gümrük paçsyz söwda dowam etdirildi, beýleki ýurtlardan Angliýa getirilýän harytlara onuň gymmatynyň 10%-i möçberinde ýokary gümrük salgytlary girizildi. Funt sterlingiň altyn

gymmatynyň ýatyrylmagy Angliýadan daşyna maýa çykarmaga böwet boldy, proteksionizm syýasaty bolsa ýurduň içinde täze senagat pudaklarynyň ösüşine itergi beripdir. Emma hökümete ýurdy krizisden çykarmak başartmady. Makdonald öz partiýasyna ikilik edip, konserwatorlaryň tarapyna geçdi. Leýboristik hökümet iş başyndan aýrylmaga mejbur boldy. 1931-nji ýylyň saýlawlarynda hiç partiýa hem artykmaçlyk gazanyp bilmedi. Leýboristler, konserwatorlar, liberallar bileleşip, «milli hökümeti» düzdüler. Oňa Makdonald baştutanlyk etdi. Emma parlamentde konserwatorlaryň täsiri uludy. Olaryň lideri, maliýe ministri Newil Çemberlen aýratyn abraýdan peýdalanýardy.

**«Milli hökümetiň» we konserwatorlaryň içeri syýasaty.** Milli hökümet krizisiň hem-de halkyň nägileliginiň güýjän döwründe dolandyryşa gelipdi. 1932-nji ýylda işsizler Londona «açlyk ýörişini» guradylar. 1 mln adam öz ýagdaýlarynyň gowulandyrylmagyny talap edýän talapnamany hökümete gowşurdylar. Milli hökümet tygşytlylyk syýasaty netijesinde ýurdy krizisden çykardy. Sosial ätiýaçlandyrmalary giňeltmek we işçilere kömek etmek barada çäreler işlenip düzüldi. 1934-nji ýylda senagat krizisden öňki derejesine ýetdi. Emma ýene 1937-nji ýylda ýurdy krizis gurşap aldy. Kömür, dokma, gämi gurluşygy pudaklarynda barybir ösüş krizisden öňki derejesine ýetmedi. 1938-nji ýylda işsizleriň sany 2 mln adamdan geçdi. 1935-1937-njy ýylda konserwatorçylyk partiýasyndan Stenli Bolduin, 1937-1940-njy ýyllarda *Newil Çemberlen* hökümet baştutanlary boldular. 1937-nji ýylda parlament bilen korolyň arasynda gapma-garşy durmaklyk ýüze çykdy. Onuň sebäbi 1936-njy ýylda korol Eduard VII aradan çykansoň (ol 1910-njy ýylda tagta çykypdy) mirasdüşer şazada Eduard VIII diňe öz saýlan zenanyna — öň iki gezek adamsyndan aýrylyşan, owadan hem edenli amerikan zenany Uellis Simpsona öýlenmäge rugsat berlenden soň täç

geýjekdigini aýdypdyr. Emma iňlis hökümeti bu nika garşy bolupdyr. Bolduiniň hökümeti iş başyndan aýryljakdygyny aýdyp, haýbat atypdyr. U. Çerçil bolsa korolyň tarapyny alyp, palamentde korolyň fraksiýasyny döretmäge synanyşypdyr. Emma Eduard söýgüli zenanynyň hatyrasyna tagtdan el çekipdir. Ýerine Georg VI tagta çykypdyr. Monarhiýa krizisi ýurtda parlamentiň abraýyny artdyrypdyr. Ilkinji gezek premýer-ministriň erk-ygtyýarlygy hukuk taýdan berkidilipdir.

**Irlandiýa meselesi.** XX asyryň başynda Irlandiýa ýene-de Beýik Britaniýadan bölünip aýrylmak ugrunda göreşe başlady. 1908-nji ýylda Irlandiýanyň özbaşdak dolandyrylmagynyň tarapdarlary öz guramasyny döretdiler. 1914-nji ýylda iňlis hökümeti Irlandiýanyň iňlis wise-korolynyň gözegçiliginde öz-özüni dolandyrmagy hakdaky kanuny *(gomrul)* kabul etdi. Emma bu kanuna Irlandiýanyň demirgazyk graflygy – Olsteriň ilaty garşy çykdy. Bu ýerde Irlandiýanyň beýleki ýerlerinde agalyk edýän katolik däl-de, protestant[11] ugruna uýýan iňlis we şotlan ilaty köpdi. Angliýa bilen birleşmegiň tarapdarlary («ýunionçylar») bu kanunyň Olstere degişli edilmezligini gazandylar. Bu ýagdaý hem irlandlaryň özbaşdaklyk ugrundaky hereketini gaýtadan güýçlendirdi. 1916-njy ýylyň aprelinde irlandlaryň güýçli gozgalaňy basylyp ýatyryldy. Emma Irlandiýanyň rewolýusion partiýasynyň has radikal *«Şin Feýn» («Biziň özümiz»)* ganaty ýaragly göreşi togtatmady. 1918-nji ýylyň parlament saýlawlarynda «Şin Feýn» iňlis parlamentinde Irlandiýa berlen ýerleriň ählisini diýen ýaly almagy başardy. Emma olar iňlis parlamentiniň işine gatnaşmakdan boýun towlap, 1919-njy ýylyň 21-nji ýanwarynda özlerini garaşsyz Irlandiýanyň parlamenti diýip yglan etdiler. Irlandiýanyň ilkinji prezidenti *Edmon de Waleri* boldy. Irland respublikan goşuny bilen iňlis

---

[11] Protestantçylyk — hristian dininiň üç ugrunyň biri.

goşunlarynyň arasynda ganly çaknyşyklar dowam etdi. Ahyrynda Beýik Britaniýa geçirilen gizlin gepleşikleriň netijesinde 1921-nji ýylyň dekabrynda Irlandiýa *dominion* hukugyny berýär. Olsteriň 6 graflygy bolsa Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň birleşen korollygynyň düzüminde galdyrylýar. Muňa jogap edip Irlandiýada raýatara urşy tutaşýar. Diňe 1933-nji ýylda irland parlamenti iňlis monarhyna wepalyk hakdaky kasamy ýatyrýar. 1922-1949-njy ýyllarda Irlandiýa Milletleriň Britan arkalaşygyna girdi. 1937-1949-njy ýyllarda döwletiň ady Eýre diýlip atlandyryldy. 1949-njy ýylda Irlandiýa özygtyýarlylygyny yglan edýär.

**Daşary syýasaty.** Wersal–Waşington şertnamalar ulgamy Angliýanyň halkara gatnaşyklaryndaky pozisiýalaryny has-da berkidipdi. Iňlis bakna eýeçilikleriniň meýdany 26 mln inedördül km, ilaty bolsa 13 mln adama çenli artypdy. Angliýa Germaniýanyň öňki bakna mülklerinden 5,5 mln ilatly 21 mln inedördül km çäge, öňki Osman imperiýasynyň çägindäki 4 mln adamly 500 müň inedördül km çäge mandat hukugyny alypdyr. Mandat düzgüni boýunça Angliýa öz bakna mülklerini giňeltdi. Ol Transiordaniýany, Yragy, Palestinany aldy. Afrikada ol Fransiýa bilen nemes eýeçilikleri Kamerun bilen Togony paýlaşdy. Müsür ýüzleý garaşsyz bolan hem bolsa, ol iňlis täsirindedi.

1919-njy ýylda Angliýanyň Owganystany harby taýdan boýun egdirmek synanyşygy bilen başlanan III iňlis-owgan urşy şowsuz tamamlandy. Angliýanyň şol ýylda Eýranyň boýnuna dakmak islän deňhukuksyz şertnamasy hem kagyz ýüzünde galdy. Birinji jahan urşundan soň Beýik Britaniýanyň bakna mülklerinde azatlyk ugrunda hereketler güýçlendi. Müsürde bolan gozgalaňlar zerarly Beýik Britaniýa onuň üstünden *protektorat*[12] hukugyndan el çekdi (1936). Sues

---

[12] Protektorat — «howandar» diýen latyn sözünden gelip çykyp, döwletliligiň daşky alamatlarynyň saklanyp galýandygyna garamazdan, deň

kanalyna gözegçiligi welin, öz elinde saklady. 1920-nji ýylda Angliýa Yrakda daşary ýurt agalygyna garşy umumyyrak gozgalaňyny basyp ýatyrdy. 1922-nji ýylda Angliýa bilen baglaşylan şertnama Yragyň garaşlylygyny has-da berkitdi. Yrak ähli meseleleri çözmekde iňlis ýokary komissarynyň «maslahatlaryna» eýermelidi. 1932-nji ýylda Yrak ýüzleý garaşsyzlygyny gazananam bolsa, ýurtda Angliýanyň agalygy saklanyp galdy.

Hindistanda milli azat edijilik güýçlenmegi Angliýany oňa käbir eglişikleri etmäge mejbur etdi. Iňlisler bu baý ülkäni meýletin taşlap gidibermek pikirinden daşdady. U.Çerçill aýtmyşlaýyn, «britan täjiniň iň gowy almazyndan» – Hindistandan mahrum bolmazlyk üçin, iňlis hojaýynlary türmede oturan M.Gandini tussaglykdan boşadyp, onuň bilen 1931-nji ýylyň güýzünde Londonda iňlis-hindi gepleşiklerini geçiripdirler. Onuň netijesinde M.Gandi bilen Hindistanyň wise-koroly Irwiniň arasyndaky ylalaşyk baglaşylyp, ol boýunça Gandi boýun egmezlik hereketiniň bes edilýändigini jar edýär. Gepleşiklerde Gandi «Hindistanyň raýatlarynyň esasy hukuklary we borçlary» atly kanunyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmaga hödürleýär. Taslamada Hindistany dini ynançlary boýunça dolandyryş taýdan täzeden üýtgetmek teklip edilýärdi. Bu meseläniň goýulmagy indus-musulman dini garşylyklarynyň güýçlenendigini görkezýärdi. Hindistanyň wekilleriniň dini dawalary maslahatyň netijesiz gutarmagyna getiripdir. Hindistanyň özygtyýarlylygy hakyndaky esasy mesele asla ara alyp maslahatlaşylmandyr.

1931-nji ýylda iňlis parlamenti *Westminster statutyny* kabul etdi. Oňa laýyklykda metropoliýanyň dominionlar (Kanada, Täze Zelandiýa, Awstraliýa) babatynda kabul edýän islendik kanuny olaryň öz razylygyny almazdan kabul edilmeli

---

bolmadyk şertnamanyň esasynda bir döwletiň protektor-döwlete tabyn edilmegi.

däldi. Dominionlaryň parlamentleriniň hukuklary artdyrylyp, indi olara iňlis kanunlary täsir etmeýärdi.

D.L. Jorjuň hökümeti Pariž maslahatynda hem «rus meselesini» onuň içindäki ähli syýasy güýçler bilen konstruktiw dialogy ýola goýmak bilen çözmegiň tarapdarydy. Emma maslahatda sowet Russiýasyna garşy harby interwensiýa guramak kararyna gelindi. Angliýa hem Ýewropa döwletleriniň 1918-1920-nji ýyllarda Sowet Russiýasyna garşy 14 döwletiň bileleşip guran harby interwensiýasyna işjeň gatnaşdy. Bu maksat üçin ol 1 mlrd altyn rubl harçlady. Interwensiýa şowsuz tamamlanansoň, Jorj bolşewikleriň hökümeti bilen kadaly gatnaşyklary alyp barmagy saýlapdyr. 1921-nji ýylda sowet-britan söwda şertnamasy baglaşylýar. Emma Genuýa maslahatynda konserwatorlaryň öňbaşçylary Çerçil, Çemberlen, Kerzon Sowet Russiýasyny de-ýurede ykrar etmegiň tarapdary däldigini görkezdiler. 1924-nji ýylda Angliýa SSSR bilen diplomatik gatnaşygy ýola goýdy. Emma 1927-nji ýylda ol ýene-de kesildi. 1930-njy ýylda Beýik Britaniýa Reýn basyp alyş zolagyndan goşunlaryň gyssagly tertipde çykarylmagyny gazandy. 1932-nji ýylda Lozanna maslahatynda britan diplomatiýasy Germaniýanyň reparasiýa tölegleriniň ýatyrylmagyna hemaýat etdi. 1933-nji ýylda SSSR-e garşy Germaniýany, Angliýany, Fransiýany, Italiýany birleşdirmek syýasatyny öňe sürdi. 1935-nji ýylyň 18-nji iýunynda iňlis-german deňiz ylalaşygyna gol çekildi. Oňa laýyklykda Angliýa Germaniýa iňlis harby-deňiz flotynyň 1/3 (suwasty gämiler babatda 1/2) deň bolan deňiz flotuny edinmäge rugsat berdi. Şeýle floty döreden Germaniýa Baltikada hojaýynçylyk edip başlady. Munuň özi Wersal şertnamasynyň şertleriniň Angliýanyň özi tarapyndan bozulmagydy. Newil Çemberlen *«basybalyjyny köşeşdirmek»*[13]

[13] «kiçi kabinet» adyny alan E.Galifaks, S.Hor, J.Saýmon, P.Batler bu meselede N. Çemberleniň iň ýakyn maslahatçylarydy.

syýasatynyň awtorydyr. Onuň ilkinji pidasy Çehoslowakiýa bolupdy. Mýunhenden dolanan Çemberlen tutuş geljekki nesiller üçin parahatçylygy getirendigini aýdyp öwnüpdi. Emma munuň özi ýalňyşlykdy. Çemberleniň bu syýasatyny U.Çercil, A.Iden, D.L.Jorj tankytladylar. Jemgyýetcilik pikiriniň basyşy astynda Çemberlen we Daladýe Germaniýanyň garşysyna bilelikde hereketleri alyp barmak barada gepleşikleri geçirmek üçin Moskwa iňlis wekiliýetini ugratmaga mejbur boldy. Emma 1939-njy ýylyň mart-awgust aýlary aralygynda geçirilen gepleşikler Günbatar döwletleriniň SSSR-e Germaniýanyň garşysyna uruşda ýeke galdyryp, özleri keseden synçy bolmaga meýillidiklerini äşgär görkezdi. 1937-nji ýyldan başlap iňlis hökümeti Germaniýanyň urşa ilki bilen Günbatardan başlajagyny duýup, harby doktrinasyna üýtgetmeleri girizdi. 1938-nji ýyldan başlap ýaraglanyşyga çykdajylar iki esse artdyryldy. 1939-njy ýylyň iýunynda iňlis hökümeti Germaniýa hem gepleşikleri alyp barýardy. 1939-njy ýylyň 15-nji aprelinde Angliýanyň taryhynda ilkinji gezek parahatçylykly döwürde ählumumy harby borçlulyk girizildi. 1939-njy ýylyň martynda Çemberlen Polşa harby kepillendirmeleri berýändigini aýtdy. Emma Germaniýanyň onuň üstüne çozmagy bilen ol boýun alan borçlaryny ýerine ýetirmedi.

Jahan urşunyň başlanmagy bilen Beýik Britaniýanyň ýokary häkimiýet eşelonynda uly üýgteşmeler bolup geçdi. 1940-njy ýylyň 10-njy maýynda N. Çemberleniň hökümeti iş başyndan aýryldy. *U. Çerçiliň* baştutanlygynda gatyşyk hökümet döredildi. Uruş şertlerinde hökümete birnäçe artykmaç ygtyýarlyklar berildi.

**Uinston Leonard Spenser Çerçill** (1874-1965 ýý.). Ejesi amerikan bolan Uinston abraýly iňlis grafy Malboronyň neslindendir. Ilki öýünde, soňra Askot we Herroudaky ýapyk

mekdeplerde bilim alypdyr. Iňlis harby gullukçylaryny taýýarlaýan abraýly okuw jaýyny – Sandherstdäki harby uçilişşäni tamamlaýar we harby gullukçy bolup işe başlaýar. Kubada, Hindistanda, Sudanda, Günorta Afrikada harby žurnalist hem-de hakyky harby gullukda bolýar. 1900-nji ýylda



syýasata baş goşýar. Şol ýyl konserwatiw partiýadan parlamente saýlanýar. 1904-nji ýylda liberal partiýanyň tarapyna geçýär. 1924-nji ýylda ýene konserwatorlaryň hataryna dolanýar. Başga adamlardan tapawutlylykda, ol gije işlemegi gowy görüpdir. Onda žurnalistlik we dilewarlyk ukyby guýçli bolupdyr. Publisistik, taryhy-memuar häsiýetli işleriň ençemesiniň awtorydyr. Ol hatda romanam ýazypdyr. Şonuň uçin 1953-nji ýylda oňa edebiýat boýunça Nobel baýragynyň berilmegini geň görüp oturasy iş ýok. Beýik Britaniýanyň premýer-ministrligine saýlanýança ol deňiz, harby, maliýe ministrleriniň kürsülerini eýeläpdi. 1940-1945, 1951-1955-nji ýyllarda Angliýanyň premýer-ministri boldy. Çerçill basybalyjyny «köşeşdirmek» syýasatyna garşy Beýik Britaniýanyň harby kuwwatyny artdyrmagyň tarapdarydy. Ikinji jahan urşy tamamlanandan soňra bolsa ol «Sowuk uruş» syýasatyny yglan ediji hökmünde taryha girdi.

**Angliýa II jahan urşy ýyllarynda.** Faşistik Germaniýa Fransiýany ýeňenden soňra ähli güýji bilen Beýik Britaniýa garşy howa hüjümine başlady. Ol 1940-njy ýylyň iýulyndan başlap güýze çenli dowam etdi. Howa çozuşyna 2,5 *müň* çemesi german harby uçarlary gatnaşdy. Beýik Britaniýanyň ençeme şäherleri tozduryldy. Emma Beýik Britaniýa Germaniýanyň öňünde dyza çökmedi.

Afrikada uruş hereketleri, esasan, iňlis we italýan goşunlarynyň arasynda alnyp baryldy. Somaliniň bir bölegi we Liwiýa Italiýanyň gol astyndady. Hut şol ýerlerde italýan goşuny urşa taýýarlanyp, 1940-njy ýylyň sentýabrynda Müsüri, Sues kanalynyň sebitini, Sudany we Keniýany eýelemäge synanyşdy. Synanyşyk şowsuz gutardy. Iňlisler italýanlara garşy ýerli halky ulanyp, ýeňiş gazandylar. Afrikada Sues kanaly sebitini basyp almak maksady bilen Germaniýa italýan goşunlaryna kömege geldi. Emma german-italýan bileleşigi Sues kanalynyň sebtini basyp alyp bilmedi.

Germaniýa we onuň ýaranlarynyň SSSR-iň üstüne çozmagy, Ýaponiýanyň, ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň garşysyna urşa başlamagy, Germaniýanyň hem-de Italiýanyň ABŞ-nyň garşysyna uruş yglan etmekleri, faşizme we basybalyjylara garşy göreşýän güýçleriň bir bütewi frontunyň döremegine getirdi. 1941-nji ýylyň 12-nji iýulynda özara hyzmatdaşlyk hakynda sowet-iňlis şertnamasy baglaşyldy. Faşizme garşy göreşýän ýurtlar bolan Beýik Britaniýa, ABŞ we SSSR barha ýakynlaşyp başladylar. 1941-nji ýylyň awgustynda Kanadanyň Atlantika kenarýakasynda F.Ruzwelt we U.Çerçil *Atlantika ylalaşygyny* baglaşdylar. Olar basybalyjylara garşy bilelikde göreşmegi, dünýäde parahatçylygy üpjün etmekde arkalaşmagy, basyp alyşlardan ýüz öwürmegi, basylyp alnan ýurtlaryň özbaşdaklygyny dikeltmek ugrunda bileleşip göreşmegi wadalaşdylar. Atlantika ylalaşygyna soňra Sowet Soýuzy hem goşuldy.

1941-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda faşizme garşy göreşýän üç esasy döwletiň — SSSR-iň, ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň arasynda ilkinji üçtaraplaýyn şertnama baglaşyldy. ABŞ we Beýik Britaniýa SSSR-e azyk we ýarag kömegini bermäge söz berdiler. Söz berlen harby kömegiň ilkinji tapgyry — tanklar we harby uçarlar eýýäm Moskwa söweşine ýetişdi.

Germaniýa Eýrany öz tarapynda urşa goşmaga hyýallanýardy. Eger bu iş başa barmasa, Eýranda döwlet agdarylyşygyny geçirip, soňra Eýranyň ýerlerini öz harby maksatlary üçin ulanmakçydy. Beýik Britaniýa we SSSR Germaniýanyň bu niýetini duýup, şa hökümetinden faşistik howpy ýok etmegi talap etdiler. Eýran Germaniýa bilen ýakynlaşmagyny bes etmänsoň, 1941-nji ýylyň 25-nji awgustynda sowet we iňlis goşunlary Eýrana girizildi. 1942-nji ýylyň ýanwarynda iňlis-sowet-eýran şertnamasy baglaşylyp, SSSR we Beýik Britaniýa Eýrany faşistik howpdan gorap saklamaga söz berdiler. Eýran hem olara öz ýerlerini we harby desgalaryny ulanmaga rugsat berdi. SSSR-iň we Beýik Britaniýanyň Eýrana goşun girizmegi eýran we türkmen halklary üçin hem bähbitli boldy. Çünki Germaniýa Eýranyň üsti bilen SSSR-e çozmagy-da niýet edinýärdi. Şeýle bolanda Türkmenistanyň hem uruş alnyp barylýan ýere öwrülmegi mümkindi.

Beýik Britaniýa 1942-nji ýylda 18-den 50 ýaşa çenli ähli raýatlaryny hasaba alyp, harby önümçiligi berk döwlet gözegçiligine geçirdi. Beýik Britaniýa tanklary we uçarlary öndürmek boýunça Germaniýadan öňe geçdi.

Iňlis goşunlary general *B.L.Montgomeriň* ýolbaşçylygynda Demirgazyk Afrikada 1942-nji ýylyň oktýabrynda italýan-german goşunlaryny derbi-dagyn etdiler. 1943-nji ýylyň 10-njy iýul gijesi Italiýanyň Sisiliýa adasyna iňlis-amerikan goşunlary düşürildi we olar harby herekete başladylar. 1942-nji ýylyň 25-nji iýulynda Italiýanyň koroly Mussolinini hökümet baştutany wezipesinden boşatdy we ony tussag etdi. Täze hökümete marşal *Pýetro Badalýo* ýolbaşçy bellendi. Marşal Badalýo faşistik partiýany dargatdy. Ol uruşdan çykmak barada ABŞ we Beýik Britaniýa bilen gizlin gepleşikler geçirdi.

## Beýik Britaniýa XX asyryň ikinji ýarymynda — XXI asyryň başynda

**Beýik Britaniýada ikinji jahan urşundan soňky ýyllardaky syýasy ýagdaý.** Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň içinde Beýik Britaniýada içerki syýasy ýagdaý durnuklydy. Emma daşary syýasatda şowsuz-lyklar köpdi. Ettliniň hökümeti daşary syýasatynda ABŞ bilen ýakynlaşypdy. Ikinji jahan



urşundan soň dünýäde demokratik hereketleriň ýaýbaňlanýan wagty Britan imperiýasy birnäçe ýerlerini — Hindistany, Seýlony, Palestinany, Iordaniýany elden giderdi.

Ettliniň hökümetiniň ýüzleý özgertmeleri 50-nji ýylyň parlament saýlawlarynda leýboristlere doly ýeňiş getirmedi. Parlamentde konserwatorlaryň wekilleri-de leýboristlerçe ses alypdylar. Şonuň üçin 1951-nji ýylda nobatdan daşary täze parlament saýlawlary geçirildi. Onda konserwatorlar häkimiýete geldiler. 1951-1955-nji ýyllarda U. Çerçiliň baştutanlygynda hökümet düzüldi.

Beýik Britaniýanyň resmi döwlet ýolbaşçysy monarh hasaplanýar. 1936-1952-nji ýyllarda Beýik Britaniýanyň koroly *Georg VI*, soňra onuň gyzy *Ýelizaweta II* bu wezipäni eýelediler.

Ikinji jahan urşundan soň Beýik Britaniýa haýal depgin bilen ösdi. Ýurduň uruşdan soňky ýagdaýyny U.Çerçill: «Ajaýyp ýeňiş we betbagtçylyk» diýip häsiýetlendiripdi. Olaryň birinjisi Germaniýanyň üstünden gazanylan ýeňşe degişlidi. ABŞ-a we öz baknadar döwletlerine bergidar

bolmagy bolsa ýurduň betbagtçylygydy. Ýurduň daşary bergisi 7 esse artypdy. Bakna mülkler bilen gatnaşyklar ýaramazlaşypdy, olarda milli azat edijilik hereketi güýçlenipdi. Üstesine, Beýik Britaniýanyň dünýä syýasatyndaky täsiri peselipdi.

Urşuň yzysüre konserwatorlaryň we leýboristleriň gatyşyk hökümeti dargady. 1945–1951-nji ýyllarda ýurdy leýboristler partiýasy dolandyrdy. *Klement Ettliniň* hökümeti birnäçe sosial özgertmeleri geçirdi. Leýboristler döwlet düzgünleşdirişini güýçlendirmegiň tarapdarydy. Telekeçilere giň mümkinçilikler berildi. Hökümet töleg töläp, metallurgiýa, kömür, gaz senagaty, energetika, ulag we aragatnaşyk ulgamyny millileşdirdi. Millileşdirilen kärhanalardan gelen girdejileri sosial tölegler üçin gönükdirildi. Ýurduň paýtagty gazlaşdyryldy. Mugt medisina hyzmaty girizildi. Zähmet haklary artdyryldy. Durmuş ätiýaçlandyrmasynyň we sosial tölegleriň täze ulgamy girizildi. Leýboristler parlamentde lordlar palatasynyň ygtyýarlygyny çäklendirmegi başardylar. Indi bu palatanyň jemagat palatasynyň kabul eden kanunlaryny yzyna gaýtarmaga haky ýokdy. Ol diňe şol kanunyň güýje girizilmegini bir ýyl yza çekip bilýärdi.

Leýboristik hökümet tapgyrlaýyn özgertmeleriň üsti bilen ýurdy *abadançylykly döwlete* öwürmäge synandy. 50-nji ýyllaryň başynda ykdysadyýetde uruşdan öňki derejä ýetildi. Ykdysady görkezijiler ýokarlanyp başlady. Emma sosial maksatly özgertmelere çykdajylaryň köpelmegi maliýe kynçylyklaryny döretdi. Daşary syýasatda ýurt «sowuk urşuň» işjeň tarapdarlaryny birine öwrüldi. Beýik Britaniýa NATO-ny döretmegiň öňbaşçylarynyň biri bolup çykyş etdi. Geljekki parlament saýlawlary leýboristlere doly ýeňiş getirmedi. Parlamentde konserwatorlaryň wekilleri-de leýboristlerçe orun gazanypdy. Şonuň üçin 1951-nji ýylda nobatdan daşary täze parlament saýlawlary geçirildi. 77 ýaşly U.Çerçil konserwatiw

hökümeti düzdi.

**Konserwatorlaryň häkimiýete gelmegi.** Beýik Britaniýada iki partiýa (leýboristik we konserwatiw) ýurdy dolandyrýar. Ýurt parlament korollygy bolup, korol resmi döwlet ýolbaşçysy hasaplanýardy. Emma iş ýüzünde parlament saýlawlarynda ýeňiş gazanan partiýanyň ýolbaşçysy hökümeti düzüp, ýurdy şol dolandyrýar. Hökümet ýolbaşçysyna premýer-ministr diýilýär. Premýer-ministr parlamente daýanyp, ýurdy edara edýär. 1952-nji ýylda iňlis koroly Georg VI aradan çykdy. Korollyk täjini onuň 26 ýaşly gyzy Ýelizaweta II geýdi.

1951-nji ýylyň parlament saýlawlarynda konserwatorlar ýeňiş gazandylar. Olar 1951–1964-nji ýyllarda ýurdy dolandyrdylar. Bu döwürde konserwatorlar birnäçe gezek premýer-ministri çalyşmaly boldular. 1951–1955-nji ýyllarda U.Çerçill ýurduň premýer-ministri boldy. Konserwatorlaryň hökümeti leýboristleriň geçiren sosial özgertmelerini üýtgetmediler. Ykdysadyýetde welin, tersine olar hususylaşdyrmak syýasatyny ýöretdiler. Döwlet düzgünleşdirişi güýçlendirildi. Diňe bir ulag we käbir beýleki kärhanalary diýmeseň, millileşdirilen pudaklary yzyna – husysyýetçilere satjak hem bolmadylar.

1955-nji ýylda 81 ýaşly U.Çerçill saglyk ýagdaýy sebäpli premýer-ministrlikden boşady. Hökümete onuň oruntutary *Entoni Iden* baştutanlyk etdi. Ol bu wezipäni uzak eýelemedi. 1956-nji ýylda Ideniň hökümeti Fransiýa we Ysraýyl bilen bilelikde Ýakyn Gündogarda urşa başlady. Urşuň maksady Müsüriň millileşdiren Sues kanalyny yzyna almakdy. Emma uruş şowsuz gutardy. Bu şowsuz daşary syýasaty üçin Iden wezipesini tabşyrmaly bolupdy. Idenden soňra 1957–1963-nji ýyllarda *Garold Makmillan,* 1964-nji ýylyň oktýabr aýyna çenli *Duglas-Hýum* hökümete ýolbaşçylyk etdiler.

Beýik Britaniýanyň ykdysady ösüşi Günbataryň öňdebaryjy ýurtlaryndan pesdi. Uruşdan soňra Beýik Britaniýa

ykdysady kuwwaty boýunça GFR-den, Ýaponiýadan, Fransiýadan yza galdy. Beýik Britaniýanyň yza galmagynyň nähili sebäpleri barka? Iňlis ykdysadyýeti nähili «kesel» bilen «keselledikä»? Ine, şu soraglar Beýik Britaniýada çekeleşikli jedellere sebäp boldy.

Beýik Britaniýanyň yza galmagynyň sebäplerini ýurduň geçmiş taryhyndan agtarmalydy. Beýik Britaniýa döwründe öz hususy territoriýasyndan 48 esse uly meýdanly birnäçe ýurtlary bakna öwürip, olaryň bazarlarynda hojaýynlyk etdi. Iňlis harydynyň hili pes bolsa-da, bu ýerlerde oňa bäsdeş ýokdy. Şonuň üçin iňlis senagaty öz önümleriniň hilini kämilleşdirjegem bolmandy. Bakna ýurtlar Beýik Britaniýany çig mal we azyk önümleri bilen-de üpjün edýärdi. Haçan-da bakna halklar özbaşdaklygyny gazananlaryndan soňra, çig mallaryny öňküsi ýaly arzan bermeýärdi. Beýik Britaniýanyň pes hilli senagat önümlerini-de öňki ýaly satyn almaga isleg ýokdy. Ine, şu ýagdaý Beýik Britaniýanyň ykdysadyýetiniň pese gaçmagynyň baş sebäbi bolupdy.

**Ýewropadan çetleşmek syýasaty.** Beýik Britaniýanyň döwlet ýolbaşçylarynyň ýurdy Ýewropadan çetleşdirip, ABŞ bilen ýakynlaşmak syýasaty ýurduň goňşulary bilen gatnaşyklaryna erbet täsir etdi. 1952-nji ýylda Beýik Britaniýa ABŞ-nyň kömegi bilen ýadro ýaragyny edindi. Daşary syýasatda «sowuk urşuň» işjeň agzasy bolmagynda galdy. Haçan-da Ýewropa ýurtlary ýakynlaşyp, 1957-nji ýylda Ýewropa Ykdysady Hyzmatdaşlygyna (ÝYH) birleşen wagty, Beýik Britaniýa oňa hem girmedi. ÝYH-nyň ähmiýetine düşünip, oňa agza bolmaga isleg bildiren wagty bolsa, Fransiýanyň prezidenti Beýik Britaniýanyň ABŞ bilen has ýakyndygy üçin, onuň kabul edilmegine garşy boldy. Diňe 1973-nji ýylda Beýik Britaniýa ÝYH-yň agzalygyna kabul edildi. Şeýlelikde, Ýewropadan çetleşmek syýasaty Beýik Britaniýany yza galdyran sebäpleriň biridir.

**G.Wilsonyň leýboristik hökümeti.** Beýik Britaniýada 1964-nji ýylyň parlament saýlawlarynyň netijesinde leýboristleriň ýolbaşçysy *Garold Wilsonyň* ýolbaşçylygynda



hökümet düzüldi. Bu hökümet mümkin bolan ähli ugurlarda puly we çykdajylary tygşytlamak esasynda ykdysadyýeti ösdürmäge synanyşdy. Wilsonyň hökümeti zähmet haklaryny we bahalary ösdürmezilge çalyşdy.

G.Wilson ýurduň ylmy-tehniki mümkinçiliklerini ykdysadyýeti ösdürmekde giňden ulanmaga synandy. Ylmy önümçilik bilen ýakynlaşdyrmaga synanyşygy üçin onuň hökümetine «tehnokratlaryň hökümeti» diýilýär. 1965-nji ýylda «milli ykdysadyýeti ösdürmegiň bäş ýyllyk meýilnamasy» kabul edildi. Iş taşlaýyşlary gadagan edýän kanunyň taslamasy welin, parlamentde kabul edilmedi.

Wilsonyň hökümeti döwletiň ykdysadyýete gatyşmagyny güýçlendirdi. Emma Beýik Britaniýanyň ykdysadyýetini beýle ýüzleý çäreler bilen ösdürmek başartmady. Leýboristler özleriniň esasy sosial daýanjy bolan kärdeşler arkalaşyklarynyň hukuklaryny çäklendirmäge synandy. Bu bolsa olaryň indiki parlament saýlawlarynda ýeňilmegine getirdi.

**Olster krizisi.** Irlandiýanyň esasy bölegi garaşsyzlyk alsa-da, demirgazyk Irlandiýanyň 6 sany graflygy Beýik Britaniýanyň düzüminde galypdy. Demirgazyk Irlandiýada (Olsterde) iňlis protestantlaryň köplügine seretmezden, ilatyň azlygyny düzýän katolik irlandlar deňhukuklyk ugrunda göreşýärdi. Bu göreş 60-njy ýyllaryň ahyrlaryndan başlap, dini gapma-garşylyk häsiýetine ösüp geçdi. Iňlis hökümeti 1968-nji ýyldaky oňşuksyzlygy hasaba alyp, 1969-njy ýylda Olstere

goşun girizdi. Katolikleriň hem gizlin Irland respublikaçy goşuny bardy. Bu goşun iňlislere garşy ýaragly göreşe başlady. Bu göreşde olary Irlandiýa respublikasy-da gizlin goldady. Irlandiýaly katolikler ýerli iňlis dolandyryjylaryny ýok etmeklige başladylar. Protestant iňlis ilaty bolsa, katolikleri Olsterden güýç bilen kowup çykarmagyň tarapdarydy. Olster krizisiniň raýatara urşuna ösüp geçmek howpy döredi.

Olsterdäki ýagdaýy kadalaşdyrmak üçin iňlis hökümeti Demirgazyk Irlandiýanyň (özbaşdak) dolandyrylyşyny ýok edip, Olsteri gönüden-göni Londona – merkeze tabyn etdi. Emma Demirgazyk Irlandiýa meselesini doly çözmek Beýik Britaniýanyň hökümetine tä XX asyryň ahyryna çenli başartmady.

**Britan Arkalaşygy.** Baknalyk düzgüniniň dünýä möçberinde synýan döwri, Britan imperiýasyny öňküsi ýaly saklamak mümkin däldi. Beýik Britaniýa üçin bakna ýurtlarynda goşun saklamak hem agyr düşýärdi. 1931-nji ýylda *Milletleriň Britan Arkalaşygy* döredi. Oňa Beýik Britaniýanyň öňki bakna ýurtlary girýärdi. Bu gurama 1949-njy ýyldan başlap *Britan Arkalaşygy*[14] adyny aldy. Iňlis hökümeti öň Britan imperiýasyna bakna bolan, soňra garaşsyzlygyny gazanan ýurtlaryň ählisini diýen ýaly, Beýik Britaniýanyň ýolbaşçylygynda döredilen Britan arkalaşygynyň düzüminde saklamagy başardy. Britan arkalaşygyna girýän, iş ýüzünde garaşsyz bolan Kanada, Täze Zelandiýa, Awstraliýa, Hindistan ýaly döwletler iňlis korolyny resmi döwlet ýolbaşçysy hökmünde ykrar edýärler. Britan Arkalaşygynyň käbir agzalary (Gana, Keniýa, Şri-Lanka) iňlis korolyny özüniň döwlet ýolbaşçysy diýip ykrar etmeýärler. Şeýlelikde, imperiýadan Britan arkalaşygyna geçildi. Bu bolsa, ol ýurtlarda belli bir

[14] Bu gurama 1949-njy ýyldan başlap *Britan Arkalaşygy* adyny aldy. Britan Arkalaşygyna 50-ä golaý döwlet girýär. Dünýäniň ilatynyň dörtden biri şol döwletlerde ýaşaýar.

derejede iňlis täsirini saklamaga mümkinçilik berdi. Britan Arkalaşygyna 50-ä golaý döwlet girýär. Dünýäniň ilatynyň dörtden biri şol döwletlerde ýaşaýar.

Häzirki wagtda Beýik Britaniýanyň düzüminde umumy ilaty 190 müň adam bolan 15 sany deňiz aňyrsyndaky çäkler bar. Olara Ýewropada Gibraltar, Günorta we Merkezi Amerikadaky Angilýa (Walli), Bermud adalary (Gamilton), Wirgin adalarynyň bir bölegi, Kaýman (Jorjtaun), Monserrat (Plimut), Týorks, Kaýkos (Kukburntaun), Folklend adalary (Port-Stenli), Afrikada mukaddes Ýelena adasy, Ýuwaş okeanynda Pitkern adasy, Antarktidaky käbir çäkler girýär.

**70-nji ýyllarda Beýik Britaniýanyň içerki syýasaty.** 1970–1974-nji ýyllarda konserwatorlar häkimiýetde boldular. E. Hitiň hökümetiniň dolandyran döwri dünýä ykdysady kynçylygy ýyllaryna gabat gelipdi. Oňa her edip, hesip edip ykdysady ösüşi gazanmak tagallasy başa barmady. E.Hitiň hökümeti kärdeşler arkalaşyklarynyň hukugyny çäklendirmäge synandy. Bu bolsa 1973-nji ýylyň ählumumy iş taşlaýşyna getirdi. Nobatdan daşary saýlawlarda leýboristler ýeňiş gazandy. G.Wilsonyň we J.Kallageniň hökümetleri «sosial şertnama» syýasatyny ýöretdiler. Oňa laýyklykda kärdeşler arkalaşyklarynyň Britan kongresi we hökümet öz arasynda ylalaşyk gazandylar. Ylalaşyga görä aýlyk haky ýylda 5%-den köp bolmadyk möçberde artdyrylmalydy. Hökümet bolsa bahalaryň galmagynyň öňüni almalydy we işçileriň bähbidine özgertmeleri geçirmelidi. Emma 70-nji ýyllarda önümçilik pese gaçdy. Puluň hümmeti peseldi. Leýboristik hökümet ykdysady we sosial pudaklarda uly üstünlikleri gazanmagy başarmady. Ykdysady krizisden çykmagyň «Dogry çemeleşiş» atly maksatnamasyny işläp düzen konserwatorlar partiýasy 1979-njy ýylyň saýlawlarynda ýeňiş gazandy. Olaryň öňbaşçysy Margaret Tetçerdi.

**Margaret Tetçeriň ykdysady syýasaty.** Beýik Britaniýa

Margaret Tetçeriň konserwatiw hökümetiniň dolandyran döwründe (1979–1990) ösüşiň täze tapgyryna gadam basdy.

**Margaret Hilda Tetçer** /gyz familiýasy Roberts/ (1925ý. doglan) Beýik Britaniýanyň demirgazygyndaky kiçiräk Grantem şäherinde dogulýar. Kakasy dükanyň eýesi bolupdyr.



Margaret çagalykdan zähmet çekmegi gowy görüpdir. Uruş ýyllarynda şäher häkimi (meri) bolan kakasy onda syýasata bolan gyzyklanmany oýarypdyr. Mekdebi oňat tamamlan Margaret Oksford uniwersitetine giripdir. Himiýa ugrundan ýokary bilim alypdyr. Syýasata bolan höwesi ony konserwatorlaryň hataryna alyp gelipdir. Ol 1959-njy ýylda parlamente saýlanýar. Margaret biznesmen Denis Tetçere durmuşa çykypdyr. 1975-nji ýylda konserwatorlar partiýasynyň öňbaşçylygyna saýlanýar. Oppozisiýada mahaly öz partiýasyny hasam jebisleşdirip, 1979-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňiş gazanmagy başardy. Ol ýurduň taryhynda ilkinji gezek premýer-ministr bolan we bu wezipäni 11 ýyllap elinde saklan aýaldyr. Gepleşiklerde öz diýenini gögertmegi başarýan bu aýala «demir aýal»[15] hem diýipdirler. Onuň syýasy garaýşyna Haýekiň «Gulçulyga tarap ýol» diýen kitaby örän uly täsir edipdir. Tetçer özüni Britaniýany sosializmden halas etmek üçin saýlanan diýip hasaplapdyr. Hökümete gelen mahalynda M.Tetçer özüniň nähili maksadynyň bardygyny şeýle beýan

[15] Sözme-söz «demir aýal» manyny berse-de türkmenlerde berk bedenli we tutumly adamlara polat ýaly diýilýändigini, hökümdar zenanlaryň hatyn diýlip derejelenendiklerini hasaba alyp «Polat hatyn» görnüşinde alyndy.

edipdir: «Men häkimiýete bir anyk hem kesgitli maksat – Beýik Britaniýany özgertmek bilen geldim. Özüni başga biriniň hossarlygyna alnan ýaly duýýan jemgyýeti özbaşdak, näbelli bir zada garaşýan ýurdy işjeň hereket edýän adamlaryň ýurduna öwürmeli. Biziň hökümetimiziň maksady – ykdysadyýete kömek etmekden has ulurak. Biziň maksadymyz – milletiň ahlak ruhuny hem jebisligini täzelemek».

Häkimiýete gelen konserwatorlar krizisden çykmagyň ýoluny gözlediler. Hökümet «täze konserwatorçylyk» meýilnamasyny işläp düzdi. Ol «Tetçerçilik» adyny aldy. Meýilnama ozaly bilen dolanyşykdaky pullary azaltmaga, çykdajylary kemeltmäge gönükdürilendi. Krizisden çykmak üçin puluň hümmetiniň pese gaçmagynyň öňüni almalydy. Dolanyşykdaky pullar çäklendirildi. Çykdajylar azaldyldy. Hatda sosial hajatlara goýberilýän pullar hem kemeldildi. Bank göterimleri kemeldildi. Hökümetiň 80-nji ýyllarda geçiren çäreleriniň netijesinde puluň hümmeti birneme ýokarlandy. Emma işsizlik welin, 3 mln adama çenli artdy. Konserwatorlar öňki hökümetiň «iş bilen ählumumy üpjünçilik», «abadan ýaşaýyşly döwlet» ýörelgesinden sowuldy. Döwlet nyrhlara we aýlyk haklaryna gözegçilik etmekden el çekdi. Pul süýşürintgilerine we maýa goýumlaryna salgyt kemeldildi. Netijede, Beýik Britaniýa önümçilikde uly böküş gazanmagy başardy. Zähmet öndürijiligi boýunça bolsa ol Ýewropanyň ösen döwletlerinden öňe geçdi. Ol bu babatda diňe Ýaponiýadan yza galýardy.

Konserwatorlar döwlet düzgünleşdirişini çäklendirdiler. Tetçer hususyýetçiligi giňeltmegiň tarapdarydy. Döwlet pudagynyň bir bölegi hususylaşdyryldy. Döwlet öz elindäki özüni ödemeýän kärhanalary hususyýetçilere satdy. Ondan gelen 28 mlrd. funt sterling girdeji döwletiň býujetine girdi.

Uly ýaşly ilatyň 25%-i paýdarlara öwrüldi. 80-nji ýyllarda 1,1mln. maşgala ýeňillikli şertlerde ýaşaýyş jaýyny satyn aldy. 1990-njy ýyla çenli maşgalalaryň 65%-iniň hususy öýi bardy. Britan jemgyýetini «üçden ikisi orta gatlakly jemgyýet» atlandyryp boljakdy. Emma ilatyň üçden biri entek döwlet goldawyna mätäçdi.

Tetçeriň hökümeti kärdeşler arkalaşyklary bilen känbir oňuşmady. Iş taşlaýyşlar basylyp ýatyryldy. Muňa garamazdan, hökümet işçileriň talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirdi. Hususy pudak giňden ösdi. Bazar gatnaşyklary kämilleşdi. Maýa goýum syýasaty güýçlendi. 80-nji ýyllarda ýurtda 2,5 mln iş ýeri döredildi. «Güýçlini gowşadyp, ejizi güýçli edip, baýlary ýok edip, garyplara kömek edip bolmaz. Haçan-da olaryň özüniň başarýan işini olar üçin edip berip, adamlara elmydama kömek edip bolmaz» – amerikan prezidenti A.Linkolnyň ýokarky sözleri M.Tetçeriň sosial syýasatda esasy ugur alyş nokady bolupdyr. Tetçer elmydama döwletiň kömegine bil baglaýan ähli adama däl-de, öz durmuşyny gowulandyrmaga çalyşýan anyk adama sosial goldaw bermegiň tarapdary bolupdyr.

**Beýik Britaniýa asyryň ahyrynda.** 1990-njy ýylda Beýik Britaniýanyň premýer-ministri Tetçer wezipesinden aýryldy. Ökde syýasatçy Tetçer partiýa ýolbaşçylyk etmegini hem bes etdi. Onuň ornuna *Jon Meýjor* geçdi (1990–1997). Ol hem konserwatorlar partiýasyndandy. Ol hususylaşdyrmak syýsatyna üns berdi.



Bu konserwatorlaryň yzygider üçünji gezek

häkimiýete gelşidi. Olar soňky gezek Beýik Britaniýany 18 ýyllap dolandyrdylar. Tetçerden soňra konserwatorlar partiýasynyň meşhurlygy pese gaçyp başlady. Şonuň üçin 1997-nji ýylyň maý aýyndaky saýlawlarda konserwatorlar partiýasy ýeňildi. Häkimiýete leýboristler partiýasy geldi. Onuň ýolbaşçysy *Entoni Bleýeriň* ýolbaşçylygynda hökümet düzüldi.

**Entoni Bleýer.** E.Bleýer 1994-nji ýyldan başlap leýboristler partiýasynyň öňbaşçysydy.

**Entoni Bleýer** (1953 ý. doglan). Edinburgda (Şotlandiýa) abraýly mekdep-internatlarynyň birini tamamlady. Oksford uniwersitetini tamamlap, hukukçy hünärini aldy. Paýtagta göçüp gelip, ýuridiki firmada işledi. 1982-nji ýylda leýboristler partiýasynyň adyndan özüni parlamente dalaşgär görkezdi. Ilkinji gezek şowsuzlyga uçrady. Emma 1983-nji ýylda deputatlyga saýlandy. E. Bleýer partiýa durmuşynda kärdeşler arkalaşyklarynyň täsirini çäklendirmegiň tarapdarydy. Ol kärdeşler arkalaşyklary bilen işewür adamlaryň arasyndaky ylalaşygyň tarapdarydy. 1994-nji ýylda partiýanyň öňbaşçysy saýlanýar. 1995-nji ýylda onuň teklibi bilen leýboristler partiýasy «täze leýborizm» we «üçünji ýol» syýasatyny saýlap alýar. 1997-nji ýylyň saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, ýurduň premýer-ministri bolýar. Bu wezipede 10 ýyl işledi.

E.Bleýer partiýasynyň sosial ugurly maksatnamasyna gaýtadan seretmäge wagt ýetendigine göz ýetirdi. E.Bleýer partiýanyň hataryna intelligensiýanyň wekilleriniň hem giňden çekilmegi üçin göreşdi. 1995-nji ýylda partiýanyň düzgünnamasyndan «önümçilik serişdelerine jemgyýetçilik eýeçiligi hakdaky» 4-nji bendi aýryldy. Partiýa öň işçiler partiýasydy. Indi ol özüni demokratik we sosialistik partiýa diýip jar etdi. Saýlawlaryň öň ýanyndaky bäsleşikde ol salgytlary ýokarlandyrman, ilatyň sosial taýdan goragyny gowulandyrjakdygyny aýtdy. Leýboristler millileşdirmek

syýasatyndan el çekdiler. Bu olara parlament saýlawlarynda ýeňiş getirdi.

E.Bleýer öz syýasy meýilnamasyny «täze leýborizm», ýa-da «üçünji ýol» diýip atlandyrdy. Eýsem, iki asyryň sepgidinde britan jemgyýetini kämilleşdirmegiň bu «üçünji ýolunyň» özeni näme? Onuň leýboristleriň öňki maksatnamasyndan tapawudy näme? Leýboristler syýasy bäsdeşleri konserwatorlaryň tejribesinden nämeleri öwrendiler, nämeleri inkär etdiler? E.Bleýer syýasy maksatnamasyny özüniň «Üçünji ýol»: täze müňýyllyk üçin täze syýasat» atly kitabynda esaslandyrdy. «Üçünji ýol», ozaly bilen, tetçerçiligiň berk galyba salnan käbir çärelerini inkär edýär. Ýöne ol onuň hususyýetçiligi goldamak tejribesini welin, kabul edip alýar. Ol ykdysadyýeti sosializm ruhunda döwlete tabyn etmek babatdaky leýboristleriň öňki ýörelgesinden hem el çekýärdi. Täze gatyşyk ykdysadyýeti döretmek teklip edilýärdi. Döwlet hususy eýeçiligiň ösmegine ýakyndan goldaw bermelidi. Döwlet raýatlaryň baş sosial goragçysy bolmalydy. Halk täze maksatnamany goldady. Bu maksatnama leýboristlere 2001, 2005-nji ýyllaryň saýlawlarynda hem ýeňiş getirdi. 1995-nji ýylda Beýik Britaniýa senagat önüminiň möçberi boýunça ABŞ-dan, Ýaponiýadan, Germaniýadan, Fransiýadan soň 5-nji orna geçdi.

1998-nji ýylda konstitusion özgertme geçirildi. Mirasdar lordlaryň hukuklary çäklendirildi. «Ömürlik» lordlar bolsa premýer-ministriň teklip etmegi boýunça korol tarapyndan bellenilýär.

1998-nji ýylda Olsterdäki krizis birneme gowşadyldy. Bu ýerde saýlawly öz-özüňi dolandyryş guramalary döredildi. 60–80-nji ýyllarda Şotlandiýa we Uels hem milli we medeni özbaşdaklyk ugrunda göreşdi. 1999-njy ýylda Şotlandiýada we Uelsde ýerli saýlawly guramalara saýlawlar geçirildi.

**XXI asyrda Beýik Britaniýanyň syýasy-ykdysady ösüşi.** E.Bleýeriň hökümeti hususylaşdyrmagy giňden goldady.

2000-nji ýylda poçta ulgamy hususylaşdyryldy. Angliýanyň bankynyň üstünden hökümet gözegçiligi aýryldy. Sosial syýasatda uly öňegidişlikler gazanyldy. Bu babatda Beýik Britaniýa dünýäde iň öňdebaryjy ýurda öwrüldi. Zähmete bir sagatda tölenýän iş hakynyň iň az möçberi bellenildi. Ol Günbataryň ähli ösen döwletlerindäki iň az güzeran hakyndan hem iki esse ýokarydyr. Bu ýurtda işlemek indi diňe bähbide däl, eýsem abraýa öwrüldi. Beýik Britaniýada awtoulaglaryň abatlanmagy üçin töleg, dynç alyş we syýahatlar üçin tölegler hem iň az güzeran hakynyň içine girýär. 2005-nji ýylda iň az iş hakynyň möçberi 5 funt sterlinge ýetdi. Bu ýurtda işlemek indi diňe bähbide däl, eýsem abraýa hem öwrüldi. Işsizlik azaldy. 2005-nji ýylda soňky 30 ýylyň dowamynda bu görkeziji iň az möçbere geldi. Netijede, işsizler üçin tölenýän kömek pullary tygşytlanyldy. Ondan toplanan 5 mlrd funt sterling saglygy goraýşy ösdürmäge gönükdirildi. Bilim ulgamy kämilleşdirildi. Beýik Britaniýa dünýä ylmynyň ösmegine saldamly goşant goşýan ýurtdyr. Ýurduň alymlary ABŞ-dan soň Nobel baýraklaryna iň köp mynasyp bolanlardyr (şu döwre çenli 70 sanysy). Ilatyň ýaş dowamlylygy ýokarlandy. Ol 2005-nji ýylda 80 ýaşa ýetdi.

Beýik Britaniýa dünýä ilatynyň bary-ýogy 1%-indenem az ilatyny tutýandygyna garamazdan, ösen döwletleriň bäşliginiň hataryna girýär. Onuň ýyllyk ösüşi ortaça 3% bolup, jemi dünýä önüminiň 3%-ni öndürýär. Angliýada jemi milli önümiň ilatyň jan başyna düşüşi barha ýokarlanyp, işsizlik we puluň hümmetsizlenmegi barha pes derejededir. Beýik Britaniýada dünýäniň möhüm haryt we gymmatbaha kagyzlar biržalary — Londonyň gazna biržasy, Londonyň metal biržasy, Halkara nebit biržasy, deňiz gämilerini satýan Baltika biržasy bar. ABŞ, Ýaponiýa, Germaniýa, Fransiýa, Kanada, Niderlandiýa, Şweýsariýa, Şwesiýa, Taýwan, Daniýa Beýik Britaniýanyň ykdysadyýetine maýa goýýan ýurtlardyr.

E. Bleýer Angliýada 3 gezek yzly-yzyna premýer ministr saýlanan ýeke-täk syýasatçydyr. Emma ol üçünji möhleti tamamlanmanka 2007-nji ýylyň 27-iýunynda iş başyndan meýletin aýryldy we Ýakyn Gündogarda parahatçylyk meseleleri bilen meşgullanýan halkara derejeli diplomatyň wezipesine girişdi. Ol Leýboristik partiýanyň öňbaşçysy we saýlawlara çenli ýurduň premýer-ministri, 10 ýyl maliýe ministri wezipelerinde işlän egindeşi *Gordon Brauny* teklip etdi.

**Jeýms Gordon Braun** — 1951-nji ýylda Glazgoda dogulýar. Edinburg uniwersitetini tamamlaýar. 1972-1975-nji



ýyllarda şol uniwersitetiň rektory. 1976-1980-nji ýyllarda Edinburg we Kaledoniýa uniwersitetlerinde, 1980-1983-nji ýyllarda Glazgonyň tehnologiki kolležinde syýasaty öwrenişden leksiýa okaýar. Şotlandiýanyň telewideniýesinde halkara gatnaşyklary bölüminiň redaktory wezipesinde hem işleýär. 1983-nji ýyldan başlap iňlis parlamentiniň agzasy. 1997-nji ýylyň maýynda maliýe ministri wezipesine bellenýär. Taryh ylymlarynyň doktory diýen alymlyk derejesi bar.

Gordon Braun 2010-njy ýylyň maý aýyndaky parlament saýlawlaryna çenli ýurduň premýer-ministri boldy. 13 ýyl dowam eden leýboristleriň zamanasy tamamlandy.

Konserwatorlar partiýasynyň 43 ýaşly lideri *Dewid Kemeron* liberal-demokratik partiýa bilen ylalaşyp gatyşyk hökümeti düzdi.




**Dewid Uilýam Donald Kemeron** — 1966-nji ýylda Londonda dogulýar. Iton kolležini we Oksford uniwersitetini tamamlaýar. Uniwersiteti tamamlansoň

konserwatorlar partiýasynyň barlag merkezinde işläp başlaýar. 1993-nji ýylda içeri işler ministrliginde ýörite maslahatçy bolýar. 1994-2001-nji ýyllar aralygynda Carlton Communications telekompaniýasynyň korporatiw gatnaşyklar boýunça direktory bolýar. 2005-nji ýylda bäri konserwatorlar partiýasynyň öňbaşçysy.

Dewid Kemeron 1812-nji ýyldan bäri britan taryhynda iň ýaş hökümet baştutany boldy. Saýlawlar ikinji jahan urşundan soň ýurduň taryhynda känbir görnetin öňe çykmagy başarmadyk liberal-demokratik partiýanyň syýasy sahnada işjeňleşendigini görkezdi. Olaryň lideri *Nik Klegg* partiýalaryň arasyndaky agzalalygy gyrada goýup, ýurduň umumy ösüşi we bähbitleri üçin konserwatorlar bilen bilelikde işleşmäge razylaşdy.

**Beýik Britaniýanyň daşary syýasaty.** Harby-syýasy babatda Beýik Britaniýa ABŞ-nyň iň ygtybarly hyzmatdaşy hasaplanýar. Ol özüniň ýadro ýaragyna (ýadro raketaly suwasty atom gämileri) eýe. Angliýa NATO-nyň giňeldilmeginiň we täsiriniň artmagynyň tarapdarydyr.

1982-nji ýylda Argentina Beýik Britaniýa degişli Folklend (Malwin) adalaryny basyp almaga synanyşdy. Bu ýagdaý 25 günlük iňlis–argentin urşuna getirdi. Ýeňiji bolan Beýik Britaniýa bu adalary öz eýeçiliginde saklamagy başardy.

Beýik Britaniýa ABŞ-nyň Britaniýa Owganystanda, Yrakda, Ýugoslawiýada geçiren harby hereketlerine gatnaşdy. Beýik Britaniýa 1992-nji ýylda Maastrihtde Ýewropa bileleşigini döretmek barada resminamalaryň taýýarlanmagyna işjeň gatnaşdy. Bu onuň Ýewropadan çetleşmekden onuň bilen hyzmatdaşlyk etmäge geçendigini aňladýar. 2005-nji ýylyň tomsunda Londonda partlama boldy. Halkara terrorçylygyna garşy göreş Beýik Britaniýanyň syýasatynyň aýrylmaz bşlegine öwrüldi.

**Iňlis–türkmen gatnaşyklary.** Beýik Britaniýa Merkezi

Aziýa sebitindäki täze garaşsyz döwletler bilen hyzmatdaşlyk alyp barýar. Türkmenistan hem onuň bu sebitdäki hyzmatdaşlarynyň biridir. Iki döwletiň arasynda söwda, ykdysady, bilim, aragatnaşyk ugurlarynda hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Aşgabatdan Londona we Birmingeme howa gatnawy ýola goýuldy. Londonda Türkmenistanyň, Aşgabatda Beýik Britaniýanyň ilçihanasy hereket edýär. Türkmen ýaşlary Angliýanyň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýarlar. Iňlis alymlary Türkmenistanda geçirilýän halkara ylmy maslahatlara işjeň gatnaşýarlar.

Ýangyç-energetika toplumy türkmen-iňlis hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugry hasaplanýar. 2008-nji ýylda Angliýanyň meşhur «Gaffney, Cline & Associates» kompaniýasy Türkmenistanyň gaz ýataklarynyň garaşsyz auditini geçirdi. «British Petroleoum», «Shell» iňlis kompaniýalary Türkmenistanyň ýangyç-energetika pudagyndaky işjeň hyzmatdaşlarydyr. 2009-njy ýylyň fewralynda Aşgabatda türkmen-britan energetika biznes-forumy geçirildi.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly

Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
11. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat. 2009.
15. Ata arzuwyny amala asyrýan agtyk. – Aşgabat. 2009.
16. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk

geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstasyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara

gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
28. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden Çykyşy (2008-nji ýylyň 16-njy sentýabry). – Aşgabat, 2008.
29. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ýygyndysy. - Aşgabat, 2005.
30. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
31. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy. Halka daýanyp, halkyň hatyrasyna». // Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
32. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.
33. История средних веков: в 2-х томах. – М., 1997.
34. История средних веков: в 2-х томах – М., 1991.
35. Черняк Е. Секретная дипломатия Великобритании. – М., 2001 - Http:// www. lib.aldebaran.ru

36. Всемирная история. Т.5. - М.,1958-1959.
37. Трухановский В.Г. Внешняя политика Англии на первом этапе обшего кризиса капитализма (1918-1939 гг). М. 1962.
38. Виноградов П. Г, исследования по социальной истории Англии в среднее века. Спб. 1887.
39. Новейшая история 1918-1939 гг. М. 1974
40. Кредер А.А. Новейшая история XX века. М. 1995. I-II част.
41. Кредер А.А. История XX века. М. 1997.
42. *Бондаревский Г.Л.* Английская политика и международные отношения в бассейне Персидского залива (конец XIX — начало XX в.). — М., 1968.
43. *Трухановский В.Г.* Внешняя политика Англии на первом этапе общего кризиса капитализма (1918-1939). - М., 1962.
44. *Блосфельд Е.Г.* Английский левый лейборизм, 1918—1945. — Саратов, 1990.
45. *Керженцев П.М.* Англия и англичане: Очерки современной Англии. — Пг., 1918.
46. *Трухановский В.Г.* Новейшая история Англии. — М., 1958.
47. *Чикваидзе А.Д.* Английский кабинет накануне второй мировой войны. — Тбилиси, 1976.
48. *Виноградов К.Б.* Дэвид Ллойд Джордж. — М., 1979.
49. *Ерофеев Н. А*. Английский колониализм в середине XIX в. М.. 1977.
50. *Ерофеев Н. А.* Империя создавалась так... Английский колониализм в XVIII в. –М., 1964.
51. *Серова О.В.* От Тройственного союза к Антанте. Итальянская внешняя политика и дипломатия в конце XIX — начале XX в. — М., 1983.

52. *Никитина И.А.* Захват бурских республик Англией. 1889—1902. — М., 1970.
53. *Игнатьев А.В.* Русско-английские отношения накануне первой мировой войны (1908-1914). - М., 1962.
54. *Керженцев П.М.* Англия и англичане: Очерки современной Англии. — Пг., 1918.
55. *Гродецкая И.Е.* Великобритания: избиратели, выборы, партии. 1945-1970. –М., 1970.
56. *Бирюков И.Д.* Ольстер: Кризис британской имперской политики. 1968—1984 гг. - М., 1985.
57. *Лебедев А.А.* Очерки британской внешней политики (60-80-е гг.). М., 1988.
58. *Пономарев М.В.*, Смирнова С.Ю. Великобритания: государство, политика, право. М., 2001.
59. *Пью М*. История Великобритании. 1789-2000. М., 2001.
60. *Кеннеди П.* Вступая в XXI век. М., 1997.
61. *Поздеева Л. В.* Англо-американские отношения в годы Второй мировой войны. 1939 -1941.:–М., 1964.
62. *Яковлев Н. Н.* США и Англия во Второй мировой войне. –М., 1961.
63. *Черчилль У.* Вторая мировая война. — М., 1991. — Т. 1—3.
64. *Трухановский В.Г.* Внешняя политика Англии в период второй мировой войны (1939-1945). - М., 1965.
65. *Херасков И.* Англия до и во время войны. — Пг., 1923.
66. Союзники в войне. 1941-1945 / Отв. ред. А. О. Чубарьян, У. Ф. Кимоолл, Д. Рейнольдс. –М., 1995.
67. *Ржешевский О. А.* Сталин и Черчилль: Встречи. Беседы. Дискуссии. Документы, комментарии. 1941 – 1945 / О. А. Ржешевский. –М., 2004.

Mazmuny:

Giriş..........................................................................................7-11
I.Angliýa IX – XI asyrlarda…………………………………11-21
II. Angliýa XI-XVaa..........................................................21-38
III. Angliýa XVI-XVII asyryň I-nji ýarymynda.................38-48
IV. Angliýa XVI-XVII asyrlaryň sepgitlerinde..................48-51
V. Angliýa XVII asyryň ortalarynda..................................51-71
VI. Angliýa 1789-1815-nji ýyllarda...................................71-76
VII. Angliýa XIX asyryň birinji ýarymynda......................76-83
VIII. Angliýa XX asyryň birinji ýarymynda.....................83-106
IX. Angliýa XX asyryň ikinji ýarymynda.......................106-121